# ETREGYÑ

# GAÝRASY

*ýa-da*

*Bosgunlyk ýyllaryñ ýatlamalary*




*ARNE GOLI*

*(Akmyrat Gürgenli)*

*Bahar ýürekli Ejew Şefieiniñ ýagty hatyrasyna!*



(1956-2008)

*IÇINDÄKILER*

Giriş -------------------------------------------------------------------------- -----------
Uzakdan görnen prožektor------------------------------------------------ -----------
Tuda partyýasy döremegi we bosa-bosluklar ------------------------- -----------
Ýüsüp daýynyñ öýi ------------------------------------------- ----------- -----------
Bir Türkmenistanly bilen ilkinji duşuşyk------------------ ----------- -----------
Yslamy hökümet we bosa-boslyk --------------------------- ----------- -----------
Öñki dostlaryñ gözleginde----------------------------------- ----------- -----------
Etrege tarap... ------------------------------------------------ ----------- -----------
Ajaýyp myhman ----------------------------------------------- ----------- -----------
Hoşgal gözel Sähram ----------------------------------------- ----------- -----------
Yşyga tarap ---------------------------------------------------- ----------- -----------
Keýmir diýen kapasa ----------------------------------------- ----------- -----------
Hasrat bitdimi ýa-da başlandymy--------------------------- ----------- -----------
Seýdiniñ mekany Çärjew ------------------------------------ ----------- -----------
Kommunalik diýen zyndan---------------------------------- ----------- -----------
Watandaşsyz watandaşlar ---------------------------------- ----------- -----------
Täze durmuşa ugurdaş--------------------------------------- ----------- -----------
Fewralyñ aýlyganç jenaýaty -------------------------------- ----------- -----------
İdeoložji ýa-da Wideoloži------------------------------------ ----------- -----------
Aşgabada ýolagçylyk ----------------------------------------- ----------- -----------
Aşgabatda yzarlanşym --------------------------------------- ----------- -----------
Ýapyk zona syahat -------------------------------------------- ----------- -----------
Türkmensährali bilen duşuşyk------------------------------- ----------- -----------
Berlin maslahaty ---------------------------------------------- ----------- -----------
Käbir oñaýsyz pursatlar ------------------------------------- ----------- -----------
Türkmenistandan depertatsiýa edilşim we Swede ýolçylyk -------- -----------

# GIRIŞ

Bölnen Türkmen topragynyñ *Gürgen* ýaýlasynda, Hazar deñizine akýan Gürgen akary boýunda ýerleşen *Uly aryk* obasynda ortahal maşgalada dünýä inipdirin. Şonda 1956-njy ýylyñ 19-njy Awgusty bolmaly. Dädem, *Omçaly Güli*, Kümmetgowuzda mugallymçylyk terbiýeleýän mekdebi «Daneşseraý äşaýeri دانشسرای عشایری» tamamlap, 1950-nji ýyllarda mugallym bolup, obamyzdaky mekdepde işe başlapdyr. Biziñ maşgala agzamyz aglaba türkmenleriñki ýaly uly bolup, bäş erkek bilen üç gyz dogandan ybrat, ulusy-da men. Häzir olaryñ hemmesi obamyzda ýaşaýar. Ýöne bosgunlyk şarpygy, atamyñ soñky diýdaryny görmäge zar etdi, ol bende, men Swedene baran ýylymdan biraz soñra 1991-nji ýylyñ Awgustynda amanadyny tabşyrdy.

Tanyşlykdan soñra, bu işimze dolanyp gelsek.

Ilki Türkmenistana ondan soñra Ýewropanyñ dürli döwletlerine edilen mejbury bosa-boslyklaryñ sebäplerini, şonda gören-eşiden zatlarymy, başdan geçiren ajy hem süýji wakalarymy okyjylarym bilen paýlaşasym geldi. Bu, elbetde diñe bir gurak ýatlama bolaman, eýsem orta atylan her bir konsepsiýany, pikri delilleşdirmäge hem düşündirilmäge synanşylýar. Eserde diñe öz başymdan geçen ýagdaýlar hakynda däl-de eýsem şeýle günleri gören dost-ýarymyzyñ ýatlamalaryny-da getirdim. Bu dogruda başda açyk göwünleri bilen hyzmatdaşlyk eden adamlara minnetdarlygymy bildirýärin.

Eserde I.Türkmenistandan, G.Türkmenistana bosa-boslyk eden iki nesilden söhbet edilýär. Ilkinji topar, 2-nji jahan urşundan soñra 1947-nji ýyllarda ”Tude partyýasyna حزب توده” agza türkmen intellegentleriniñ Türkmenistana sygynşy, 2-njisi bolsa 1979-nji ýylda Eýranda yslam ynkylaby bolandan soñraky wakalarda hökümet tarapyndan yzarlanyp, Türkmenistana we Ýewropa sygnanlar.

Eser göwniñizden turar diýp arzu edýäris.

*A.Gürgenli*

*Prag. Çek jemhuriýeti*

*Ýanwar 2005*

## Uzakdan görünýän prožektor
## ýa-da
## Türkmenistana gyzyklanyp başlan çaglarym

*«Gaýra, gaýrada galdy,*
*Oklar ýarada galdy,*
*Biziñ bilen deñ-duşlar,*
*Şol gaýrada galdy.»* *Läleden*

Çagalyk ýyllarynda gijelerine goñşymyz, has dogrusy, ýegenlerimiz *Nurçy*laryñ iki mertrbeli jaýlarynyñ palynda/eýwanynda otrup, ondan-mundan gürrüñ ederdik, şonda uzak gaýraýüzden her ýarym sagatda bir gezek ýanyp-sönýän, gök ýüzüni ýagtyladýan prožektore ýadaman seredýärdik. Ýarym aý görnüşinde aýlanyp ýanýan bu çyranyñ Orsýet serhet garagullarynyñdygyny ulularymyz aýdyp bererdiler. Men araçägiñ añyrsynda ýaşaýanlar barasynda oýlanýardym, ”olar nähili adamlarka, nädip ýaşaýarkarlar?” diýp, özüme sorag berýärdim.

Obamyzda Düýejilerden *Körpe* daýy diýen gojanyñ dukany bardy, adamlar agşamlaryna onuñ dukanyna ýygnanşyp, gürrüñ edýärdiler, başlaryndan geçen hakynda süýji ýatlamalary agzap, gündelik durmuşlaryndan söhbet edýärdiler. Bizem olaryñ manysyna düşünmezden, elimizdäki bir moş çigidi çigitläp gürrüñi diñleýärdik, käte bolsa pazlap, käbirimiz uwklap galýardyk, birdenem birsiniñ: «Näme bolup otyrsyñ, tur, öýñize git-de ýat» diýen sesine oýnayp, gözümizi owkalap, öýe gaýdardyk. Şonda Körpe daýy, birinjimi ýa-da ikinji kalasda okap ýörkä, araçäkden aşyp, Gaýrak (Türkmenistana) geçendigini gürrüñ berýärdi. Gyşyñ sowuk howasynda, aýaklary ýalañaç, serhet simlerini böwsüp, añryk geçendigini, ýolda hem eýran hem-de rus serhetçilerden bukulyp, simlerden geçendigini gürrüñ bererdi. Elbetde Körpe daýy näme

diýp, o ýüze geçendiginiň sebäbini aýtmazdy, aýdanam bolsa men o wagty düşünmändirin, ýöne 1986-njy ýyllarda taryhy dokumentleriň gözlegindekäm, obamyzyň mekdebinde Körpe we *Toýjan Düýeji* diýen iki sany okuwjynyň mekdebe gitmejek bolup, has dogrusy pars mugallymlaryň azaryndan bizar bolup, mekdebi terk edip gaçandyklary hakynda mekdep müdiriniň Astrabadyň harby häkimine ýazan raportyny gördüm. 1925-nji ýylda Sährany basyp alan Yrza şanyň goşuny, pars dilinde sapak berýän harby mekdepleri ýola goýupdy, disiplin taýdan berk bolan we onda türkmençe gürleşmegiň gadaganlygy, pars dili bilmeýän çagalaryň elleriniň aýalaryna çiýbik we hatta inçejik zynjyrlar bilen urulýandygyny, şol döwürde mekdep okujysy bolan dädem pahyr gürrüň bererdi. Körpe daýy-da beýle gynamalara çydaman, çäräni Türkmenistana sygynmakda görüpdir. Körpe daýy soňra yzyna dolanyp gaýdypdyr, ýöne Toýjan aga ondan giýçräk, 2-nji jahan urşy ýyllarynda ýene gaçyp, yzyna dolanyp gelipdir.

Toýjan aga käte-käte bize myhmançylyga gelerdi, şonda oba adamlar-da ýygnanşyp, onuň gürrüňini diňlärdiler. Ol her gezek özüniň araçäkden bärik geçişi barasyndaky wakany, edil film ýaly edip gürrüň bererdi. Bir gezek ol şeýle gürrüň beripdi:

> *«Güýz günleridi, Esengulydan araçäge tarap ugradym, her gezek serhetçiler prožektory ýakanlarynda otlaryň arasynda gizlenerdim, şeýdip gije ýarysy araçäge geldim, serhetde iki hatar sim çekilgidi we olaryň arasyny her birnäçe günden ýüzleýje sürüp, adam geçse aýak yzy galar ýaly ederdiler. Maňa araçäkdäki sime el degse signal berýändigini, kä birleri bolsa oňa elekterik çatylandygny aýdypdylar, şoňa görä özüm bilen kiçiräjik pil alyp gaýtdym. Simleriň aşagyndan öter ýaly gazyp, ötüp, bärik geçdim, ol döwürde, Türkmensährada ruslaryň gyzyl goşuny gelip, Hitlerçilere garşy urşmak üçin inglisleriň hem-de amerikanlylaryň berýän ýaraglaryny öz*

*ýurtlaryna daşaýardylar. Munuñ ýany bilen Gyzyl goşunyñ komanirleri, Eýranly kommunistleri goldap, halkyñ arasynda öz düzgünlerini propaganda edýärdiler. Bolşewiklerden gaçyp, Türkmensähra sygnan birnäçe Türkmenistanlyny tussag edip, yzyna alyp gitdi diýen habar ýaýrady, şoña görä men bärik geçemden soñra ençeme wagtlap gizlenip ýaşadym, ahyr soñunda Benderşa-da ýerleşdim» diýp, Toýjan aga yzyny kesmän gürrüñ bererdi.*

SSSR-iñ diplomaty bolup Astrabatda gelen Kylyç Kulyewiñ Türkmensähradaky işleri barada 1986-njy ýyllarda etnografiýa ylmy barlag iş bilen *Jergelana* baramada Magtymguly şahyryñ nebirelerinden *Ata işan-*Mohammedi- maña şeýle gürrüñ beripdi:

*«Biziñ Garrygaladan göçüp gelen İnçesu Gerkezde oturanymyzdan ýañy birnäçe ýyl geçipdi. Bir gün obamyza tarap üç atlynyñ gelýändigini gördük. Olar bir rus ofisseri bilen 2 sany rus eşikli soldatdy. Gel-gel olar biziñ öýmüzi sorapdylar. Bolşewikler, ahun-baýlaryñ yzy diýip adamlary tutýandygyny bilýärdik, şoña görä meni sygyr ýatagynda samanlaryñ arasynda gizlediler. Öýdäkiler oña «Kylyç aga» diýp ýüzlenýärdi, hem-de jan çekip bir zady ynandyrjak bolýardylar. Ol bizden Magtymgulynyñ golýazmasy barmy diýip sorady, ahyrynda Döwletmämet mollanyñ öz eli bilen ýazan we ogly Magtymgulynyñ oña goýan käbir bellikleri bolan «Wagz Azat» diýen kitaby berdik.»*

Meniñ Etregiñ añyrsyndaky durmuşa gyzyklandyan şeýle gürrüñlerden ýene birisini aýdyp bereýin.

Dädem pahyr anna agşamlary, gezek-gezegine dost-ýarlary bilen birek-biregiñkide ýygnaşyp, ondan-mundan gürrüñ edýärdiler. Obamyzyñ aşak

ýanynda *kiçi aryk* diýne oba bardy, onda dädemiñ ýagşy görýän *Hekimguly* diýne dosty bardy. Bir gün Dädem, agamyz *Osman* däde hem-de meni alyp, Hekimguly agalaryñka alyp gitdi. Şonda özüniñ kombaýny bolup, kireýne daýhanlaryñ bugdaýyny orup berýän Osman dädemiz şeýle wakany gürrüñi berdi:

> *«Bugdaý ormak üçin kombaýyn, serhet ýaka İnçeburunyñ töweregine alnyp gidildi, men-de hernäçe günden işlere gözegçilik etmek üçin jip maşynym bilen ol ýere baryp gelerdim. Bir gün ikinin, agşam-ara yzyma dolanyp gelşime ýoldan azaşypdyryn, uzyn depäniñ üsti bilen barýardym, berdenem, elektrik çyralar bilen ýagtylanan obamy-şäheriñmi yşyklaryny gördüm, "wä allajan biziñ obalarymyza elekterik çekilenok, onda bu nirekä, ýa-da men azaşyp, Gyzyletrege geçäýdymmyka" diýp, ýüregime howsala düşdi, dogrusy gorkmanam duramakdym. Aljyrap barşyma maşyny ýoluñ keneryndaky jara düşrüpdirin, henäçe jan çeksem jibi jardan çykaryp bilmedim, üstesine benzinem gutardy, somalyp galdym, näderimi bilmän, bir çilim otlap, duruberdim, birdenem uzakdan bir maşynyñ yşyklary göründi, begenjegimi-de bilmedim, ors maşyny bolaýmasyn diýp gizlenjegimi-de. Aý näme bolsa şol bolsun diýp, maşynyñ oñünden çykyp, "duruñ" diýp elimi galgadym, ýük daşaýan bary maşyn ýanyma gelip saklady, birdenem: "Osman ýegen, näme bolup dursuñ" diýp, uzagrakdan bir garyndaşymyzyñ tanyş seseni añdym. Onuñ kömegi bilen maşyny çykaryp, oña ýangyç guýup, oba tarap ýola düşdim.» diýip Osman däde başyndan geçirenini gürrüñ berdi.*

Ýetinjeklik ýyllarymda hemme öýlerde radio bolmazdy. Biziñ tagta gapyrçakly daşyndan baglanýan bir hil gara hamyr görnüşindäki bateriler bilen işleýän radiomyz bardy. Ol wagtlar Gürgen şäherindäki radio stansiýa

10kw güýje eýe bolup, ony diñe şäher we onuñ ýakyn töwerekleri diñläp bolýardy. Onsoñ türkmen dilinde günde 10-15 mynutdan köp gepleşik bermeýärdi. Şol sebäpden köplenç Aşgabat radiosy diñlenýärdi. Ony diñlemek üçin öýleriñ üstünde dört burç edilip bir-birine çatylan antenler dakylyp Aşgabatdan berilýän gepleşikler diñlenýärdi. Elbetde diñe aýdym-sazlardyr, Görogly, Zöhre-Tahyr, Şasenem-Garyp dessanlary esasynda düzlen radio oýunlar diñlenip, rusçasyna düşünilmeýärdi. 1960-njy ýylda milli şahyrymyz Magtymgulynyñ 225-nji ýyl dönümi *Garrygalada* bellenende merhum *Kerim Gurbannepsew*iñ «Pyragyny gören daglar» esasynda döredilen we merhum *Döwletgeldi Ükdirew* bagşynyñ ýerine ýetiren aýdymy Aşgabat radiosyndan köp berilýärdi. Biziñ Türkmensähraly bagşylarymyzdan halypa bagşy merhum *Gazak Pañ* ol aýdymy aýdyp, Gürgen radiosyndan ýañlatdy, ýöne gynançly ýeri, aýdymçylarymyzda Aşgabatda aýdylýan aýdymlaryñ teksti bolmansoñ, üstesine radionyñ eşidylşy şagul-şugully bolany üçin aýdymlar bärde dogry-dürüs ýerine ýetirilmeýärdi. Mysal üçin şol «Pyragyny gören daglar» aýdymyndaky «Magtymgulyñ şygry ýaly kökün ýere uran daglary», «Magtymguly sygyr ýaly» bolaýmasyn» diýp, ony «Magtymgulyñ şygyn ýaly, Magtumguly sugun ýaly» diýp Gazak pahyr aýdardy, ol ölýänçä bir ses ýazýan magnitofan edinmegiñ arzuwynda boldy, ýöne muña-da ýetip bilmän 1980-nji ýylyñ tomsunda Gurban baýramy gününde aradan çykdy.

Şol wagatlar Hojanepes obasynda akeordon/ garmon çalýan *Anna kaka* bilen deprekçisi *Nury* diýen iki sany ýigit bardy. Olar mydama Aşgabat radiosyny diñleýän ekenler. Anna kaka-nyñ iki sözüniñ biri ”iznam”-di diýp gürrüñ berýärler. Soñra bilip galsam ”iznam” diýmek ors dilinde ”bilýärin, düşünýärin” diýmekmiş. SSSR-de meşhur bolan kosmenat Ýuri Gagarini bolsa Nury deprekçi gaty halaýanmyş, şoña görä muña-da Nury Gagarin diýen lakam berlipdir.

*”Anna kaka iznam”* bilen *”Nury Gagarin”* ökde hünärli kişilerdi. Şol wagtlar ”Degirmençi daýy”, ”Murtum towlanýar” ýaly aýdymlar bilen olar adamlar hezil bererdiler.

Howa, aýdyp barýan gürrüñmizden uzaklaşmaýyn. Araçägiñ añyrsyndakylaryñ durmuşa gyzlanmam günsaýyn möwç alýardy. Muña ýene bir waka sebäp boldy. *Garagaşly* obasynyñ aşak ýanyndaky gür jeññeliñ arasynda «Iwan abad» diýen bir oba bardy. Onda ruslar ýaşaýardy. Bu ruslar, kommunist ynkylabyndan ozal Türkmensähra göçürlip getirlipdi. Lenin ynkylaby ýeñiş gazanandan soñra, olar yzyna çagyrylýar, ýöne bolşewikleriñ ar almagyndan gorkan patyşa tarapdary ruslar bu ýerde galyp, obalaryna-da meşhur İwanyñ adyny dakýarlar. Şolardan birisi bilmedim haýsy sebäpden dädem bilen dost bolup gatnaşýardy. Bu bolsa mende SSSR/Şurewi hakynda gyzyklanmalarymyñ artmagyna sebäp bolupdy. Bu ruslar 1965-nji ýyllarda Tehrana, göçüp gitdipdirler, häzir olardan ol ýerde nam-nyşan ýok, İwan abad bolsa dargap, ýok boldy.

Garagaşly obasynda agalarymyz *Gökje* bilen inisi *Hally* dagy ýaşaýardy. Bir gün-1930-njy ýyllar bolsa gerek, Hally dädemiz, agasy Gökje bilen bir zadyñ üstünde öýkeleşipdir, şonda Hally ýabysyna münüp, niredesiñ Balkan diýp, ýola düşýär. Orta mekdepde okaýan ýyllarymda bir gün salamlaşmak üçin Garagaşla baramda, Gökje dädem, Hally dädemiziñ Türkmenistandan ýazyp ýollan hatyny görkezip: «Bally sen inglisçe okaýan bolsañ, ynha bu haty-da okap bilersiñ, okap ber bakaýly» diýp, ol hatymy elime tutdurdy. Ömrümde ilkinji gezek äjür-müjür çyrşalaýn gol hatyna gözüm düşdi. Patdyñ-pütdiñ edip okajak boldum, ne özüm bir zat datdym, ne-de töweregimdäkiler. Şonda birinji gezek rus/kril hatynda ýazylan salam hatyny gördüm. Ýöne obamyzda *Annameret çarwa* diýen bir sygyr çopan bardy, ol kolhoz gurluşy ýyllarynda *Esengulynyñ Çaloýuk* obasyndan göçüp gelipdir. Annamyrat aga Türkmenistanda birnäçe klas okan eken. Şoña görä ol bu haty okap bilýärdi.

Şol salam hatynda Hally dädemiz özüniñ Pigamber ýaşyna ýetip, Ak-aşyny berendigini ýazypdyr. 1990-njy ýylyñ martynda Türkmenistandakam, *Çeleken*de ýaşaýan Hally dädäniñ ogul-gyzlaryny tapdym. İlkinji işim çelekene gitmek boldy. Ýöne serhete ýakyn bolany üçin ol ýere «ýapyk zona» diýlip, gitmek üçin bolsa içeri işler ministerliginden/ ”owirden” ýörite rugsat hat almalydy. Hernä Aşgabatdyñ OWİR-inden- شهربانی rugsat haty aldym, Çeleken baran badyma rugsat haty ol ýeriñ polisine görkezip oña möher basdyrmagym gerekdi. Çelekene baryp, bu işleri bitirenimden soñra, garyndaşlarymyñ öñ telefon arkaly beren adresine tarap ýola düşdüm. Tapyşyp, hal-ahwal soraşanymyzdan soñra, Hally dädemiziñ 1985-de aradan çykanyny onuñ ikinji aýaly milleti Tatar bolan *Solubike* gelenejemiz gürrüñ berdi. Onuñ ilkinji aýaly Nebitdagdan bolup, bir ogly bolandan soñra aýrylşypdyrlar, ogly bolsa Orsýetiñ bir ýerine göçüp gidipdir. Hally dädemiziñ tatar aýalyndan, *Saparmyrat* diýen ogly, *Taşjan* bilen *Rozgül* diýen gyzlary bardy. Ýöne Taşjandan başgalary türkmençe gürläp bilmän, rusça zowladýardylar, meniñem Türkmenistana ýañy baran ýyllarymdy, rusçadan gaty az sözleri bilýärdim. Solubike gelenejemiz tatar aksentinde Hally aganyñ başdan geçiren görgüsini aýdyp berdi. Hally dädemiz Türkmenistana geçen badyna «serheti bozanlykda» aýplanyp, göni Sibre sürgün edilýär. Biçäre on ýyllap lagerde otrup gelýär. Nebitdaga soñra Çelekene gelip balykçylyk sowhozyna/ şereketine işe girýär. Sibrde beton ýerde ýatyp, ýürek keseline duçar bolupdyr. Agyrly ýürek onuñ göwresine çydaman, ahyrynda 85-de aradan çykypdyr. Ertesi gün Saparmyrat bilen Çelekenden maşynda takmyn bir sagat uzaklykda ýerleşen gonomçylykda ýatan Hally dädemiziñ mazaryny baryp, aýat-doga okadym.

Şol döwürde Hally däde bilen bilelikde, çepçi partyýalara, esasan-da *«Tuda»* partyýasynyñ simpatlaryndan/tarapdalar- Akgaladan ”Araguly Şurewi” lakamly *Arazguly Şirmädli, Tañyrguly Emady, Anjan Gülmehemmdi* we

*Ýarmuhammet Jafarbaý* dagy Sibriñ togaýlygynaky zähmet lagerine sürlüpdir. On ýyl geçenden soñra, Eýran hökümeti dogrusy Mämedreza şa SSSR-e sygnanlar dolanyp gaýtmak isleseler, gelenlerinde bolsa syasy herekete goşulmajagyna dil hatyny berseler günäleriniñ! geçiljekdigi hakynda perman çykarýar. Şonda ady agzalan bu üç türkmen ýigidi Türkmenistanyñ üşti bilen Türkmensära ugraýarlar, Ýarmuhammet Jafarbaýy ýolda ýylan çakýar. Gürrüñden uzaklaşmaýyn.

Bir gün obamyzyñ arasyna ýaýran bir habar adamlary *Emir* arabaçynyñ öýünin öñüne ýygnady. «Emir aga şäherden gelşine gökden ýere düşen uçýanjygy ekinleriñ arasyndan tapypdyr». Baryp görsek dogrudanam ini-boýy bir iküç garyşdan köp bolmadyk, üstünde bolsa ak matadan çadyr ýaly edilen örtgüli birhil gara demir, adamlar geñ-tañ bolup bakýardylar, her kim onuñ nämedigi barada pikrine geleneni aýtýardy. Birdenem hälki Annameret çarwa: ”ohow adamlar, üstünde orsça ýazylan hatlary görýäñizmi” diýp, elendäki taýagyny ortada ýatan we nämedigi belli bolmadyk zada uzatdy. Men soñ-soñlar onuñ Türkmenistanly obahojalyk inistitutynda okaýan studentleriñ, meterelogiýa işleri bilen baglaşykly beýle enjamlary ýasap, synamk üçin uçarandyklaryny we olardan birisiniñ bu ýere gelip düşmeginiñ ähtimaldygyny düşündim.

Şol ýyllarda agalarymyzdan *Hudaguly Saýy* gün-güzeranyñ agyrlygy zerarly, şeýle-de ogullaryny okatmak üçin, Tehrana göçüp gidipdir. Ol Tehranda birnäçe otagly jaýy kireýne alyp, ony myhmanhana edipdi. Türkmensähradan, Tehrana işi düşüp baran Türkmenler *Nejep aga* we Hudaguly dädemiziñ misapirhanasyna barardylar. Hudaguly dädemiziñ uly ogly İsa 60-njy ýyllarda Awstriýa okuwa gidýär we injinýer/muhendes bolup okuwny tamamlaýar.

## Tuda partyýanyñ döremegi,
## Türkmenistana bosa-boslygyñ ilkinji tapgyry

*«Gaýradan gelýän bäş geçi,*
*Hany munuñ erkeji?»*

*Patma daýzamyñ ýoldaşy Gaýyp Bähelkäni zarynlap ýatlan wagty gaýtalaýan lälesinden.*

1925-nji ýylda Kümüşdepeli *Osman ahun*yñ baştutanlygyndaky milli azatediş hereket Yza şanyñ Türkmensähra goşun sürmegi netijesinde basylyp ýatyrylýar. Gazaply öç almakdan gorkan türkmenler topar-topar Gyzyletrege, Baýathaja baryp, ol ýerde oturýarlar. Şol sandan Osman ahun, *Nepes serdar* dagy Türkmenistana sygynýar. Soñra Türkmensährada gahar-gazplar ýatyşyberende olar ýurda dolanyp gaýdýarlar. Ýöne Osman ahunyñ soñky ykbaly henize çenli gömürtik bolup galdy. Onuñ Aşgabatda 1930-njy ýyllardaky ganly repressiýada Staliniñ jellatlary tarapyndan ýok edilipdir. Bu zatlary soñ-soñlar türkmen taryhy bilen gyzyklanyp ugranymda bilip galdim. Bu barada «Türkmen sährasy» diýen kitabymda dolurak durup geçendirin. Şeýle-de 1927-28–nji ýyllarda Kümüşdepeli *Ahmad Garadagly, Baýjan Turany, Abdyrahman Niýazy, Nazdurdy Niýazy, Hajy han(Nurgeldi) Oguzy, Mämet Şirmämmedi* diýen ýigitleriñ ýokary bilim almak üçin Türkiýä okuwa gitmekleri we olardan köpüsiniñ diýen ýaly Türkmensähra dolanyp gelmändikleri, meni adamlaryñ öz dogduk diýarlaryny terk etmäge näme zatlaryñ sebäp bolýandygy gyzyklandyrýardy.

Sähramyz, Yrza şanyñ goşuny tarapyndan baslyp alnandan soñra, Kümüşdepeli, meşhur *Erejep ahun Seýýadynyñ* ogullary *Ahmad* bilen *Abdylla* Türkmenistana geçýärler. Gürgenli lakamly Ahmad meşhur gündogarşynas

bolup ýetişýär, ýöne 2-nji dünýä söweşine gatnaşyp frontda wepat bolýar. Abdylladan önüp-ösenler bolsa Aşgabatda ýaşaýarlar.

Meni Etregiñ añyrsy bilen gyzyklandyrýan iñ esasy mesele daýym *Gaýyp Bähelke*-nyñ ykbalydy. Garry ejem/enem pahyryñ iki sözüniñ biri: «Wah, armanly giden, çykamaz guýa atylan Gaýypjan»dy. Men şol wagtlar çagalyk düşünjäm bilen dogurdanam Gaýyp pahyryñ guýa atylyp, çykmaz ýaly üstüne daş guýlandyr diýp oýlanýardym. Soñra görüp otursam dogrudanam ol SSSR diýen guýa düşen ekeni.

İkinji jahan urşy ýyllarynda Alamandaky faşistik Hitlerçileriñ tarapyna geçen inglisleriñ dikmesi Eýran şasy Yrza tagytdan düşürlip, soñra Britanýanyñ kloniýasy bolan Günorta Afrikaniñ Moris adasyna sürgün edilýär. Ýigrimi ýyllap süren bu gara hökümet döwründe Türkmen topragy gana çaýkalýar, ýurtdaky bütin syasy partyýalar we hereketler gadagan edilýär, Eýranda terror atmosferasy döredilýär. Köp sanly syasy aktiwistler şol sandan türkmen ýigitleri azatlykdan mahrum edilp, zyndanlara atylýar. Olaryñ arasynda *Annagylyç Babaýy, Gurbanmuhammed Siweri* we *Hajyhan/Nurgeldy Oguzy* ýaly ýigitler bolupdyr. G.Siweri bilen Hajyhan Oguzy türmede gynag astynda öldürilýär. Yrza şa ýykylandan soñra, syýasy bendiler erkinlige çykýar we täze dörän çepçi ”Tuda” partyýasyna goşulýarlar. Şolardan birisi-de daýymyz Gaýypdy.

1940-45–nji ýyllar aralygynda SSSR-iñ gyzyl goşuny Türkmensähara gelýär, Sährada, Tehrandan başgarak, has dogrusy Şurewiçilik atmosferi döräpdyr. Her ýerde işçi, daýhanyñ hakyny goramak, ganhor feodallara garşy göreşmek üçin mitingler we demonestratsiýar geçirilipdir. Şonda Gaýyp daýym batyrgaý çykyşlary bilen merkezi hökümetiñ Türkmensährada alyp barýan syýasatyny paş hem tankyt edermiş, *Nurberdi Jürjäni* we *Abdyrahym Muderresi* bolsa ýangynly goşgulary bilen halky joşa getirýänmişler. Bildiriş hökmünde il

arasynda ýaýradylan  şol çykyşlardan ençemesini Tahrandaky merkezi arhiw ýagny *«Sazman-e Esanad Milli merkezindeni* سازمان اسناد ملی ایران» tapdym.

Merkezi hökümetiñ syýasatyndan nägilelik harbylaryñ arasynda-da artypdyr. 1945-nji ýylyñ awgustynda/mordad 1325ş-de «Hurasan ofisserleriñ gozgalañy» ady bilen meşhur bolan herket ýüze çykýar. Şonda Maşat şäherinde gulluk edip ýören 10-15 sany ofisser we kiçi derejeli habylardyr esgerler, Türkmensäranyñ Marawadepe ýaýlasyna gelip, ol ýerdäki garnizony/padgany eýeläp, ok-ýaraglaryny ele geçirýärler. Soñra olar Kümmetgowuza tarap hereket edýärler. Olaryñ arasynda Serwan سروان derejeli *Abdulrahym Nedimi* diýen türkmen-de bolupdyr. Bular Kümmetgawuzyñ «Baag-e milli- keşawerzi» diýen parkynda ýerleşip, goldaw gözleginde, Tuda partyýanyñ Kümmetgawuzdaky bölüm başlygy Gaýyp Bähelke bilen duwşuşýarlar. Ol ýerde Gyzyl goşunyñ bular ýaly awanturist hereketlere golda bermejekdigi bildirilýär. Muña garamazdan gozgalañçy ofisserler ertesi gün, şähere giriýärler. Şäherbani we žandarama güýçleri bilen bolan atyşykda olaryñ köpüsi heläk bolýar, birnäçe ofisser şol sandan A.Nedimi ilki Benderşa, soñra Äzerbeýjana gidip, Astaranyñ üsti bilen SSSR-e geçýärler. Orsýetiñ İwanow diýen şäherinde ýaşan A.Nedimi 1975-nji ýyllarda aradan çykan bolmaly. Onuñ bir rus aýala öýlenendigini, bu aýalyñ A.Nedimiýe onçakly wepaly galmany, hatta ölenden birnäçe gün soñra porsan jesediniñ goñşular tarapyndan bilnendigini 1990-da Aşgabatda *Nurymuhammet Aşurpur* maña gürrüñ beripdi.

Mämedreza şanyñ režimi, Tuda partyýasy we milli halklaryñ öz hak-hukuklaryny talap etmeklerinden howatyr edipdir. Şol sebäpden bu hereketiñ başyna ýetmek üçin ýawuz plany amala aşyrýar. 1948-nji ýylyñ Mart aýynda patyşa Tahran uniwersitesine çykyş etmäge baranda, režimiñ howpsuzlyk güýçleri tarapyndan žjurnalist eşigine girizilen we jübsinde ”Tuda” partyýasynyñ agzasydygyny görkezýän bilet/kart goýlan birisi şaha ok atýar,

şonda şa ýüzleý ýaranlanankiş bolýar. Muny bahana eden hökümet ”Tudalary” yzarlap başlaýar.

Şondan birnäçe aý öñ harbylaryñ arasynda dörän anti režim bir guramyñ üsti açylýar. Tussag edilenleriñ arasynda tophana palkowniki/*Serheng Sapar Hatyby* diýen-Omçaly obasyndan- türkmen ýigidi-de bolupdyr. Şol wagtlar Türkemensähraden onlarça syýasy aktiwist, şol sandan Gaýyp Bählke dagy tussag edilip, ilki Mazenderanyñ merkezi Sary şäheriniñ zyndanyna, ol ýerden bolsa Tahrana alnyp gedilýär.

Gürgen şäherinde mugallym bolup işlän Gaýybyñ tussag edilip alnyp gaýdylşyny garry ejem pahyr öz gözi bilen görenmiş. Ol bu hakda maña şeýle gürrüñ beripdi:

> *«Şol wagtlar Mämi kakañ/atañ žandarmada gulluk edýärdi. Gaýybyñ dagy Gürgen zyndanyndan Sara alnyp gidiljegini bilipdir, derrew gelip maña habar berdi, bizem haýal edmän, iýer ýaly ojuk-bujuk taýýarlap, onuñ geçjek ýolunda durduk. Harby maşynyñ yzy çadyr bilen basyrgylydy, içinde bolsa tussaglar bardy, Gaýyp meni görer-görmez seslendi. Mämi kakañ maşyndan asylyp, oña ijek-içek zatlary berip ýetişdi, ýöne soñra reýislerinden käýinç aldy. Garaz Gaýybym şol gidişi-gidişi boldy.»*

Ýurtdaky dartgynly ýagdaý, çepçi topar, Eýrandan çykyp gitmeginden başga ýol goýmaýardy. Gaýyp-da sudy/dadgasy başlanýança pul girewy bilen wagtlaýyn azat edilipdir. Ony soñky gezek Tahrana özüni bejertmäge baran uly agalarymyzdan *Sahyt hajy* görüpdir. Ol Gaýyba: «Men *Mämet ahun Jürjani* bilen tanyş, isleseñ puşmanlyk hatyny ýaz, halas bolmagyna kömek bolar», diýende Gaýyp onunyñ bu teklibini ret edip: «Türkmen halkynyñ hakyny iýýänler bilen ortak bolup, mejlisde, nahak ýerden wekil bolup oturan Mämed ahunyñ maña kömegi gerek däl» diýp jogap berenmiş. Şol wagtlar Gaýyp daýym öýlenip,

*Hydyr, Ylýas* diýen ogly bardy. Aýaly *Patma* daýzam diýseñ batyr aýaldy. Ol, Gaýybyñ işlerine goldaw beripdir, hem-de ogullaryny okadypdyr. Ol abraýly adamlar bolup ýetişdiler.

## «Ýüsüp daýyñ öýi»

*"Aýdyar Maşat gaçaýlyñ haryja,*
*Ýa gezeýliñ sanaglymyz dolynça..."*

*Maşat şahyr*

Tuda partyýasynyñ gizlin maslahatynda, kadrlaryñ ýurtdan çykyp gitmekleri we SSSR-e sygynmaklar barada karar kabul edilýär. Kod/ gizlin at hökmünde oña «Ýüsüp daýyñ öýüne gitmek» diýler ekenler. Ýüsüp daýydan maksat Ýusef/Josef Stalindi. Bu barada şol partyýanyñ ýokary derejeli syýasy kadrlaryndan Ehsan Teberi, 1987-nji ýylda Tahran zyndanynda ýazan «Kej raaheh/ ýalñyş ýol» diýen kitabynda şeýle maglumat beripdir:

> *«1948-nji ýylyñ başlarynda Merkezi komitetiñ karary boýunça ilkinji bolup men ýurtdan çykmaly edildim. Ynkylaby ofisserler toparyñ başlygy Hosrow Ruzbehdi, ol golaýda zyndandan gaçyp, Tahranyñ Şemiran mähellesinde bir öýde gizlenýärdi. Şol topardan Seýfetdin Humaýun, serhede barýança meni goramalydy. Maña şeýle-de Ruzbeh-iñ öýüne baryp ol ýerde gizlenen Gaýyp Bähelke diýen türkmeni mugallymy-da alyp gitmegi buýrdular-[Teberi, Kümmetgawuz we Türkmensähradaki Tuda partyýasynyñ bölüm başlygyny diñe bir mugallym diýp agzap, onuñ wezipesini kemsidýär-AG]*
>
> *Şeýlelik bilen üç bolup Maşada geldik, Maşatda Şerifi bilen aýalyny-da özümiz bilen alyp gitmelidik. Maşatdan birsiniñ jip maşynyny amanat*

*alyp, Goçandiñ üsti bilen Türkmenistana tarap ýola düşdük. Goçanda, dag ýollaryna beled Mülki diýen birisi, bizi garagullaryñ bolmaýan geçelgesine alyp bardy. Biz gije Etrekden aşdyk. Dañdan rus serhetçileri bizi görüp, Kaka diýen posta alyp bardylar. Biz ol ýerde ýigrim günläp tussaglykda saklandyk. Soñra Meni Moskwa, Bäheke we Şerifini Täjigistanyñ paýtagty Stalinabda (häzirki Duşenbä) ugratdylar. Ýola düşmezden ozal Aşgabada we ozal Eýranyñky bolan Firuze obasyny gördük. Ýer yranmada Aşgabat büs-bütin weýran bolupdy, ol ýerde diñe wagtlaýyn gurlan binalar görünýärdi.»*

*(Kej raheh. Neşir Emir kebir. Tehran. 1366)*

Tuda partyýasyna agza Türkmensähraly mugallymlardan eneçemesi şol ýyllarda Türkmenistana sygynýarlar. Şolardan *Sapar Ensary, Nurmuhammed Aşyrpur, Sary Göklany, Baýrammuhammet Muderresi, Amanmuhammet Yslamy, Rejep (Rahman) Rahmany* dagy Aşgabada sygynýarlar. 49-njy ýylda Serheng Sapar Hatyby Aşgabada barypdyr. Onuñ Patma atly äzerbegjan aýaly soñra Bagdadyñ üsti bilen Türkmenistana baryp, olara goşulypdyr. Men bularyñ soñky ykballary barasynda soñrak gürrün bererin. Häzir ýene-de öz ýigitlik çagymda görüp-eşiden zatlarymy aýdaýyn.

1974-nji ýylda orta mekdebi tamamlan tomsunda Gerkez obadan *Atanazar* diýen dostum meni öýlerine myhmançylyga çagyrdy. Ertesi gün motorsiklet bilen Marawadepäniñ töweregindäki obalara aýlanmak üçin ýola düşdük. ”Ýeke çynar” diýen obanyñ ýokary ýanynda uly dagyñ üştünde aýlanyp duran radary gördüm. Bu näme diýp soranymda: «Bular Amerikanlylar saldylar, maksat bolsa Türkmenistany diñlemk» diýp, ulularyndan eşdenini aýdyp berdi. Soñra bu barada, Patyşanyñ ýokary derejeli ofisseri Husýen Ferdust-iñ ýatlamalary esasynda çap bolan kitapda, Kümmetgowuzda inglisleriñ *MI.6*

içalylyk bölüminiñ bir şahasynyñ kümmetgowuz we Türkmenistan araçägine ýakyn ýerde iş alyp barandygyny okadym.

Kommunismiñ Eýran ýaly döwletlere ýaýramagynyñ öñüni almak üçin Amerikada *«Marşal plany»* orta atylýar. Şol esasda, yktysady taýdan yza galan ýurtlara maddy ýardam berilip, anti kommunist režimleri goldamalydy. Şeýlelik bilen öýlere ýag, bugdaý, mekdeplere bolsa pudra görnüşinde we «gury süýt شیرخشک» diýlen süýt paýlandy. Başlangyç mekdepde özümem şol süýtden içipdim. Dogrusyny aýtsam, içiñi gitdirerdi, aldygyndan bir ýere baryp içiñi boşatmalydy.

Şol ýyllarda iki sany Amerikanlynyñ Türkmensährada ylmy barlag! işini alyp barandygyny soñ-soñlar öwrendim. Olardan birisi *Mr Barckley Moore* beýlekisi Marawadepäniñ töwereginde etnologiýa barlag işini geçiren *William İrons*-dy. Onuñ işi 1974-nji ýylda *American etnologist inistitutynda «Nomadism as a political adaptation: The Case of the Yomut Turkmens»* ady bilen çap edildipdir. Mr. Moore-iñ we W. Irons-iñ hatta türkmençe gepläp bilendigini, ony görenler aýtýar. Mr. Moore, ozaly bilen Kümmetgowuzda bir kitaphananyñ ýola goýulmagynda alda edipdir, galyberse ukyply türkmen ýigitlerini saýlap, isleg bildirenleri Amerika okuwa ýollapdyr, olara stependiýa
/bursiýe alyp beripdir. Şol türkmen ýigitlerden birnçesi häzir daşary ýutlarda ýaşaýar. Şol döwürde bu zatlaryñ hemmesi meniñ düşünjelerimiñ ösmegine we daşary düýä bilen gyzyklanmagyma alyp gelerdi.

Obamyzda orta mekdep bolmany üçin Benderşanyñ” Hazar”, soñra *Hedaýet* adyndaky orta mekdeplerinde okumy dowam etdirdim. Bir gije sinemadan çykyp, öýe gelşime şeýle wakanyñ şaýady boldum: Benderiñ belli tam ustasy Garja– Türkmenistandan göçüp geleni üçin oña” Garja *Mahejeri*” diýerdirler, her agşamkysy ýaly, dostlary bilen” Papa *mişa (Mihail)*” diýen erminiñ resturanyndan arak içip gelýärdiler. Birden ýañky Garja batly ses bilen «ölüm bolsu Şaha» diýp gygyrdy. Onuñ dostlary, eger şeýtseñ saña plança tümen pul

bereýli diýp şert edenmişler. Garja şeýdipdir. Dostlary gaçyp gidýär welin ýaňky Garja pahyr tussag edilip, görgi baryny görüp, ençeme wagtdan soňra goýberildi. Ol wagtlar, gizlin gulluk gaty daraýardy. Sinemalarda film başlanamzdan ozal, ýurduň milli gimni (marşy) çalnardy, hemme adam telpeklerini çykaryp, aýak üştünde durmalydy. Şanyň başyna täç goýan güny (4 aban) dukançylar, dukanlarynyň öňünden baýdagy asmalydylar, kimde-kim asmasa, iki tümen jerime edilerdi. 4 aban dabarasynada okuçylar patyşanyň suratynyň öňünden hatara/ reže geçirilýärdi. Oňa taýýarlyk görmek üçin azyndan iki hepdeläp, sport klubynyň howlusynda maşk edilerdi. Orta mekdebi 1974-nji ýylda Gürgeniň *Astrabady* mekdebinden tamamlap, şol ýyl Maşat uniwersitetiniň edebiýat fakultetinde Taryh bölümine geçip, okuwmy dowam etdirdim.

1975-nji ýylda, studentlik döwrümde syýasy garaýyşym ösýärdi, uniwersitetiň her bir fakultetinde režime garşy protestler möwç alýardy, dürli syýasy toparlaryň listowkalary/ bildirişleri, çagyryşlary ýaýradylýady. Şol ýyllarda pikrim-zikrim Türkmenistandy. Maşatda bolanym üçin Aşgabat radiosyny arassa diňläp bilerdim. Maşat şäherinde kolhoz gurluşy ýyllarynda-1928-de, Türkmenistandan gaçyp, Eýrana sygnan türkmenler *«Rezaýy»* diýen mähellede ýaşaýardylar. Ol bilen ýakyndan gatnaşýardym. Aýdyşlaryna görä serhetden Eýrana aşanlarynda, Eýranyň serhetçileri olary talamak talapdyr. Olardan *Ýaýlym* diýen bir haly söwdigäri bilen tanyşdym. Bir gün agşam Ýaýlymlara myhmançylyga baramda, Çary aga diýen birisi bilen tanyşdym. Ol şeýle bir süýji gürrüňleri berdi welin henizem ýadymda. Türkmenistanda barasynda az zat bilýän maňa bu ýaşulynyň gürrüňler geňdi. Şondan soňra Kümmetgowuz we Jergelana göçüp gelen tekeleriň durmuşy meni diýseň gyzyklandyrýardy, üstesine Aşgabat yşky.

Her tomusda oba öwürlip gelenimde Aşgabat telewizerni görmek üçin kiçiräjik teleweziri alyp dostlar bilen serhet ýakasyna giderdik we birnäçe gün *«Halatnebiniñ»* daglarynda galyp telewizeri tomaşa ederdik.

## Bir Türkmenistanly bilen ilkinji duwşuşygym

*«Gaýradan gelýän hüýk-hüýk,*
*Boýny uzyn, gözi gök.*
*Baý-baý munuñ parlaşyn*
*Parsy bilen gürleşin. »*
*Läleden*

Ýalñyşmasam 1976-njy ýylyñ Sentýabr aýy bolsa gerek. Maşat uniwersitetinde okap ýören ýyllarymdy. Bir gün öýleden soñra 3 dost bolup köçeden barýardyk, adama bir çüýşe bira/piwe içipdik, köçede aýdyma hiññilenip, arasynda  batlyrak ses bilen bir-birimize bir zatlary aýdyp öýe barýardyk. Birden üsti başly oñat geýimli, boýuny galstokly/ krawatly birisi gelip: «Oglanlar, siz türkmenmi?» diýdi", "howa" diýp jogap berenimizde: «Bä, bu ýerde türkemenem barmy?» diýip ýene sorag berdi. Bizem bu ýerde okap ýörendigimizi aýtdyk. Şonda aramyza biraz dymyşlyk aralaşdy. Men öz ýanymdan: «Aý, bu adam, orak ormak üçin kombaýyny bilen Türkmensährадan bu ýere gelip, iki-üç aý bäri türkmen görmän ýören bende bolmaly» diýip oýlandym. Onýança ýanymdaky Toýjan: «ýöri, öýe gideýli, çaý-suw içeris» diýdi. Olam kabul edip biz bilen tirkeşip gaýdyberdi. Çaý-suw içenimizden soñra: «Howa, daýy nirden bolýarsyñyz, bu ýere näme iş bilen geldiñiz?» diýip, soradyk. Ol: «adym *Ata* familýam *Berdiýew*, Maşatda Şurewiniñ *İngostrah* şerketinde işleýärin. Etregiñ üstüne bend gurmak

proýektimiz bar.» diýdi welin, biz serpmeden gaýdan ýaly bolduk. Gözümize ynanmaýardyk. Bir tarapdan ilkinji gezek bir Türkmenistanly görenimize begenjimizden el-aýagymyzy ýitirdik, aýry tarapdan režimiñ SAVAK ( سازمان امنیت و اطلاعات کشور) diýen howply gullugyndan gorkardyk. Bu ýawuz we gizlin edara, entek bahana bilen adamlary tutup, gynaýardy, ylaýta-da studentlere köp azar bererdi. Bu edara üçin bahana taýýardy: «sen çepçi, kommunist, režimi agdarjak bolýarsyñ» diýp, studentleri ýörite niýetlenen öýlere alyp gidip, agyr gynag astyna alýardy, urup, horlaýardy. Şondan bir-iki ýyl öñ Maşat uniwersitetiniñ Edebiýat fakutetinde taryh bölüminde okaýan bir türkmen ýigidi (A.O), Kümmetgowuzdaky dostlaryna hat ýazyp, hökümetiñ gadagan yglan eden haýsydyr bir-iki sany kitabyñ adyny tutup, şolary okamagy maslahat berenmiş. Bu hat gizlin gulluklarynyñ eline düşýär, netijede bu we Kümmetden 19 türkmen tussag edilip, eneçeme aý Sary we Gürgeniñ zyndanynda oturýarlar. Meñ özümede olar bir-iki gezek göz dagyny beripdiler. Garaz, näme bolsa şol bolsun diýp, Ata aga bilen arkaýyn oturşyp, çaý-suw edindik. Gaýtjak mahaly işleýän edarasynyñ adresini berip: «oglanlar, sagat 12:30-da goñşy edaralarda işleýänler, işi bes edip gidýärler, siz şondan soñra arkaýyn bina girip, ýanyma gelip bilersiñiz» diýdi. Bir gün men Toýjan, Şagylyç üçümiz, Ata aganyñ işleýän edarasyna bardyk. Ata aga bizi gören badyna ýerinden turup, salamlaşyp, ýagşy garşy aldy. Biraz gümür-ýamyrdan soñ, iş stolynyñ çekerinden bir çüýşe arak bilen pisse çykardy. «Alyñ, ýigitler, muña bugaýdan ýasalan rus wokdasy ”Piçenişnaýa” diýýärler» diýp, herimize ýarym stankan arak goýup berdi. Soñra Türkmenistan hakynda, Aşagabadyñ günsaýyn ösüşinden gürrüñ berdi. Bizem Türkemnistan barasynda sorag üstüne sorag ýagdyrýardyk. Wagt birçene gelenden soñ, turmak üçin rugsat aldyk, hem-de ýene bir gezek öýe nahara çagyrýanymyzy duýdurdyk. Ata aga minnetdarlyk bilen kabul etdi, bizem soñra çykyp gaýtdyk.

Wadaly gün ýetip, Ata aga biziñkä myhmançylyga geldi. Biz iki student bolup bir jaýda ýaşaýardyk, ýene-de birnäçe ýagşy görýän dostlarymyzy çagyrdyk. Palaw bişirip, myhmany garşy aldyk. Bilelikde surat aldyrdyk, ýagşy wagt geçirdik. Gatnaşyklar birnäçe gezek gaýtalandy, indi has içginräk söhbet ederdik. Bir gezek Ata aga jübsinden bir suraty çykaryp: «ynha, bu meniñ oglum, ady-da Batyr» diýp, bir ýaşajyk oglanyñ suratyny gördük. İndi, görüp otursam Türkmenistanyñ Wienadaký ilçisi, Türkmenistanyñ Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyndaký wekili, Boris Şyhmyratdan soñ, 2000-njy ýylda 6 aýlap Türkmenistanyñ daşary işler ministeri bolup işlän, soñra töhmet atylyp türmä düşen *Batyr Berdiýew*, şol Ata Berdiýewiñ ogly ekeni. Ata aga özünyñ Saryk taýpasyndandygyny we gurulşyk injinýeridigini gürrüñ berdi. Medisina fakultetinde okaýan Hajy. S diýen dostumyz: «Ata aga, geljek tomus öýlenýärin, şu mahaldan sizi toýuma çagyrýaryn, toý Bendertürkmende bolar.» diýip Ata aga ýüzlendi. Ol hem göwün hoşluk bilen: «Nesip bolsa hokman bararys.» diýdi. Bir gezek oturşygymyzda, aragy köpräk içen birimiz: «Dostlar, şu Türkmenistanda oglanlar sünnet edilmeýär diýp eşitdik, şu Ata agañky nähilikä, geliñ şuny bileýliñ» diýp Ata aga garşy eñterdi, ol pahyram: «Ýok, duruñ, oglanlar, bizem musulman çagasy, bizde hemme zat edil siziñki ýaly» diýp, onuñ elinden sypdy. Garaz, hezillik boldy. Hemmämiz hoş bolup, üşüp-çaşyp ýörerdik.

Gelen tomusda, Hajynyñ toýuny tutmak üçin Benderşa-da olaryñ öýüne bardyk. Hemmämiz dört göz bolup, Ata aganyñ gelerine garşýardyk. Agşam nahar çekilip başlandy welin Ata gadan habar ýokdy. Biz: «aý, işi çykandyr-da» diýşip otyrkak, birden Ata aga, geldi. Hemmämiz turup, hormatly myhmanymyzy garşy aldyk we ondan näme üçin gijä galanyny soradyk. Ol: «wah, menä ir gelmelidim welin, Tahrandan gelşime, Kürtkuýden bärik, Bendere sowlamda, bir polis maşyny ýolumy kesip: «Dogry Maşada tarap gitmelisiñiz» diýdi. Men olara: «Benderde bir dostumyñ toýy bar, şoña

görünjek» diýemde, «ýok, siz daşary ýutly diplomat, şoña görä, biz sizi kontrol etmeli» diýp jogap berdi. «Nätseñiz-de men-ä şol toýa barjak diýp gaýdyberdim, olaram biraz yzyma düşdüler, soñra galdylarmyka diýýärin» diýdi. Bizem Ata aganyñ gelenenine hoş bolup, gijäniñ bir mahalyna çenli şagalañy dowam etdirdik. Ertesi gün myhmany ugratdyk.

Ýene okuwlar başlandy. 1978-njy ýylyñ sentýabr aýynda Maşat Hurasanly şahyr Ferdowsiniñ ýübileýi geçirilýärdi. Bir gün gazetde, Aşgabatdan sazanda *Akmyrat Çaryew*iñ Maşada gelendigine gözüm düşdi. Bu habary buşlamak üçin Ata aganyñ edarasyna tarap ugradym, görsem Ata aga ýanynda birisi bilen edarasyndan çykyp gelýär. Salamlaşanymyzdan soñra: «Bu ýigide, Gurban diýýärler, *Gurban Aganýazow*. Ol meniñ ýerime geldi, men ýakyn günlerde ýurda dolanyp gitmeli» diýp, meni Gurban bilen tanyşdyrdy. Soñra men oña: «Ata aga, Akmyrat Çary gelipdir, habaryñyz barmy» diýemde, «howa, habarym bar, häzir onuñ bolýan oteline barýarys, ýöri gitseñ» diýdi. Menem olar bilen otele tarap gitdim. Baryp Akmyrat bilenem salamlaşyp, birnäçe gezek surata düşdük. Şol güni, şäheriñ daşyndaky Ferdowsynyñ mowzeleýniñ parkynda, Eýranyñ dürli welaýatlaryndan getirlen göreş pälwanlary, bagşy-sazandalary, kyssaçylardyr-şahyrlaryñ çykyşlaryny diñlemek üçin bardyk. Şonda Türkmensähranyñ Aýderwiş/Kelale şäherinden bagşy *Arazmuhammet Bahoşy*-da aýdym aýtdy. Goçandyñ Deregez şäherinden tamdyrasynyñ kirşi ýüpkden bolan *Owülýaguly* bagşy-da çagyrlypdy. Ol, Änew, Damana ýolundan aýdym aýtýardy. *«Ýol beriñ gyzlar geledi»* diýen belli aýdymy bardy. Mämedreza şanyñ aýaly *Farah Diba*, bu iki türkmen sazandasy- Akmyrat bilen Öwülýagulyny- ýanyna çagyrdyp, olaryñ sazlaryny ýörite diñlänmiş. Agşamsy Maşadyñ medesina fakultetiniñ uly zalynda Akmyrat Çary çykyş etdi. Onuñ çykyşy üç gijeläp dowam etdi. Zalyñ içi türkmenlerden dop-doludy. Kümmetgowuzdan birisi, onuñ terjimeçisi bolup, adamlaryñ isleglerini

sazanda ýetirerdi, hem-de pars dilinde indiki çaljak zasyny annons edýärdi. Maşatda ýaşaýan türkmen gojalary öñ hatarda otrup, ellerindäki ýaglyklary bilen göz ýaşlaryny sylyp, dymyp saz diñleýärdiler, arasynda: «Sagja bol, köp ýaşa» diýerdiler. Birisi: «Akmyratjan, şu Köne güzeri-de çalyp berseñ» diýp ýüzleneni şu gün ýaly ýadymda. Konsert gutaranda, öñ alan we üstüne «Türkmen studentleriniñ» adyndan ýazgyly uly gül destesini gowşurmak üçin keteni köýnek geýnen aýalym Ejewe berdik. Ol ýerinden turup, güli Akmyrada gowşudy we oña işlerinde üştünlik gazanmagyny diledi. Üç gijeläp, adamlar ýadaman konserte gatnaşdylar. Nämäniñ nämedigini bilmän, parslaryñ aýdym-sazlarydyr tanslarydyr oýedip gelen pars maşgalalary-da bardy. Akmyrat arasynda ýeñil aýdymlary-da sanap bererdi. Her gezek sesi badlananda, ýa-da juk-juga başlanda, parsyñ çagalary gorkupmy, nädipmi sesleriniñ çykdygyndan bagyryp aglaýardylar.

Ata aga eden sylag-hormatymyzy, Gurban Aganýazowada etdik. Olar, Şurewiniñ kosulhanasynyñ ýerleşýän ýeri bolan «Baag-e huny»da ýaşaýandyklary üçin, bizi ol ýere alyp gidip bilmezdi. Şol 78-nji ýylyñ güýzinden başlap, Eýranyñ dürli şäherlerinde režime garşy protest mitingler, demonstratsiýalar we halk gozgalañy başlandy. Ylaýta-da Maşatda gazaply ýörişler bolardy. Şanyñ esgerleri, adamlary rehimsizlik bilen oka düzýärdi. Şäherde, kamindat sagat yglan edilip, gijelerine köçä çykmak gadagandy. Azyk-imit we maşynlara hem-de öýleri ýylytmak üçin gerekli ýangyç gahatçylyk edip başlady. Bir gün Gurban gelip: «Meni Tahrana çagyrdylar, göýe Eýrany terk etmegimiz gerek, ýöne Tahrana aşar ýaly benzin tapyp bilmän kösenip ýörin, tanyş-bilşiñ bar bolsa, hany gaýrat et» diýdi. Men-de «Bolar» diýp, elleri tüpeñli hatar-hatar duran esgerlerden çekine-çekine, baryp bir tanşyñ üsti bilen Tahrana aşar ýaly oña banzin alyp berdim. Bu zatlary agzamagymyñ sebäbi bar, ony soñra aýdaryn.

Režimi protest edip, studentler uniwersitetlere barmadylar, okuwlar ýapyldy. Menem obama dolanyp bardym. Oba adamlara ýurtda bolup geçýän ýagdaýyñ sebälerini düşündirjek bolup kösenýärdim. Özümi bilermen saýardym. Şol günler telewizýoniñ antennasyny uzyn agaça baglap, Aşgabatdan berilýän gepleşikleri diñlärdim. Biriki gezek, Türkmenistanyñ «Dostlyk jemgiýetinden» ýazan hatyma jogap berilip, gazet-žurnal we kitap iberdiler. Bir gezek, Ata aganyñ hem-de Gurban aganyñ nirdegini soramda, hata jogap ýazan Gurban Aganýazow, Ata aganyñ iş bilen Täjigistana gidip, ol ýerdedigini ýazdy.

## Yslamy hökümetiñ basyşy;
## Türkmenistana bosa-bosgunlygyñ artmagy

*"Gyryldy zynjyrlar, üzüldy gamçylar,*
*Azat boldy bu gün garyp daýhanlar."*

*A.Gürgenli*

1978-nji ýylyñ 11-nji Fewralynda/ 22 Bähmen 1357ş-de Eýranda patyşalyk/ monarkiýa düzgüni agdarlyp, ýerine Yslam respublikasy oturdy. Edil şu gün ýaly ýadymda, Türkmensähranyñ bütin oblaryndan adamlar topar-topar bolup, araçäge tarap gitdiler. Köplenç balykçylardy. Ýöne aralarynda men ýaly, Etregiñ añyrsyny görmäge zarlarda bardy. Şonda ilkinji gezek Türkmenistaniñ topragyna gadam basdym. Köp otluk hem çaýylyk ýerlerdi. Ote-çöpe baý topragy görüp geñ galdyk, sebäbi bärde goýuna otlara ýer goýman köpüsi, ekerançylyk ýerlere aýlandyrylypdy. Biraz egelenip, eglenmänkäk, rus soldatlary ýanyndaky itleri, depeden bolsa wertolýotlary bilen ökjämize düşdüler, bizem kä otlaryñ arasynda gizlenen bolup, gaçyp öz tarapymyza geçdik.

Uniwersitetler gaýtadan açyldy, okuwlar başlandy. Maşatda ýörkäm, awtonomýa isläp köçä çykan türkmenler bilen merkezi hökümtiñ arasyndaky dartgynly ýagdaý möwç alýardy. Şol ýylyñ 26-njy Martynda/ 1358-nji ýylyñ Ferwerdin aýynyñ 6-synda Kümmetgowuzyñ «Milli parkyna» ýygnaşan türkmenlere, Eýranyñ dürli şäherlerinden getirlen «ynkylabyñ sakçylary/pasdarlar» asuda geçyp duran mitinge ýygnanşanlary oka düzdüler. Onlarça adam ölüp, köp sanly günäsiz adam ýaralandy. Türkmenler haýal edmän ýaraglanyp, olara gerekli jogaby berdiler. Türkmenler tarapyndan döredilen *«Medeni we Siýasy Ojak»* we *«Oba Şuralaryñ merkezi karargähi* ستاد مرکزی شوراهای ترکمنصحرا » ýaly guramlar, 11 aýlap Sähranyñ kontrolyny öz elinde saklamagy başardy. Şu möhletiñ dowamynda basylyp alanan ekerançylyk ýerler, gaýtadan hakyky eýelerine gowşuryldy, balykçylar, dokmaçylar öz şuralaryny dörtdiller. Oba ýerlerde abadançylyk işler alnyp baryldy. Medeniýet ugurda-da deñi-taýy görülmedik işler edildi. «Folklorik kanun» esaslandy, aýdym-saz, läle-hüwdi we folklorik döredijilik janlyp başlady, klassik şahyrlarymyzyñ eserleri çap edildi. Bir söz bilen aýdylanda, on ýyllyk ýol on aýda geçildi.

Obamyzda ”Kanun” tarapyndan açylan kitaphanada ýaşlary kitap bilen gyzyklandyryp, olara dürli temadan gürrüñ berýärdim. Kitaphanany ýegenim Kaka (Abdulmelk) bilen dolandyrýardym. 1980-nji ýylyñ güýzünde esgerlige gitdim. Pasdarlar Sährany basyp alandan soñra oba kitaphanalar-da ýapdyryldy.

Bular ýaly ösüş-özgerişleri görüp, çydap bilmedik merkezi hökümet, 1980-nji ýylyñ 8-nji Fewralynda ýene bir gezek Kümmetgowuza ýaragly güýçlerini sürdi. Deñ bolmadyk söweşde, onlarça türkmen öldi, köpüsi tussag edilip, soñra ölüm jezasyna hüküm edildi, birnäçesi bolsa pars otrumly şäherlere sürgün edildi.

Türkmenler tarapyndan döredilen milli guramalar, oba şuralary, hatta «İl güýji», «Türkmensähra habarnasy» ýaly neşirleriñ çapy gadagan edildi. Bedelje diýen oba, edil 1925-nji ýylda Yrza şanyñ döwründe Sallah-yñ ot berilişi ýaly, kül edilip, sowruldy.

Dokuz aýlap Sährany öz kontrolynda saklap gelen güýçlere ýolbaşyçylyk eden *Şirmuhammed Tumaç, Hekim Magtym, Tuwakmäd Wahedi, Söýün Jürjany* dagy namartlarça ogurlanyp, gorkaklygyñ mysaly hökmünde sudsyz- dadgahsyz, gijäniñ garañkylygynda dogram-dogram edilip öldürildi we jesetleri Gülüştan tokaýlygyna atyldy. Türkmenleriñ aýaga galmagyndan gorkan hökümet, bu ajy wakanyñ üstüni basyrmak, hem-de onuñ unudylmagy üçin porsat gözleýärdi. Her gün bir bahana tapyp, bolan jenaýaty, onuñ, munuñ üstüne atýardy. Yslamy hökümet, Türkmensährede dogurdanam terror howasyny, gorky atmosferasyny döretdi. Toýlar, ýaslara öwrüldi, bagşylaryñ tamdyralary owradylyp, olara, şäher ortasynda dürre/gamçy urýardylar. Gadyr gijelerinde läle kakýan gyzlara azar bererdiler, balykçylar rehimzizlik bilen oka düzülýärdi. Ýadymda bir gün Akgaladan bir awtobus doly türkmen ýigitlerini tutup, Gürgeniñ «Buýeh» zyndanyna atdylar. Kümmetden bolsa her gün bir türkmen ýigidiñ atylyp öldürlen habary gelýärdi. Bir gün *Abdylla Gyzyl*, bir gün *Meretgeldi Bidar*, başga bir gün *Hally Hallyzadeh(Algyr), Ybraýym Nedimi, Arça Besiri, Hezretguly Kör, Hamyd Ferjad, Gürgen Bähelke, Änin Göklany, Ýakup Kürt*…beýle ajy habarlara ýürek çydamaýardy.

1980-nji ýylda okuwmy tamamlamdan soñra, ilki Tehrana, soñra Tebrize, harby gulluga gitmeli boldum. On sekiz aýdan soñra, Türkmensährada höküm sürýän ýawuz ýagdaý ýüzünden Tehranda galmagy mahul gördüm. Gulluga gitmezden ozal, oba şurada aktiw hereket edenim üçin, Sährada tanalýardym, ýöne ol wagtlar, hökümetiñ gizlin gulluklary onçakly güýçli bolmanlygy üçin, başga şäherlere gidenleri tanap durmaýardylar. Tehranyñ garyp mähellesi bolan ”Nazy abatda” resmi bolmadyk suratda orta mekdepde mugallym bolup

işe alyndym. Şondan iki ýyl öň öýlenipdim we aýalym *Ejegül*de indi maňa goşlupdy. Bir otagly jaýy kireýne alyp ýaşaýardyk. Mundan bir ýyl geçipdi. 1983-nji ýylda milli şahyrymyz Magtumgulynyň 250 ýyllyk ýaş toýuny bellemek üçin, Kümmetgowuzyň ýaşullary, adamlary *Akdokaýa* çagyrdylar. Şol dabara gatnaşmak üçin Türkmensähra gitdim.

Akdokaý märeken hym berýärdi. Adamlar içmeklerine dolanyp, depeleriň hem baýyrlaryň üstünde agşamlaryny geçirip, ertirki geçiriljek dabara garaşýardylar. Sähranyň her künjünden gelipdiler. Hökümetiň gizlin gulluklary-da gelip, çem gelen ýerde adamlary surata düşürýärdiler. Men birnäçe ýoldaşym bilen minibusda, bir gije öň Akdokaýa barypdyk. Ol ýerde agaç öýler dikilip, birsinde bagşylar aýdym aýdýardylar, birsinde dessançylar aldygyndan Göroglydyr başgalardan gürrüň berýärdiler, beýlekisinde Magtymgulyhonlar, şahyryň goşgularyny okaýardylar. Garaz, diýseň gözellikdi.

Ertesi dabara başlandy. Ozaly bilen karylar Kurhandan aýatlar okadylar, soňra görnükli ruhany we Magtymgülyşynas *Abdyrahman ahun Teňli (Tana)* Şahyryň ruhany we dini taraplaryny wasp edip, goşgularynyň pelsefesi düşunirmäge synanşdy. Soňra gezek şahyrlara ýetdi. *Settar Sowgy* Şahyryň *«Essalam eý äl-ul gubur»* diýen şygryny okandygy ýadymda. Ylgama ýaryşy geçirildi. Bir ýandan bolsa gazan-gazan palaw bişirilýärdi. Nahar wagtyna garaşylýardy. Birden-de gara tupan ösen ýaly bolup, gazanlara atarylmaly tüwiler, ýere serpildi. Bir baksam, hökümetiň ýaragly güýçleri: «adamlar, indi bes ediň, dabara tamam boldy» diýp, gelen myhmanlary kowup başlady. Olar serhet ýakasynda beýle ýygnanşygyň, režim üçin howply boljakdygy bilen märekäni dargatmaga synanşýardylar. Ýaşullaryň töwellasy-da peýda bermedi. Şeýdip, milli şahyrymyzyň 250-nji ýyllyk dabarasyny gödeklik bilen dargatdylar. Geň tarapy, Türkmenistan öz garaşyzlygy jar edip, her ýylda resmi suratda Türkmenistaniň döwlet işgärleri Akdokaýa gelip başlandan soňra,

Eýran hökümeti. Magtymgulyny, Eýranyñ musulman şahyry diýp kiçi dilden hormatlankiş bolup gelýär.

Dabaradan Tehrana öwürlip gelemde, mekdebiñ müdiri meni ýanyna çagyryp, öñüme şol dabarada çekilen suratymy atdy-da: «Mundan buýana bu mekdepde işläp bilmeýäñ» diýdi. Menem çäresiz kabul etmeli boldum. Ýokarlara şikaýat edeýin diýsem, bir tarapdan resmi işe alynmanlygym bardy, aýry tarapdan, režime wehim salýan dabara! gatnaşanym bardy. Bi-alaç paty-putularymy dañysdyryp, obamyza göçüp geldim.

## Öñki dostlaryñ gözleginde

*”Ne safaly günmişdik deñ-duş bile baş goşan,*
*Başyñ al git, kowuldyñ, ne dost bildiñ, ne duşman…*
*Magtymguly*

Türkmensähra dolanyp gelemde, režimiñ döreden terror atmosferasy azajyk-da bolsa köşeşene meñzeýärdi. Häkmiýet organlary Sähranyñ ähli ýerlerinde ýagşy ornaşypdy. Režim indi garşysyna baş göterip biljek güýjüñ ýokdugyna mazaly göz ýetirip, irişmäni biraz gowşadypdy. Zyndana atylan ýigitlere, ökünç sorap, munda beýläk režime wepaly boljakdyklary hakynda dil hatyny beren ýagdaýlarynda– elbetde howply bolmadyklara– azatlyga goýberiljegi duýdurlypdy. Azat edilenleriñ arasynda Sapar Ensary bilen Nurmuhammed Aşyrpur dagy bardy. Tuda partyýasyna agza bolan we 1948-nji ýyllarda Türkmensährадan Türkmenistana sygnanlardan bolan bu iki adam, 1979-da Yslamy ynkylap ýeñiş gazanandan soñra, dogduk diýarlaryna öwürlip gelipdiler. Şol wagtlar Türkmensährada syýasy hereketler möwç alýardy. Bir ýandan «Halkyñ Fedaýilar guramasy», aýry tarapdan ”Tuda” partyýasynyñ

tarapdarlary özlerine tarapdar tapyp, bir-birine bäsdeş hereket edýärdiler, bulardan başga-da ownuk-uşak syýasy toparlanşyklar-da ýok däldi.

Kümüşdepeli Sapar Ensarynyñ bosgunlykdan dolanyp gelenini eşiden Gaýyp daýymyñ doganlary, haýal edmän onuñ ýanyna baryp, ýitenlerini soradylar. «Gaýyp Täjigistanyñ paýtagty Duşenbe gitdi. Taryh fakultetine girdi. Biriki gezek bizi görmek üçin Aşgabada geldi. 1956-de okuwny tamamlap, täze işe başlajak mahalynda, gyşyñ güni kömürden syzan gaz onuñ ömür tanabyny kesdi. Mazary-da şol şäherde galdy» diýp, Sapar aga jogap berýär. Olaram boýunlaryny büküp, oba dolanyp gelip, merhumyñ hormatyna aýat-sadaka berýärler. Şondan bir aý geçip, geçmänkä Patma daýzamyz-da amanadyny tabşyrdy. Gaýyp daýymyñ Hydyr bilen Ylýas diýen ogullary bolsa şondan 20 ýyl ozal Mazenderanyñ pars otrumly Behşeher diýen şäherine göçüp gidipdiler. Sebäbi, Türkmensährada olara «atañ kommunist» diýen igenç sözler artýardy. Olar häzirem şol şäherde ýaşaýarlar. Gaýybyñ ady dakylan Hydyryñ ogly bolsa doktor/wraç bolup ýetişdi. Şol 47-nji ýylda Türkmenistana sygnanlaryñ hemmesi diýenýaly ýañy öýlenen ýigitlerdi we yzlarynda bir ýa-da iki çaga taşlap gitmäge mejbur bolupdylar. Sapar aganyñ-da şol wagt *Ata* diýen ogly dünýä inipdi. Ol Tehran uniwersitetinden sosýologiýa ugrundan okuwny tamamlady, ýöne SAVAK, dädesi sebäpli oña az igenmedi. Yñkylabyñ öñ ýanynda ol Kümüşdepäniñ magaryf edarasynyñ başlygy boldy. Bir gün Ata, dädemiñ müdürlik edýän mekdebine geldi. Ol wagt şah režimi agdarylmandy. Dädemi görmek üçin menem mekdebe barypdym. Şonda Tuda partyýasy tarapyndan daşary ýurtlarda neşir bolýan «Dünýä» žurnalynyñ bir sanynda Sapar aganyñ «Türkmenistanyñ 50 ýyllygy» barasynda ýazan makalasyny tapyp okapdym. Men ýuwaşjadan şol žurnaly dädeme berip, ony Ata görkezmegini isledim, ol bolsa ony görse-de görmediksirän bolup, ýüzüni sowdy. Nurmuhammed Aşyrpudan perzent bolmady. Ýöne Amanmuhammed Yslamy Türkmenistana geçende yzynda *Ýüsüp, Ahmat* diýen ekiz ogulalry

galypdyr. Ýalňyşmasam 1970-nji ýyllarda araçägiň ýakasynda kombaýinda işläp ýören we dädesiniň hasratyna zar bolup ýören Ahmat, araçäkden ötüp, atasynyň ýanyna barmagy başarypdyr. Onuň ykbaly barasynda soňra gürrüň bererin.

Howa! Sapar aga bilen Nury däde, Türkmensähra dolanyp gelenlerinden soňra Tuda partyýasyna bolan wepadarlyklaryny dowam etdirdiler. Ýöne syýasy hereketleriň ýany bilen medeni ugurlarda-da alada edýärdiler. Sapar aga Bendertürkmende-Spris köçesindäki gadymy binada Türkmen dilini sapak berýän kursy ýola goýdy, Nury däde bolsa Berdi Kerbabyýewiň *«Gyzlar dünýäsi»*, «Mollanepesiň diwanyny» arap hatynda çapa taýýarlady, olary *Muratdurdy Gazy* çap etdirdi. 1979-nji ýylyň iýul aýynda esasy kanuny düzmek boýunça Eýranyň «Hobregan» mejlisi üçin saýlaw geçirlende, Sapar aga Bender we Kümüşdepeden kandidad boldy, Fedaýilar guramasyndan bolsa Şirli Tumaç bilen Hekim Magtym. Bular gereki sesi almagy başardylar, ýöne bolan galplyk ýüzünden mejlise girip bilmediler.

80-nji ýylda bolsa Türkmensährada eýýam hemme zat tersine dönüpdi. Tutha-tutlyklar başlandy. Gapçalanlaryň arasynda Sapar aga bilen Nury däde-de bardy. Sapar aga Gürgeniň ”Buýeh”, Nury bolsa Tehrana baranda awtobus terminlyndan göni ”Ewin” zyndanyna alnyp gidilýär. Olar 7-8 aý ýatanlaryndan soňra erkinlige goýberilýär. Men Nury agany ilkinji gezek Kümmetgowuzda halyçylyk ugrundaky bilermen *Nazjan Niýazynyň* öýünde gördüm. Nazjan aga, 70-nji ýyllarda bir gezek Owganystanyň üşti bilen Aşgabada barandygyny gürrüň berdi. ”Wah Nury, biraz çekindim-da, ýogsam Aşgabatda sizi görübem biljekdim” diýdi. Ýalňyşmasam 1984-nji ýyllardy. Şonda Nury aga Seýdi şahyr hakynda işleýändigini we iki Seýdi şahyryň bardygyny gürrüň berip, onuň birisiniň Lebaply Seýdnazar Seýdi, beýlekisiniň bolsa Etrekli Artykmuhammet Seýdi (Seýdi hoja)digini we onuň bilen obadaş bolan Zelili-niň Hywa ýesir alnyp gidilendigini aýdyp beripdi.

Zyndandan çykandan soñra, Nury aga ýegeniniñ öýünde boldy, horrak ýaşaýardy. Keç ykbal oña ajap oýun oýnapdyr. Patyşalyk režimi agdarylmazdan bir ýyl öñ, Nury aganyñ Kümmetgowuzdaky aýalynyñ hossarlary ondan talak hatyny aldyryp, bulary aýryşdyrýarlar. Bir ýyl soñra Nury aga öwrülip gelende, eýýam iş-işden geçip, aýalynyñ başgasyna äre berlendigini bilip galýar. Men biriki gezek Nury agany görmek üçin ýegenlerine barypdym. Bir gezek baramda, onuñ uzak ýere gidendigini we gaýdybam gelmejegimi aýtdylar. Soñra bilip galsam Nury däde ýene Türkmenistana gaçyp geçipdir.

Zyndanda, Sapar agnyñ gan basyşynyñ öñüni alýan dermany berilmäni sebäpli, gan basyşy gözüne urup, gözi görmez ýagdaýda Kümüşdepedäki ogly Atanyñ öýüne dolanyp gelýär.

Şol günler men ýañy Tehrandan Türkmensähra dolanyp gelen wagtlarymdy. Tanyşlardan «Kanun-da» we «Setat-da» aktiw iş alyp baran dostlary soramda, başda bilemizok diýp jogap bererdiler, soñ-soñlar olaryñ Türkmenistana geçendiklerini eşitdim. Sürüden galan goýun ýaly, näderimi bilmän geziberdim. Bir ýandan işsizlik, bir ýandan geljege umytsyzlyk depämde gara bulut bolup oýnaýardy.

Bir gün iş sorap, Kümüşdepä Ata Ensarynyñ ýolbaşçylyk edýän magaryf edarasyna bardym. Uzakradan tanyş bolanymyz üçin meni bir ýyl synag möhleti bilen işe aldy, şeýdip Kümüşdepe we onuñ töwereginde orta mekdep mugallymy bolup işe başladym.

Okuw sapaklarymda başardygymdan Türkmenistan barasynda gürrüñ berýärdim. Şol wagtlar Kerim Gurbannepesiñ goşulary Sährada giñden ýaýrap, el bilen arap hatyna geçirlip, öýden öýe ýaýradylýardy. Şahyryñ goşgularyny goltuk depderime ýazyp, mahal-mahal okuwjylaryma okap bererdim, gije dostlar bilen oturşykda aýdyp bererdim. Türkmensähranyñ dürli ýerlerinde düşünjeli ýigitler, Türkmenistanda çap bolýan kitapdyr, gazet-žurnallary

tapardylar. Tehranda bir ermeniñ kitap magazyny bardy, oña baryp *«Sowet Edebiýati», «Edebiýat we Sungat»* ýaly gazetlere ýazyldym. Gazetler Moskwañ üsti bilen Tehrana getirlerdi. Aşgabat radiosyny ürç edip diñlärdik, tutup bolan ýagdaýynda Türkmenistan telewidniýesini tomaşa ederdik. Antennanay uly agaja dikip Aşgabady tomaşa edýänimi bilen Yslamy ynkylabyñ sakçylary/pasdarlar, ony aýyrmak üçin duýduryş berdiler.

Şol döwürde serhediñ iki tarapynda ýaşaýan garyndaşlara, duwşuşmak üçin rugsat berilip başlandy. Şonda Türkmenistana gidip gelen ýaşlaryñ-da sany biraz artdy. Olar özleri bilen tamdyra, aýdym ýazgylaryny, foto albomlary, gazet-žurnallary getirýärdiler. Ýöne nämedir hiç haçan Türkmenistana sygnan dostlarym barasynda habar gowuşmaýardy. Munuñ sebäbini soñra özüm ol ýere baramda bilip galdym. Howa olary-meni-de, baryp Owganystanyñ, Özbegistanyñ araçägine ýakyn Çärjewe eltip, göz tussagynda saklanmyşlar.

Eýranda mekdepler 3 aý tomus dynjalyşa çykardy. Şol porsatdan peýdalanyp, uniwersiteti tamamlamak üçin ýazan dessertatsiýamy kämilleşdirip ugradym. Onuñ temasy Türkmenleriñ taryhy hakyndady. 1976-njy ýylda okuwum tamam bolmazdan ozal, bir tema saýlap, okuw tamam bolýança ony işläp tabşyrmalydy. Men türkmenleriñ taryhy diýen temany saýladym. Mugallym-da kabul etdi. Bir gün dekanyñ başlygy meni otagyna çagyrdy. Barsam, otagda iki sany ýat adam-da bardy. Olar gara eşikli, gözlerine-de gara äýnek dakypdylar. Olaryñ ýörite gullukdan bolandygyny meniñ studentlik duýgularym aýdyp berdi. Bölüm başlygy: «bu jenaplar seniñ bilen özara gürleşjekler» diýp, otagdan çykyp gitdi. Olar maña näme üçin dessertatsiýamy türkmenler barasynda saýlandygymy soradylar, menem Türkmen bolanym üçin, öz taryhymyzy bilesim gelýär diýp jogap berdim. Onda olar, başga zatlar hakynda ýazmagymy teklip etdiler, men boýun bolmadym. Ahyrynda: «bolýar, türkmenler hakynda ýaz, ýöne onda Pählewi döwründe türkmenleriñ gaty ösendigini ýörite belle, eger şeýtseñ, onuñ çapy üçin saña pul kömegini

bereris» diýdiler. Men-de olar bilen gaýzalaşyp durmaýyn diýp, «oýlanyp görerin» diýp çykyp gaýtdym. Şondan bir ýyl geçensoñ patyşalyk režime garşy bütin ýurtda aýaga galmalar başlandy, menem dessertatsiýamy öz isledigim boýunça ýazyp, iñ ýokary baha ýagny (A) bilen tabşyrdym.

Şol işim 70-80 sahypadan ibaratdy. İndi ony kämilleşdirmek üçin amatly pursat gelipdi. Ozaly bilen Hazar deñziniñ ýakasyndan başlap, Jergelana çenli türkmenleriñ durmuşyna degişli dürli pursatlardan, taryhy mekanlardan, etnografiýa degişli simwollariñ ähisini surata düşürdim. Soñra ýaşullar bilen söhbetdeş bolup ýakyn taryhymyz barasynda maglumat ýygnadym. Tehrana gidip, gadymy dokumentleriñ saklanýan merkezi edaradan türkmenlere degişli hat-petekleri kopiýa edip aldym, ýöne haýyp, «Tehran uniwersitetiñ» kitaphanasyndaky gadymy gazetleri görüp çykmaga ýetişmedim, ýurtdan çykmaly bolupdym. Şeýdip «Türkmenleriñ taryhyna gysgaça syn» atly işim 1986-njy ýylda Tahranda pars dilinde çapdan çykdy. Munuñ ýany bilen, içeri işler we magaryf ministerliklerindäki dokumentler esasynda ýörite bir işi-de taýýarlap, çap etmäge rugsat almak üçin «wezaret-e ferheng we erşaada وزارت فرهنگ و ارشاد اسلامی» tabşyrdym. Ýöne olar ikinji işimiñ çap edilmegine rugsat bermediler we onuñ el ýazmasyny-da gaýdyp bermediler. Ýöne men tabşirmazdan ozal ondan bir nusga kopiýa alypdym.

Mekdep sapaklary tamam bolandan soñra, ýa-da dynç günleri Kümüşdepede ýaşuly adamlaryñ ýanyna baryp, başdan geçiren ýagdaýlary we taryhy wakalar hakynda sorardym. Kümüşdepäñ belli ýaşulylaryndan *Nury Mahdum* diýen birisi bolup geçipdir. 1925-26–njy ýylalrda, Yrza şanyñ hökümeti, türkmenler berk kontrol astyna almagy üçin, ondan oña göçmekleiniñ öñüni alyp bir ýerde oturmaklary syýasatyny alyp barýardy. Hökümet bu işini Nur Mahdum ýalylaryñ üşti bilen amala aşyrypdyr. Şol Nurynyñ agtyklarydan bir gyz meniñ şägirdimdi. Bir gün olara baryp, gadymy zatlardan soramda, maña täsin bir suraty görkezdiler. Ol surat Nury aganyñ ogly *Musa*nyñ Moskwada düşen

suratydy. 1932-nji ýyllarda doglan Musa, okuwny tamamlandan soñra Kümmetgowuzda dogluş şyhadatnama berýän «Sebt-e ahwal ثبت احوال» edarasynda işleýär. Musa, 1961-nji ýylyñ fewralynda, *«Ýalkap gassap»* bilen bilelikde Kümmetgowuzdan Türkmenistan geçýär. Ýalkabyñ, 1950-nji ýyllarda *Arazmuhmmet Tekäni* atyp öldürendigi-de aýdylýar. Türkmenistanyñ KGB-siniñ yzarlamalaryna uçran Musa soñra Äzerbeýjana gidip, ol ýerde ”radiologiýa” ugrundan okuwny tamamlanýar. Musa bir rus aýaly bilen öýlenýär. Ondan bir gyzy bolýar oña «İran» diýp at dakýarlar. Yzarlamar zerarly birnäçe gezek daşary ýurtlara gitmegi ýüregine düwýär, hatta Aljyrdan wiza alýar, ýöne çykyp gitmäge rugsat berilmeýär. Aşgabatda Nury Aşyrpuryñ maña aýtmagyna görä, Musa soñky döwürlerde köp arak içip ugraýar. 1991-nji ýylda Türkmenistan garaşsyzlygyny jar edenden soñra Musa Nebitdaga göçýär we ömrüniñ ahyryna çenli ýagny 1997-nji ýylyñ fewralyna çenli bu ýerde ýaşaýar. Şol senede aradan çykan Musa Mahdumy, Esengulynyñ gonomçylygynda jaýlaýarlar.

Kümüşdepede şeýle-de indi öz ogly Atanyñ öýünde ýaşaýan Sapar Ensarynyñ ýanyna barardym. Bu adam milli şahyrymyz Magtymgulyñ goşgularynyñ üstünde Türkmenistanda köp ýyllap işländigini we alym aýaly *Zylyha Muhammedowa* bilen klassiki eserler barasynda köp kelle döwşendigini ýöne şol wagtky Türkmenistanyñ şertlerinde olara çap edilmegine rugsat berilmändigini aýdyp berdi. Ol öz işlerini ýany bilen alyp gaýdandygyny we amatly pursat gelende Eýranda çap etdirmek maksadynyñ bolandygyny aýdyp, birden-de başyny ýaýkady: «hä, näme boldy Sapar däde» diýdim. «wah, biziñkiler gorkak bolýar-da. 4-5 ýyl mundan ozal meni tutup alyp gidenlerinde, öýdäkiler bar kitaplarymy, şol sandan Magtymguly hakyndaky el ýazgy işlerimi sygyr ýatagynda gömüpdirler, soñra açyp görsem, barysy erip, zaýalanypdyr» diýip ahmyrly gürrüñ berdi. Şonda beýle işleriñ meniñ başyma gelendigini-de aýdyp berdi. Bir mahal Gaýyp daýym tutulanda, onuñ dädesi Sähet aga baamda

gizlenip goýlan kitaplaryny tamdyrda ýakyp, aýaly Enekäniñ şol ot bilen çörek bişirendigini ejem gürrüñ beripdi. Şol wagtlar «Türkmen sesi» diýen gazet çap bolupdyr, indi şondan dermanlyk üçin ýekeje nusgasyna-da gabat gelnenok.

Sapar aga «hiçden giýç ýagşy diýpdirler» diýp, «hany, aç bakaly Magtymgulyñ kitabyny» diýerdi. Onuñ gözi görmeýärdi. Menem Kümmetgowuzda Gazynyñ çap etdiren «Magtymgulynyñ kämil diwany» diýen kitabyny açyp, goşudan biriki setir okamda, «bu Magtymgulyñky, bu *Gylyç Mülliñ* bereni, bu *Molla pürliñki*, baý, bu goşgy Görogly-da bar, bu Molla nepesde-de bar, bu goşgy Seýdi hojañ «goşa pudagyndan» diýp goşgulary ýekän-ýekän bellik etdirip çykdy. Men Sapar aga Türkmenistana gaçyp gitjekdigimi aýdamda, başyny ýaýkap: ”wah, oglum, ýalñyşma, sen bu ýerde ”erkin gazaksyñ”, gitmegiñi sala bilmeýärin” diýdi. Garaz bu geliş-gidişleriñ netijesinde mende Magtymgulyny öwrenmek höwesi günsaýyn artdy. Nirdesiñ Jergelan diýp, Gerkez obasynda *Ata işan* we onuñ Magtymguly hakynda köp rowaýatlary bilýän merhum *Gara işan (Muhammedi)* bilen tanyş boldum. Şahyr barasynda kän zatlary öwrendim. Ata işanyñ aýtmagyna görä olar Magtymgulyñ dogany *Gahyr guluñ* nebireleri eken. Olar Eýrana geçmezden ozal Garrygalanyñ Gerkez obasynda ýaşapdyrlar. Bolşewikler gelende Eýrana aşmazlaryndan öñ, bir sandyk doly kitaby, şol sandan Magtymgulyñ golýazmasyny obañ ýanyndaky ”Monjukly” depäniñ üstünde gömüp, yzy belli bolmaz ýaly üstünde goýun sürsüni ýatyrypdyrlar. Türkmenistan garaşsyz bolandan soñra Ata işan her ýyl diýen ýaly Türkmenistana baryp gelýär, şol gömülen hazynanyñ tapylyp tapylmandygyny bilmedim.

Seýdip Türkmensährada işläp ýördim. Şol wagtlar Aşgabat radiosyndan «Meniñ watanym» diýen gepleşik berilýärdi. Şonda daşary ýurtlarda ýaşýan türkmenler hakynda söhbet edilýärdi, diñleýjileriñ ýazan hatlary okalýardy. Ony *Muhammet Muratlyew* alyp barardy. Bir gezek radio hat ýazyp, Aşgabatda Göroglynyñ ýadigärliginiñ bolup bolmanlygyny soradym, şonda ýokdugy

aýdyldy. Geñ galdym. Soñra Gaýybynyñ goşgusy bolup, Magtymgula berilen «Saz bilen söhbete ýaman diýmäñler…» goşgunyñ kimiñkidigini soradym. *Abdyrahman Mülkimanow* gelip, ol goşgunyñ Magtymgulyñkydygyny aýtdy, ýene geñ galdym.

Garaz, ýatsam, tursam hyalym Türkmenistandady. Kitabym çap bolandan soñra, Türkmensährada il arasynda köp tanalyp başladym. Şol wagtlar toýlarda bagşy aýtdyrmak gadagan edilipdi, onuñ ýerine goşgy aýdylýardy, ýaş şahyrlar täze ýazan şygyrlaryny okap bererdiler. Şol wagtlar Settar Sowgy, *Aýdy Ownuk* dagy belli şahyrlardy. Soñra gezegi maña bererdiler, menem başardygymdan türkmenleriñ taryhy, köneki däp-dessurlary hakynda, sazlaryñ gelip-çykyşy barasynda bilýän zatlarymy aýdyp bererdim. Dura-bara tamdyra öwrenmäge gyzyklandym, hatta «Arzuwum» diýen sazy çalmagy başarypdym.

Şol ýyllarda türkmenler we Türkmensährada bolup geçen wakalary görkezýän diwardan asylýan kalendary taýýarlardym. Ony, oñat reñekli suratlar bilen bezedim, ýöne kä ýerlerini el bilen reñkli çyzmalydy, şoña görä Bendertürkmenli *Hangeldi* diýen tanyşymyñ ýanyna bardym. Ol mugallymçylygyñ ýany bilen toýlarda akardeon-da çalýardy, el çyzgy/ nakgaşlykdan-da habary bardy. Seýdip onuñ bilen dostlygymyz uzap gidiberdi. Dostlar bolup kämahal biziñkide, käte olarda üýşerdik, çaşardyk. Bir gün *Gapbar* diýen dostum: ”Eşitdiñmi, Hangeldi, ýitrim bolup ýör, gaýrak geçen bolmagy ahmal diýýärler, çagalary bolsa bärde, Benderden Hojanepese göçüp bardylar” diýp, maña geñ zady gürrüñ berdi.

Meniñ at gazanyp ugramagym bir tarapdan zyanyma-da boldy. Yslamy režimiñ belli günlerinde, Bendertürkmen we Akgala ýaly şäherlerde geçirlýän ýörite dabaralarda çykyş etmäge çagyrlardym. Ýöne her gezek bir zady bahana edip, beýle dabaralara gitmekden saklanardym, şol sebäpden adym, režimiñ

gara sanawuna alynypdyr. İndi Türkmensährada ýaşamak diýseñ güzap bolup başlady.

Bir gün Kümmetgowuzdan giýewimiz *Kaka.M* geldi. Gürgen akarynyñ kenaryna gidip, gürrüñdeş bolanymyzda ol maña Türkmenistana sygnan *Jelil Salak* diýen birsiniñ ölendigini we onuñ aýadynyñ Kümmetgowuzda alnandygyny aýtdy. Kaka, onuñ sowuklap ölendigini, ýöne bu gürrüñiñ şüphelidigini-de sözüne goşdy.

## Etrege tarap…

*”Magtymguly huş eýläp, gezgin didäñ ýaş eýläp,*
*Däli köñül joş eýläp, ýüz müñ hyaly gözlär.”*
*Magtymguly*

1986-nji ýylyñ iýul aýynda bir gezek *Kaka* gelende, Türkmenistana geçmek barasynda köp oýlandyk. Ýoly-yzy tanymak üçin Kakañ motory bilen serhet ýakasyna ugradyk. Obalardan esli saýlandyk. Bir ýerde «serhet ýakasy, mundan beýläk geçmek gadagan» diýen bellik oturdylypdyr. Biz oña garamazdan ýolumyza dowam etdirdik. Uzakdan, depäñ üstündäki *«Seññerdepe»* serhet postuny gördük, şoña ýetmänkäk, motormiz pençer bolup, tigiriniñ ýeli boşady. İndi ne öñe, ne-de yza gidip bolýardy. «Aý, näme bolsa şol bolsun», Kakany motoryñ ýanynda goýup, ýeke özüm posta tarap ýöräberdim. Depäñ üstüne çykdym. Binanyñ üstünde eli ýaragly bir esger garawulçylyk edýärdi, ýöne onuñ arkasy maña bolany üçin meni görmedi, gapyñ agzynda düýrlip ýatan bir eti gördüm, biçäre üýrmeden ýüz esse bizar, açlykdanmy, nämemi, zordan gözüni açyp, ýumýardy. Salam berip içerik girdim, birbada meni geñirsemediler, her kim öz işi bilen boluberdi. Men,

motorymyñ pençer bolandygyny we nasus/tulama gerekdigini soradym, olaryñ birisi bolýar diýen bolup, ol jaýa geçdi welin, yzyndan alagalmagal bolup, gara syraty zabully bir Gurhban/onbaşy gelip: «Bu ýerlerde näm bolup ýörsiñ, gelmegiñ gadagan däldigini bilmeýärmisiñ» diýip üstümden gygyrdy. Men oña bu ýerde ýaşaýan çopanlaryñ durmuşyndan surat almaga gelendigimi we motorumyzyñ pençer bolandygyny aýtdym. Olar soñra Kakany-da alyp geldiler. Birki sagatlap mazalyja sorag edip, kagyza geçirdiler. Soñra aç-suwsyz, bir maşyna mündürip, *İnçeburun* serhet postuna getirdiler. İkininara bolsa ellerimizi dañyp, başga bir maşynyn ardyna mündirip, Kümmetgowuza alyp gaýtdylar. Ýolda Akgaladan geçip barşymyza tanyş dostlar bizi gördüler. «Heý, biýçäreler» diýp, başlaryny ýaýkap galdylar.

Agşamara Kümmete baryp ýetidik. Köçeden barýan bir tanyşyny gören Kaka, daýzasyna habar bermegini we iýer ýaly bir zat getirmegini aýdyp ýetişdi. Soñra maşyn «Merzbaani dereje ýek Etrek مرزبانی درجه یک اترک» ýazgyly serhet garawul edarasynyñ merkezine girdi. Bir salymdam Kakañ tanyşy nahar alyp geldi we «gaýgy etmäñ, hiç zat diýmezler» diýp, göwünlik berip gitdi. Nahar iýip oturşymyza, Kaka: «wah, men seni gaýgy edýärin, sebäbi meniñ ozalky geçmişim bilinse, agyr boljak» diýp, uludan demini aldy. «Kümmet urşuna gatnaşdy» diýp, Kaka yzarlanýardy. Bu dogurdanam hem onuñ, hem-de meniñ üçin howpdy. Agyr jeza berilip biljekdi. Garnymyza bir zat oklanymyzdan soñra, zabylly bir gruhban gelip−Türkmensähra göçürlip getirlen zabyllylaryñ okan oglanlarynyñ köpüsi žandarmada işe alynýardy− ýanymyza gelip: «ýalla» diýp, ýerimizden turmagy buýurdi. Ol bizi, ýerzemindäki darajyk ýerde zyndan etjek boldy. Men oña: «dur, how, men goşunda ofisser bolup gulluk etdim, senden derjäm ýokary» diýip, soñra kartimi/şyhadatnamamy görkezdim. Ol derrew çes berip: «bagyşla, jenap serwan» diýdi, soñra howlyñ ortasyna iki sany tagt/krawat getirip, sergin howda ýatmagymyza rugsat berdi. Ýatmazdan öñ, bir istekan çaý alaýyn diýp, binayñ içine girdim. Bir jaýdan «tykyr-tykyr»

telegraf çekilýän sesler gelýärdi. Onda biziñ serhet ýakasynda ele salnanymyz hakynda merkeze raport berilýärdi. Dañdan birsi gelip: «jenap oýanyñ, säher nyzam başlanjak, siz şu salona geçip ýatyberiñ» diýdi.

Sagat sekizde, olar bizi soraga çekmezden öñ men olardan öñürtiläp, ýokary derejeli ofisseriñ ýanyna baryp: «jenap, serhet ýakasynda ýaşaýan çopanlaryñ durmuşyndan surat almak üçin, şol ýerlere gitmäge rugsat hat bermeñizi haýyş edýärin» diýdim. «Bolar, göreris» diýp-diýmänkä, bir esger çes berip, ýuwaşdan oña bir zat diýdi. «hä, beýlemi» diýp, maña naynjar seretdi. Soñra: «bar, ol otagda bir näçe soraga jogap ber» diýdi. Men görkezilen jaýa girdim. Graždan/ şahsy eşikde, ak köýnekli, orta ýaşly bir adam stolyñ añyrsynda otyrdy. Maña oturgyç görkezip, sorap başlady. «adyñ, işiñ, ýaşaýan ýeriñ, Türkmenistanda tanyşyñ barmy, daşary ýurtlarda garyndaşyñ barmy», garaz, «ölüñ soragyny» berdi. 7-8 sany uly sahypany doldurdy. Men serhetçiler tarapyndan tussag edilmän, öz aýagym bilen posta barandygymy, ynanmasañyz, sorañ diýp, olardan üstün gepledim. Şonda olar, biziñ baran serhet postumyza telegram çekip, ýagdaýy soradylar. Bagtymdan, şol postuñ žandarma başlygy, dädemiñ tanyşy bir türkmen bolup çykdy, ol ýagdaýy boluşy ýaly aýdyp beripdir. Şonda ozalam bir beladan dädemiñ halas edendigi ýadyma düşdi. Bu wakadan bir ýyl öñ, aýalym bilen bile, Marawadepäniñ ýokary ýanynda Gazangaýa, surat almaga gidipdim, öwürlip gelşimize, bir çopan durmagymyzy haýyş etdi. Maşyny sakladym. Ol: «şu gelin kesel, ony Marawanyñ keselhanasyna aşyrsañyz» diýdi. Bizem kabul edip, ony özümiz alyp gaýdyk. Ýolda žandarmanyñ jipini gördük, «dur» diýdiler, durduk, birsi gelip, kellesini maşyñ içine sokup, içindäkileri barlady. Maşynyñ arkasynda oturan aýaly görüp: «ohoo, sen nädip ýörsiñ» diýdi, soñra, bize «öñe düş, merkeze gitmeli» diýp buruk berdi. Barşymyza: «gelin, ýanyñda neşe dagy bolsa şu mahal taşla» diýp ýalbardym, olam: «ýok bally, mende hiç zat ýok» diýýärdi. Garaz şeýdip Marawadepäniñ žandarma postuna bardyk. Žandarmlar

aýaly içerik alyp gidip, bize-de: «siz şu ýerde garaşyñ» diýdiler. Biraz salymdan aýak ýoluna gideýin diýp, postuñ howlusyna giremde, meni yzarlap eli tüpeñli bir esger nirä gitsem kölge kimin yzarlaýardy. Toaletden çykamda, ozal obamyzyñ goñşulygyndaky Omçaly obasynda gulluk eden postuñ baştutanyny gördüm. Olam maña tarap gelip, gyzgyn salamlaşyp: «Bu ýerlerde tanamadyk adamyny maşyña mündürme, bu gelin belli neşe satýan toparadan, biz ony ele salyp bilmän ýördük, gaty habardar bol, bar gidiber, seni we dädeñi ýagşy tanaýaryn» diýp, bizi ýola saldy. Bizem haý diýmän, Akdokaýa gelip, Magtymgulynyñ guburynyñ başynda naharlandyk. Howa, indi Kümmetgowuzdaky waka dolanyp gelsek.

Menden soñra Kakany sorga çekdiler. Kakada gowý sapalak atypdyr: «oba baramda, bu (men) meni goýman, motorym bilen araçäge gideýli diýp, haýyş etdi, men-de onuñ bilen gitdym» diýp, soragdan ýeñillik bilen sypypdyr. Öýleden soñra bizi azat etdiler. Kakalaryñ tanyşlaryna gelip, çaý-nahar edinip, oba tarap ýola düşdim. Kakañ motory bolsa serhetde galypdy. İndi ony baryp almagyñ özi güzäpdi.

Erkinlige goýberilmegimden iki gün soñra, öýümiziñ palynda otyrkam, ynkylabyñ sakçylary/ pasdarlaryñ ýakynlap gelýän maşynyny gördüm, öýümize golaýlaberende, onuñ yzyndan birsi böküp, düşüp galdy. Hojalar obasyndan bu habarçy/jasus, bir mahal özüni öldürjek bolup üstünden nebit guýup otlan, ýöne ölmeýär, şoña görä oña «ýanyk» diýýärdiler. Pasdarlaryñ birsi howlymyza girip: «hany plany» diýp menden, meni sorady, meni tanamaýardy. Men: «ol penşenbe bazara gitdi» diýdim. «Gelse, Bendertürkemiñ pasdarhanasyna gelsin» diýp, öte gitdi.

Ertesi 26-njy iýul güni maşynymyz bilen dädem meni Bendertürkmeniñ pasdarhanasyna alyp gaýtdy. Ýolda maşynyñ tigiri pençer boldy. Bendere gelip dädem meni garawulhananyñ öñünde düşürip, tigiri düzetmek üçin şol ýere ýakyn ustahana gitdi. Ynkylabyñ sakçylary/pasdarlar, Bendertürkmeniñ belli

baýy Arazjan Şomalynyñ ogulunyñ kanfikatsiýa/ musadere edilen binasynda ýerleşipdi. (Şomaly diýmek Gaýraly. Arazjan, Balkandan bu ýere göçüp gelipdi, ilki başda arabaçy bolup işlänmiş, soñra işi tutup, traktor, kombaýyn satýar, garaz 60-njy ýyllarda Sähranyñ belli baýlarynyñ biri bolýar. Birki sany uwun karhanasy bardy. Yslamy ynkylap ýeñiş gazanandan soñra ýurduñ hemme ýerinde boluşy ýaly bularyñ zatlaryny ynkylabyñ bähbidine ellerinden aldylar. Şolardan birisi-de şäheriñ merkezi meýdanynyñ ýanynda ýerleşen owadan jaýdy. Ynha şol jaýam soñra pasdarlaryñ merkezine aýlandy. Bir mahal aýal, oglan-uşak girip çykýan öý, indi eli ýaragly, ýüzi-gözi sakgally, pars ýerlerinden getirlen pasdarlaryñ ketegine öwürlipdi). Men içeri giren badyma, ýörite sorag-ideg edilýän otaga alyp gitdiler. Olar soñra, «seniñ işiñ Gürgene geçýär» diýp, bir maşyn bilen arka gapydan şähere alyp gitdiler. Dädem pahyr, çykaryma garaşyp, ikinnine çenli gözzeşipdir. Soñra çäresiz oba dolanyp gaýdypdyr. Ol mahal her kim bularyñ eline düşse guýa düşen ýalydy, gideniñ özünden bir habar gelýänçä, garaşmak başga etjek alajyñ ýokdy.

Meni Gürgeniñ pasdarhanasyna tabşyrdylar. Giñ howlusy bolan bu garawulhana ynkylapdan öñ, «Emlak» diýen edaranyñ binasydy. Onda türkmen daýhanlaryñ başyna musallat bolan Timsar/polkownik derejeli Mensur Muzaýýeni höküm sürüp geçdi. Bu bina ekerançylyk ýerleriniñ alnyp, gelmişeklere berilmegine garşylyk görkezen daýhanlaryñ bir gije-gündüzläp lokga buwzuñ üstünde aýaklary ýalañaç durmagy höküm eden adamyñ ýawuz edarasydy.

Howlunyñ ortasynda birsiniñ gelip, halymdan habar alaryna garşyp durdym. Bu ýerde ynkylaba garşylar tutulyp getirilip, gynaga çekilýärdi. Gözleri dañygly bendileri, mysaly kör ýaly eýläk, beýläk iýdip, süreşdirýärdiler. Ahyry bir pasdar gelip: «sen şol gaçmaga synanşan mujahidmyñ?» diýdi. Mujahidlar iñ howply topar saýylýardy, olaryñ köpüsine ölüm jezasy berilýärdi. Men: «ýok, Bendertürkmenden getirlen tussag» diýdim. Ol meniñ gözümi dañyp, jaýyñ

içine alyp gitdi. Gözüm dañygyly basganҫaklardan idilip çykaryldym, kämahal, idip barýan, çyndanmy, ýa-da oýun etjek bolupmy: «egil, kelläñ demire degýär» diýp, hezil edip, meni bir ýere eltdi. Giñ bir salon bolmaly, sebäbi, töweregimde gümür-samyr edýänleriñ seslerini eşidýärdim. Biraz salymdan birisi gelip, sorag edip başlady, edil şol mahalam ses ýazýan magnitafonyñ işledilendigini-de duýup galdym. «Näme diýp, ýurtdan gaçyp gitjek bolduñ, syýasy hereketleriñ hakynda aýt, dostlaryñdan kimler serhetden geçdi…» diýen ýaly soraglar berildi. Ýöne hernäme-de bolsa ol meni gaty daramady. Bir sagatlap soragdan soñra elime kagaz, galam berip, syýasy geçmişim hakynda ýazmagy buýrup, meni izilýatora/kamera getirdiler. Otagyñ içi diýseñ garañkydy. Garañka gözüm öwrenende, görsem ýanymda ýene birisi-da bar. Pahyr ses-üýnsiz ýatyrdy. Men-de kagazy ýanymda goýup, ykbalym hakynda oýlanýardym. Birden ýañky ýanymdaky:«Berader/dogan, menden haçan sorag edip başlajak, men bilýän zatlarymyñ hemmesini aýtdym» diýdi. Men oña, onuñ özi ýaly tutulup getirlen biridigini aýtdym. Soñra haýsy sebäpden getirlenimiz hakynda aýdyşdyk. Ol görgüliniñ doganymy, doganoglanymy mujahid toapryndan bolup, tussagdan gaçyp giden ekeni, onuñ ýerine bolsa muny getirip, tussag edipdirler. Meni ol ýerde 2-3 gün sakladylar, şonda men umumy türkmenleriñ ynkylaby göreşleri, şanyñ wagtynda ekeranҫylyk ýerleriñ alynyp, gelmişek feodallary berilşi hakynda ýazdym. Muny okap gören soragçy, kagyzlary maña garşy zyñyp: «Bular hakynda däl, syýasy ýoldaşlaryñ hakynda ýaz» diýp gatyrgandy. Üçünji gün meni çagyryp, başga bir otaga alyp gitdiler. Şonda gözümi açyp, uly depderde adymy ýazyp: «Ynha, bellik nomeriñ 133, häzir boş, öýüñe git, ýöne her penşenbe güni gelip, şu depdere gol çekip git, özüñ-de Gürgenden uzaga gitmäge hakyñ ýok» diýdiler.

Heniz tomus dynçalyş tamam bolmandy. Men her hepde Gürgene gelip, belli depdere gol goýup giderdim. Şol pursardan peýdalanyp, Gürgen radiosyna

baryp, türkmen dostlarym bilen duwşuşýardym. Bir gün *Azym Lukmany* diýen dostum: «Türkmen taryhy diýen gepleşigi berip başlasana» diýdi, men: «eger ýolbaşçylar razy bolsalar, men taýýar» diýdim. Geljek hepde radio baramda, Azym şeýle gepleşige razyçylyk berilendigi aýtdy we şondan takmyn bir ýyllap «at çapan» sazy bilen başlanýan «Türkmen taryhy» atly gepleşigi efire berildi. Ony özüm alyp barýardym. Bu gepleşik Türkmenistanda-da diñlenýänmiş. Sebäbi Aşgabatda we Daşoguzda ýören Türkmensähraly bosgunlar ony diñläp, kämahal kagaza-da geçirendiklerini gürrüñ berdiler. Şol wagt Gürgen radiosynyñ Türkmen gullugynyñ müdüri. Ybraym Hasanbeýgi diýen ýarym türkmen, ýarym pars birisidi. Onuñ atasy Hojanepesli, enesi bolsa parsdy. Ybraýym bu wezipäni, *Halymberdi Aadel* diýen türkmenden alypdy. Halymberdi, biraz wagt türkmen bölümine baştutanlyk etdi. Ol özüni aşa dindar edip görkezip– belki-de aslynda şeýle bolsun, yslamy hökümetiñ ynamyna giripdi. Onuñ radionyñ arhywyndäki gadymy türkmen aýdymlary ýok etmäge synaşandygy aýdylýar, şonda ozalky iýşgärler ýalbarka-ýakara ony bu pälinden gaýtdyrypdyrlar, nämemiş, ol aýdymlar yslamy däplerine gabat gelmeýänmiş. Halymberdi, soñra Eýranyñ baş weziriniñ sünni musulmanlar boýunça geñeşçisi wezipesine bellendi, ýöne bir ýyl bolup, bolmanka onuñ ýerine bir blujy bellediler.

Garaz, şol gidip-gelişime taryhy roman ýazmak, ylaýta-da” Annageldi Aç” barasynda roman ýazmaga synanşýan Hasanbeýgi, meniñ bilen dostlaşyp ugrady. Oktiýabr aýynda magaryf ministerligi, okuw kitaplarynda reforma geçirmeli diýen konferensiýany Tahranda açjakdygyny yglan edip, her welaýatdan bilermen mugallarymy çagyrdy. Olaryñ arasynda men-de bardym. Ýöne Gürgenden çykmaga hakym ýokdy. Bu problemany, özi-de ozal pasdar bolan Hasanbeýgi bilen maslahatlaşdym. Ol haýal edmän, ozaly bilen Gürgeniñ pasdarhanasyna, soñra bolsa ynkylaby suda/dadgah telefon etdi. Soñra maña: «Bar, işiñ dogurlandy» diýdi. Men şol iki edara baryp, yzarlanmaly däl diýen

haty alyp, Tahrana konferensiýa gitdim. 1988-nji ýylyň 1-nji Sentýabrynda Kerim Gurbannepsiň aradan çykan habary ýaýardy, bu habar ony tanaýanlaryň hemmesini gaty gynandydy. Men-de bir goýun soýup, merhumyň hormatyna sadaka berip, aýat-towfyr okatdym. Ýöne hemmelere Kerim şahyra sadaka berýärin diýmekden çekinýärdim, «aý, plan kakamyň ölen ýyly» diýp, sorýanlara aýdardym.

Eýranyň merkezi telewidniýesi tarapyndan türkmenler barasynda surata düşürljek filim üçin baş geňeşçisi edilip saýlandym, medeni ugurlardaky aladalar togtamazdy, Eýranyň dürli şäherlerinden gelip, biziň halkymyz hakynda teater ýa-da film aljak bolsalar, meniň bilen geňeşerdiler. Şeýdip ýene bir tomusa ýetdim.

## Ajaýyp myhman

Bir gün öýlän nahar wagty 3 sany myhman geldi. İkisi ýaş oglan, birsi, hor ýagyz, olardan ulurakdy. «Geliberiň, geçiberiň myhmanlar» diýdim. Çaý başynda olar Bendrtürkmenden Akgala barýandyklaryny, ýolda ýer ýüzünde näçe million türkmen ýaşaýandygy hakynda jedelleşendiklerini, bu soragyň jogabyny bilse, bilse megerem men bilerin diýp, maşyndan düşüp galanmyşlar. Gürrüň edip oturşymyza olaryň ulusy– adynyň *Nurmuhammet Sufi-digini* soňra aýtdy, Türkmenistana gidip gelendigini, ol ýerde bosgunlykda ýaşýan oglanlary tanaýandygyny gürrün berip başlanda, beýleki ikisi: «ohoo, bu kim aýt, biz mundan çekinýäris» diýp, gaçyp giden ýaly gitdiler.

Nurmuhammet özüni bir agşam myhman almagymy haýyş etdi. Türkmenistan we oglanlar barasynda bilmek isleýänim üçin ony myhman aldym. İkinniara oba arasyna aýlanyp ýörkäk, ol Türkmenistana sygnan oglanlaryň iki topara bölnendigini, birsiniň ”Halkyň Fedaýilaryna bagly

”İYlgüýji” beýlekisiñ bolsa olardan aýrylyp, erkin gurama gumak maksadyna gulluk edýän ”Türkmenistan-e İran” diýen neşriýäni çykaryp başlandyklaryny aýtdy. Agşam Akgaladan iki sany dostum-da myhmançylyga geldi. Çaý başynda Türkmenistana geçen oglanlar hakynda soradyk. Akgaladan Gaýrak geçeni soradylar, Nurmuhammet-de dop-dogry onuñ ýüz keşbini we beýleki häsýetlerini aýdyp berdi. Men doganoglanym *Halymberdi* hakynda soradym, ýene aýdan zatlary dogry çykdy. «Allajan, bu kimkä» diýp geñ galyp, «sen olary nädip gördüñ» diýp soradyk. Ol bolsa üç-dört ýyl mundan ozal Türkmenistana geçendigini we ýaňy golaýda Türkmensähra dolanyp gelendigini, ýöne ýene bir gezek Deñiz ýakasyndan Gaýrak geçmäge synanşandygyny, emma Türkmenistanyñ özüni kabul etmändigini aýdyp berdi.

Ertesi gün ony Bendertürkmene getirip, dilän puljagazyny-da berip, Kümmede ugratdym.



## IX

## Hoş gal mähriban Sähram

*”Aýralyk oduna ýanyp-bişmeýän,*
*Zalymlar zulmundan dolup, daşmaýan,*
*Watandan aýrylyp, garyp düşmeýen,*
*Ülkesinde iliñ gadryn hiç bilmez.”*
*Magtymguly*

Türkmenistana geçmek barasyndaky arzuwum ýüregimde ýatyrdy, ”hernädip geçmeli” diýp, gije-gündüz oýlanýardym. Bir gezek serhet ýakasyndaky «Kellepost» obasyndaky *Baýram çopan* diýen tanşymyza baryp, meni serhetden aşyrmagyny haýyş etdim. Ol: «Biz hökümete dil haty berdik, eger şeýle edenimi bilseler, maña agyr jeza bereler» diýp, meni raýymdan gaýtarmak isledi.

Tomusda, bir dostumyñ toýunda *Wekil.M*. diýen birisi bilen tanyş boldum. Soñra onuñ bilen içgin tanyş bolamda, olam meniñ ýaly Türkmenistana geçmek hyalynyñ bardygyny aýdyp, geçirmek üçin adam gözleýändigin dile getidi. Ýöne onuñ gelini, Ýewropa aşmagy ýüregine düwenmiş. Muny soñra onuñ özi-de mälim etdi. Garaz biz Wekil bilen köp duwşuşyp, geçmek barasynda oýlanýardyk.

Güýz günleri ýakynlaşýardy. Bir gün Bendertürkmende bir toýda Wekil meni çola çekip, serhetden aşyrmak üçin adam tapandygyny aýtdy. Begenjimden ony gujaklanymy bilmän galdym. «iki sany balykçy oglan bar, güýçli motorlar-çuppasy bar. Birisi öýlenjek bolýar. Pul ýetmezçiligi bar, eger adam başyna ýigrimi müñ tümen bersek geçirjekdigini aýtdy. Men «bolar» diýp, onuñ bilen ylalaşdym. Bir gije şol iki oglan oba gelip, taýýarlyk görmegimi duýdurdy. Men iñ zerur kitaplarymy uly bir halta/kiýsä dolduryp, olara berip goýberdim. Olar

kitaplary, bizden öňürti serhet ýakasyna eltmelidigini aýtdylar. Geçmek üçin biz Duşenbe gününi mahul gördük.

Okuwlar täze başlanypdy. Ýekşenbe güni soňky gezek klasa girip, sapaga başladym, näme aňladýanymy özüm-de bilemokdym. Ýöne bir zat ýadymda, olam: «oglanlar, eger bir mahal meni görmeseňiz, menden razy boluň, uzak sapara gitmegim ahmal didim». Soňra arakesme bolanda, mugallymlar otagynda çaý wagtý, barlanma depdere, hiç kime duýdurmazdan «Hoş gal Sähram» diýip ýazdym. Şol güni türkmenler hakynda bir filmi surata düşürmek üçin dört-bäş adam bütin aparatlary bilen maňa geldiler. Men olara kömekleşeýin diýp, ozal söz beripdim. Daň atýança gözüm ýummany geçirdik. Gitjegimizden diňe aýalym habarlydy. Ne dädem, ne ejem, ne-de doganlarym bilýärdi. Üçünji doganym Halylyň adyna bir hat ýazyp, öýümi we içindäki goşlara eýeleik etmegini aýtdym. Bir kitabyň arasynda birnäçe müň tümen pul goýandygymy ýazdym. Şeýle-de bir kagyz puly gyşyklaýyn ikä bölüp, ýarysyny goýup, ýarysyny ýanyma aldym.

Duşenbe güni-1989-njy ýylyň 5-nji oktýabr güni irden aýalym Ejegül, kiçi doganym Nurjanyň gelini Änjäni çagyryp, oňa barýandygymyzy aýdyp, ertire çenli bu barada hiç kime zat aýtmazlygyny tabşyrypdyr.

Şeýip, biz myhmanlara «işimiz bar» diýp, öýden çykyp gitdik. İkini-agşama çenli köp wagt bardy. Ýanymyzdaky pulumyzyň biremesine gyzyl aldyk. Günortan bir ýerden naharlandyk. Soňra aýalym, öýleri bilen hoşlaşmak üçin obasyna gitdi. Menem, bizi geçirjek oglanlaryň öýlerine bardym. Olar ilki bizi geçirip, soňra Wekili geçirjekdiklerini aýtdylar. Biz hemme zat hakynda ylalaşdyk. Soňra olar motorlarynyň birsini maňa berip: «Sen gelnejemi al-da sagat ýedi bolup şamak aralaşanda Kümüşdepäň gaýrasynda bize garaş» diýdiler.

Motory münüp, minibuslaryň garažyna bardym, görsem aýalym, öýleri bilen hoşlaşyp, maňa garaşyp oturan eken. Ony alyp, Kümüşdepä tarap ýola düşdük.

Ganat açan ýaly begenýärdim. Tamdyrlarda çörek bişirip duran daýzalar, buluşymyza geñ galyp bakýardylar, käleri bolsa: «aý, bular mes-da nätjegini bilenoklar» manyda bize bakýardy.

Garañky aralaşmazdan öñ olaram gelip ýetdiler. İki motorly bolup araçäge tarap ýola düşdük. Biraz ýöränimizde öñden barýan oglanlar motorynyñ başyny ýoldan sowup, başga tarap gidiberdiler. Meniñ ardymda aýalym bardy. Biz geñ galyp, motory sakladyk. «näme, bular dändilermyka» diýp, ýüregimize howsala düşdi. Bir salymdan dolanyp geldiler. Motoryñ öñüne bolsa bir halta bardy. «Bular seniñ hazynañ, ony unudup bolarmy» diýp, gülümsirediler. Görsem ol, biriki gün ozal bu ýerede goýup gidilen kitaplarym eken.

Howa mazaly garaldy. Oglanlar durdular. «mundan beýläk, bu motory-da biz sürmeli, sen ýola belet dälsiñ» diýdiler. Şeýdip men birsiniñ, aýalym bolsa beýleki motoryñ ardyna münüp, ugradyk. Olar ýene bir gezek saklap, motoryñ sesiniñ gaty çykmazlygy üçin egzozlara kiçi agaç dykdylar. Motor «tüñ-tüñ» edip, ýuwaşjadan barýardy. Mende ajaýyp duýgy bardy, bir tarapdan ele salynmakdan gorkýardym, aýry tarapdan näbelli sapara barýardym, eden işim dogrumyka diýp oýlanýardym. «Gorkanyñ gözüne goşa görneri» diýleni, mahal-mahal bir otuñ düýbünden bir yşyjak ýalpyllap, ýanyp, sönýän ýalydy. «bu näme» diýp soramakdan-da çekinýärdim. Çagalykda gören prožektorym-da indi ýanmaýardy. Eslije ýöränimizden soñra oglanlar motorlary söndürip, «mundan beýläk motori idip gitmeli» diýdiler. Ýene biraz ýöredik, olar motorlary ýere ýatyrdylar-da hersine bir ýüp dañyp, ýüpüñ uwjuny-da ellerine alyp, bize-de «yzymyza düşüñ» diýdiler. Ýöräberdik. Araçägiñ simlerine geldik, olaryñ arasyndan sümülip geçdik. Simlerde elekterik ýa-da signal berýän zat görmedik. Men oglanlardan: «simi elledik welin ondan hiç ses çykmady» diýp soradym. «Bu Eýranyñ simi» diýdiler. 10-15 ädimden ýene dört-bäş gat edilip çekilen sime geldik. «Bu-da Şurewiniñ simi» diýdiler. Olar arkaýyn geçiberdiler, simler sallam-sajam bolup, böwsülip durdy, göýe ondan köp

adam geçen bolmaly. Simden geçenimizde, azal bilen sürlen ýoly gördük, serhetden geçeniñ aýagynyñ yzy galsyn diýp, ony uwun ýaly edip sürermişler, ýöne soñky günlerde sürülmänsoñ, ol ýer gatap ýatyrdy. Aýak yzy-da galmaýardy. Oglanlar ýene biraz ýöräp durdular: «Agam, ynha, myradyñ hasyl boldy, Türkmenistana geçdiñ. Seniñ bilen geçirenimiziñ sany ýedi boldy, planlary...görseñ menden salam aýt, hool görünýän yşyk Esengulydyr, şoña tarap gidiberiñ, ynha bu tarapyñyzda-da Gürgeniñ yşygy, ýagşy seredeñ, kim bilýär ýene haçan görersiñiz» diýp, biz bilen gujaklaşyp, hoşlaşyp, ýüpüñ ujuny tutup dolandylar. Motorlarynyñ goýan ýerini tapmak üçin ýüpden peýdalanýardylar. Şonda men sagadyma seretdim; Eýran wagty bilen 21-di. Gyşyklaýyn kesilen ýarpy kagyz puly olaryñ birsine berip: ”Şuny doganyma gowşur, ol meniñ sag-aman serhetden geçenimi şundan biler” diýdim.

## Yşyga tarap…

Begenjimizden arkamyzdaky ýüküñ agyrlygyny duýmaýardyk. Kitaply halta meniñ gerşimdedi, egin-eşiklerimizi bolsa Ejegül daşaýardy. Aýagymyzyñ aşagynda otlaryñ «şygyrdy» sesleri gelýärdi, kä mahal batgalyga basanymyzy bilmän galardyk. Bir sagat mezenne ýöredik, maksadymyz, jahan ýagtylmazdan, Eýranly serhetçileriniñ gözýetiminden uzaklaşmakdy.

Mazaly ýöredik, halys ýadadyk, kä wagt oturyp dem-dynç alýardyk. Ýene ýola düşürdik. Birden ötüp barýan maşynyñ yşygy göründi: «aý, şu-a Türkmenistanyñ maşynlary bolamly» diýp, bir bölek gazeti, çakmagym bilen otlap, olaryñ bäri gelmegi üçin salgaýardym. Gözleri gapylan ýaly geçip gitdi. Ýene ýöräberdik. Görünýän yşyklar-da uzaklaşýan ýalydy. Dañ yrañ atyp başlady. Uzakdan serhetçileriñ postynyñ wişkasyny/diñini gördüm, añyrsynda bolsa bir oba görünýärdi. Ýakynlaşdygymyzça howa ýagtylaşyp başlady.

Mallaryny örä kowýan adamlary gördük. Obada birsiñkä baryp, çaý-suw edinip, soñra özümizi görkezeris diýp, ýüregime düwdüm. Olam boş hyal bolup çykdy. Sebäbi birinjiden gorkusyndan hiç kim bizi kabul edip bilmez diýp oýlandym, ikinjiden bolsa, oba bilen bizin duran ýerimiñ arasynda 7-8 gat sim çekigilidi, diñe obalylar añyrdan ötüp bilýändigini soñra görüp galdym.

İndi serhetçileriñ postyna has ýakynlaşdyk. Howlynyñ daşyna çekilen simlere geldik. Simleriñ arasynda inçejik akja simi gördüm: «megerem signal berýän sim şu bolsun» diýp, ony güýjüm bilen çekdim welin, gopup elimde galdy. Şondana-da Sowet režiminiñ uzak gitmejegine göz ýetirdim. mundan peýda bolmansoñ, garawulhanadan çykyp gelýän esgerleri daşaýan bir maşyny gördüm. Böke-böke oña elim bulaýladym. Meni gören esgerler iti bilen bilelikde ýanyma gelip, elimi arkama towlap, «aýaklaryñy aç» diýen äheñde aýaklaryma kakdylar. Rusça sözüne düşunmänim üçin, ädigi bilen iki aýagymyñ arasyna depdiler, arslan ýaly it bolsa buýruga garaşýan ýaly meniñ üstüme bökmäge taýýar ýalydy. Şol wagt Ejegüli-de alyp geldiler. İkimiziñ-de gözüni dañyp, kör ýaly idip, garawul postyna getirdiler. Eltip kiçi bir jaýa saldylar. Elmiz-aýagymyz palçykdy, ýuwunmaga rugsat berdiler. Soñra çaý çörek berdiler. İýýän zatlarymyñ tagamy ilkinji gezek başgaça geldi. Şol wagt bir rus soldaty gelip penjiräni odeýalo/patu bilen çüýläp, daşaryny görmez ýaly etdi. Postda gulluk edýän bir täjik ofisseri biziñ dilmajymyzdy.

Biraz soñra bir rus ofessiri geldi, ony gören beýlekiler hormat nyzamda ýaly gymyldaman durdular. Ol biziñ näme üçin serhetden geçendigimizi sorady. Menem özümiñ ýazyjydygymy we mundan artyk Eýranda ýazmaga mümkinçiligimiñ ýokdugyny düşündirdim. Rus ofisseri kän zat soraman çykyp gitdi. Soñra aýry-aýrylykda meñ bilen Ejegülüñ üst-başymyzy dökdüler, bir bada Ejegül «waý» diýp gygyrdy. Men ol jaýdan näme bolanyny soramda: «Boýun asgy altyn zynjyram gaçypdyr» diýdi. Men täjik ofissere meseläni düşündirdim. Ol hiç zat diýmedi. Soñra gezek ýanymyzdaky goşlara ýetdi. Ähli

kitaplarym, kagazdyr, suratlarymyñ hemmesini diýen ýaly bellik edip çykdylar, bu iýş öýläne çenli dowam etdi.

Öýleden soñra ak eşikli bir türkmen şypagat uýasy geldi, ýanynda bir türkmen ofisseri-de bardy. Ýuwaşjadan özüniñ Keltelerdendigini we bizi saglyk synagyndan geçirmek üçin özüniñ Esengulydan getirlendigini aýdan gelin, bizi ýagşy bakyp, keselimiziñ ýokdugyny sorady. Ejegül özüni oñat duýmaýandygyny aýdyp, ol gelin biriki agyz gümür etjek boldy, ýöne ol bir zatdan çekinýän ýalydy. Ol soñra bir kagyza bellik etdi. Men ol türkmen ofisserinden niýräk gelendigimizi soradym, ol bu obanyñ «Ajyap»dygyny aýtdy. Şonda men gije gelşimize azaşyp, Esengula gitmegiñ deregine Ajyaba gelendigini bilip galdym. Men ol ofisserden türkmençe gazet-zurnal tapyp bermegini haýyş etdim. Birnäçsini getirip berdi. Men gökden gaçan ýaly ne işdäm bardy, ne-de okamaga höwesim, hemmesinden beteri, ykbalymyzyñ nähili boljakdygy-da belli däldigidi. Biziñ geçmezimizden birnäçe aý öñ Bendertürkmenli bir tanyşymy yzyna dolapdyrlar, ýöne rus soldatlary ýagşylyk edip, göýe ony Eýranyñ žandarmalaryna bermän, serhetden geçirip goýberipdirler. Bu zatlar ýadyma düşende ýüregim has tiz urýardy. Özüm bilen getiren bir-iki päket sigary yzly-yzyna çekýärdim, gapyda sumalyp duran rus soldatyna-da birnäçe sigar hödürledim. Daşary çykyp, toalete gitjekdigimizi aýtdyk. Bu gezek gözümizi dañmadan toalete salgy berdiler. Allajan, gözüñ ýaman görmesin, ömrümde şeýle hapa we pis toalet görmäpdim. «Aý, garawulhañky şeýledir, Sowet adamlary arassa ýaşaýandyr» diýp özümi ynandyrdym. Dogrusy, soñra köp ýerlerde toaletleriñ şeýledigini gördüm.

Bize jaýymyzdan daşary çykmaga rugsat bermeýärdiler. Agşam ýatjak bolanymyzda bizi aýry-aýry ýatyrjak bolanda, Ejegül kes kellämi men ýeke ýatmakdan gorkýaryn, diýp, ýat ýerde, adamsyndan aýry ýatmajagyny aýtdy. Bularam kabul edip, şol jaýda bile ýatmagymyza rugsat berdiler.

Ertesi gün ýene şol bir jaýyñ içinde, soraglar we zatlarymyzy bellik etmek bilen meşguldylar. Birden bir rus ofisseri gelip, Ejegülüñ ýolda gaçyran gyzyl zynjyrasyny getirip berdi. Soñra şahsy zatlarymyzy şol sandan Ejegülüñ baş daragyny saklaýan el goşonyñ daşayna möhür urup, açmaly däldigimizi aýtdylar. Ol altyn zynjyrany biziñ gelen aýak yzlarymyzy yzarlap, bir rus esgeri ony tapanmyşlar. Men ol esgere sowgat diýp bir gap Winiston sigar berdim.

Öýleden soñra daşary çykyp açyk howluda gezmelemäge rugsat bermeklerini haýyş etdik. Olaram kabul etdiler. Şeýdip Ajyabyñ serhetçiler postynda ikinji giýjämizi geçirdik.

Çarşenbe güni 7-nji oktiýabrde öýleden soñra howluda gezmeläp ýörkäk, bir oglanjyk ylgap postyñ gapysyna geldi, haşlap: «daýy, daýy ol ýerde bir maşyn batgalykdan çykyp bilmän dur, kömek soraýar» diýdi. Menen biziñ ýanymyzda duran eli ýaragly ýalñyşmasam özbek esgere, oglanyñ aýdan zadyny gaýtalap berdim. Olam, gaýtam gaharlanyp, bizi jaýa tarap, idirdedik ugrady, nämemiş biz oba adamlary bilen gepleşmeli dälmiş. Şeýlelik bilen gezmele hakyndanam mahrum etdiler. Agşam obadaky toýuñ şagalañyny eşidip, «wah, toýa gidip bilsek» diýp, ahmyrlandyk.

Ertesi gün günortanrak 45 ýaş töweregi ýaşly gözi gök, garynlak ýokary derejeli harby çinli bir rus ofisseri gelip, mazaly bizi soraga çekdi: «Näme diýp geçdiñ, kim geçirdi, geçeñizde Eýranly žandarmalar sizi gördümi» diýp sorag baryny ýagdyrdy. Men türkmen ofisseriñ dilmaç bolmagyny haýyş etdim, olar meniñ bu islegimi kabul etmän, täjik ofisseriñ dilmaç bolýandygyny aýtdylar. Men öz geçmiş halymy bir-bir gürrüñ berdim, soñunda Ata Berdiýew we Gurban Aganýazow diýen tanyşlarymyñ bardygyny we olar bilen bile düşen suratymy hem-de Eýrandakam olardan alan hatymy oña gowşurdym. Birki sagat sorag-jogaplardan soñra men: «Jenap, biziñ ykbalymyz nähili bolar» diýp soradym. Ol: «Muny Aşgabat çözýär» diýdi. Şeýdiýende, nämedir ýüregime bir

aramlyk aralaşdy. Rus ofisseri bolsa Gurbanyñ maña ýazan hatyny hem ýollan suratyny özi bilen alyp gitdi.

Ýene gije, ýene asmanyñ üstüñden agyr basýan pursatlary, wagt duran ýaly, sagatlar giç geçýärdi. Aýal maşgala bolany üçin, hem ruhy taýdan hem-de ýadawlykmy, nämemi Ejegülüñ ýagdaýy oñun däldi. Bir hili gyzdyrýan ýalydy, üşütýärdi. Men doktaryñ ony görmegini haýyş etdim. Görsem oña-da gadagançylyk girizenmişler, sebäbi Ejegül oñki gelin şipagat uýasy bilen bir zatlary! Gepleşenmiş. Garaz ol agşamy oña göwünlik berip, mañlaýyna gyzgyn ýalyk tutmak ýaly bilýänje emlerim bilen gyzdyrmasyny köşetjek bolýardym.

Ertesi- Anna güni Ejegülüñ haly ganymatlaşdy. Birnäçe günläp, suwa düşmänimiz üçin, üst-başymyz yslanypdy. Hamama düşmegmi haýyş etdim. Kabul edip, binanyñ howlusynda bir uly otaga eltdiler. Hamam diýleni sowuk jaýdy. Depäñden onçakly ýyly bolmadyk, zordan jorlaýan suwuñ aşagynda aý, ýuwundykmy, ýuwundyk edinip, ýene jaýymyza geldik.

## Keýmir diýen kapasda

Hamamdan gelip ýaňy gurunyp, gurunmankak şarkga gapylar açyldy. Jaýyň içine eli ýaragly iki sany soldat girip, gözümizi daňyp, elimizden tutup, daşaryk, howla tarap alyp getdiler. Gözümi onçakly berk daňmanlary üçin biraz töweregimi görüp bilýärdim. Bizi getirip, üsti çadyrly uly harby maşynyň yzyna mündürip, ýola düşdüler. Ýanymza bolsa eli ýaragly iki sany soldaty oturtdylar. Niräk alyp barýandygyny-da aýtmaýardylar. Mazaly goşlarymyz-da ýanymyza beripdirler.

Maşyn dynaman barýardy. Birdenem gözüm mawy Hazara düşdi, maşyn soňra bir obanyň daşyndan aýlanyp, deňze tarap gönükdi. Soldatlaryň birsi «Çekişler» diýp, ýanyndaka aýdanda, bu obanyň Çekişlerdigini aňyp galdym. Maşyn deňze ýakynlaşdykça ýüregim darygyp başlady: «wä, bular bizi yzymyza berjeklermikä» diýp, howsalanyp başladym. Biraz salymdan soňra maşyn ýüzüni gaýrak öwrüp, ýene ýoluna dowam etdirdi. Men şol pursatda Ejegülüň küýünden nämeleriň geçýändigini bilemokdym, ýöne onuň özüni arkaýyn alyp baryşy maňa güýç-kuwat berýärdi. Ýarym sagata ýetip, ýetmänkä bir harby gazarmanyň howlusyna girdik. Gözümizi açyp, maşyndan düşürdiler. Getirip bir kiçiräjik howlynyň gapysyndan girizdiler. Hudaý mundan ýamanyň ýüzüni görkezmesin. Howlynyň içinde iki-üç otagdan ybarat bir jaý bilen daşynda bir toalet bardy. İni-boýy iki metre-de ýetmeýän howlyňyň belentligi 3-4 metere ýakyn diwary bardy, onuň üstünden bolsa hatar-hatar tikenekli simler çekilipdir. Mahlasy bu ýerden gaçyp çykmagy küýüň köçesinde getirmeli däl, dadyňa Alla ýetişäýmasa, başga ýetişjek ýok.

Näderimiz bilmän, jaýyň daşynda basganjaklaryň üstünde oturyp, başymyza nämeleriň geljegine garaşýardyk. Biraz salymdan eli kagazly kiçi derejeli bir ofisser bilen eli foto aparatly bir esger geldi. Rusça bir zatlar aýtdy, dadman galdyk. Soňra özi gelip, biziň hem ýüz hem-de ýan tarapymyzdan

suratlarymyzy alyp, adymyzy, familýamyzy sorap, bellik etdi. Soñra yzyna düşmegmizi buýurdy. Ol bizi jaýyñ otaglaryny görkezip, herimizi bir gapynyñ öñünde dikip ýene rusça bir zatlar aýtdy. Düşünmänmiz üçin, keşbi bize meñzeş eli ýaragly bir soldat gelip: «men özbek, bu jenap, heriñiz bir otagda ýatmañyzy aýdýar» diýdi. Men birinji gezek bir özbek bilen gepleşýänim üçin zordan düşündim. Bu buýrugy eşiden Ejegül ýene urdy dat-bidada: «öldürseñiz-de ýeke başyma ýatyp biljek däl» diýdi. Hernä bu ýerde-de bu haýşymyzy kabul edip, bir otagda ýatmagyza rugsat berdiler.

Otagy güýçsizje lamp ýagtylandyrýardy, penjireler bolsa demir gözenekler bilen berkleşdirlipdi. Jaýyñ içinde biri-birinden aýra iki künçde tagtadan ýasalan krawat/tagt edilipdir. Gapyñ kiçi gözeneginden bolsa, garawulçylyk çekip ýören soldat, mahal-mahal bizi jyklap giderdi. Bu jaý, göýe harby postyñ zyndany bolmaly. Garaz, guş bolup uçaýmasañ bu kapasdan çykjak gumanyñ ýokdy. Men soñra bu harby postyñ adynyñ ”Keýmir”digini bilip galdym.

Ykbalymyza razy bolup, ýatak jaýlarymyza geçip gyşardyk. Ýadawlygyñ derdinden süýji uwka gidipdirin, bir bada Ejegüliñ çygyrşyna oýandym. ”Näme boldy” diýemde, elini bir zadyñ dişländigini, oýanyp görse syçandygyny aýtdy. Soñra dañdana çenli gözümize uwky girmedi.

Ertesi, şenbe güni, kiçijik howlynyñ içinde ýaşajyk, rus keşpli bir esgeriñ garawulçylyk edýänini gördük. Ertirlik üçin bir hil sowuk çaý bilen gara çörek we ömrümizde görmedik bir hil zatlar getidiler. Hiçisinden dadyp bilmän, ozlky açlygymyza dözüp geziberdik. Biziñ bu ýagdaýmyzy añan rus esgeri jübsünden 2 sany şoklat çykaryp, herimize birini berdi. Dilini bilmesekde, sag bolsun aýdyp, ony aldyk, süýji, janymyza, jan goşdy. Ol soñra biz bilen bir zatlary gepleşmek isleýärdi. Men inglisçe ondan şu gün heptäniñ haýsy güni diýp soradym, olam maña rus dilinde heptäniñ atlaryny öwredip başlady, soñra sanlary öwretdi. Garaz bu oglan-*Sergeý* bilen gepleşip bu güni-de ýaşyrdyk, ýene agşam, ýene öñümizdäki näbelli geljege oýlanmak. Belki meniñ

hiç bir syýasy topara degişli bolmadygym üçin bular bizi bu ýerde saklaýarlar diýp oýlanýardym. Bir gün jaýyñ içinde bir şokladyñ kagazynyñ daşyna parsça ýazylan hata gözüm düşdi. Onda bizden ozal şu ýerde bolan 2 sany Türkmensähralynyñ ady ýazylyp, indiki geljege: ”Hoş geldiñiz” diýen sözüñ ýazylandygyny gördüm. Men soñra ol oglan we gyz bilen duşuşamda: ” howa biz ýazyp goýdyk” diýdiler. Men muny görüp, bu ýerde köp galman, barmaly maksada aşjagymyza biraz umytlandym.

Şeýdip ýene iki güni geçirdik. Biz özümizi uzakdaky ada-da unudylan adamlar hasap edip başladyk. Duşenbe güni, Keýmir postynyñ kamandirini görjekdigimi bildirdim. Olam ýanyna şol özbek esgeri alyp geldi. Men oña: ”Biz haçana çenli bu ýerde galmaly, bize näme üçin zyndandakylar ýaly bendilikde saklaýarsyñyz” diýdim. Rus ofisseri: ”Siz hakynda derñew işi dowam edýär, golaýda çözüler” diýp, çykyp gitdi. Ýene uzak gün we atmaýan dañ.

Sişenbe güni 13-nji oktobr. Sagat 11-lerde howlynyñ gapsyndan iki sany türkmen keşpli kiçi derejeli ofisser girdi. Biziñ ýanymyza gelip, salam berip, ellerini uzatdylar: ”Meniñ adym Baýram, meniñ adym Durdy” diýdiler. Bizem özümizi tanadyk. Soñra jaýyñ içine geçdik. Bularam tañrynyñ soragyny berip, şol bir zady gaýtalaýardylar, näme diýp geçdiñiz, haýsy syýasy topara degişli, yzyñyza kowsak näme bolar we şm. Bu duşuşykda meni diýseñ geñ galdyran zat olaryñ Kümüşdepäni şeýle bir oñat tanaýandyklarydy, men ýuwaş-ýuwaş olaryñ Türkmenistalydygyna şek edip başladym, ”pylan köçede pylan mekdep bar, dälmi, pylan ýerde harby post bar, dälmi” diýip, şäheriñ köçelerini sanaýardylar. Eýranda ýörgünli bolan we pars diline giren sözleri-de bilýärdiler. Mysal üçin Eýranda orta mekdebiñ biriniji ýarymyna ”Rahnemaýy راهنمائی ” diýýärler, bular hatta şuny-da bilýärdiler. Bu zatlary eşidip, agzymy açyp, geñ galdym. Olar soñra, ”Türkmenistana sygnan Türkmensäraly ýigitleriñ arasynda iki dürli syýasy düşünjäñ bardygyny aýdyp, senem olaryñ arasyna goşulsañ birisinden birsine goşulmaly bolarsyñ” diýdiler. Boýy

uzynragynyñ ady Baýram: ”Size ýagşy bir habar bereýin; sizi Türkmenistan döwleti kabul etdi, hoş geldiñiz” diýp, elimizi gysdy. Soñra ýanlary bilen getiren gawun bilen türkmen çöregi berip: ”ýene iki günden sizi bu ýerden Nebitdaga alyp giderler” diýdiler.

Sorag-jogaplar tamam bolandan soñra, zatlarymyzy möherläp goýandyklary üçin, bir hepdeden bäri saçyny darap bilmeýändiginden Ejegül şikaýat etdi. Şonda men ilkinji gezek ýan-ýoldaşymyñ ejizläp, gözüne ýaş tegeläp, şeýle haýyş bilen ýüzlenendigini gördüm.

Olar: ”Beýle etmeklik dogry däl, gerek zatlaryñyzy alyberiñ, munyñ rugsaty bolarmy” diýp, gatyrgandylar.

## Hasrat bitdimi ýa-da başlandymy?

Serhetden geçenimize dokuz gün bolupdy. Penşenbe güni oktýabryñ 12-inde bellenen möhlet gelip ýetdi. Biz bu günüñ gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşdyk.

Ol güni irden ördük. Darajyk howlunyñ içini gezmeläp, ýol edipdik. Sagatlar diýseñ ýuwaş geçýärdi. Günortan ýene şol dadyp bolmaýan esgerleriñ çorbasyny berdiler. Bogazmyzdan zat geçmeýärdi. Günortadan soñra sagat ikilerde howlynyñ gapysy açylyp, türkmen keşpli inçeräjik bir serjant (parsça: گروهبان) girip: ”Taýýar boluñ, ýola düşmeli” diýdi. Muny eşidip, begenjimizden ýere-göge sygmadyk.

Dört adam sygýan kiçiräjik harby jip maşyna münüp, Keýmir garawulhanadan, has dogrusy zyndandan uzaklaşdyk.

Bu türkmen serjanty adynyñ *Arazmuhammet Mürze ogludygyny*, özünyñ bolsa Esengulydan, Tumaç tiresinden bolýandygyny aýdyp, biz bilen Çärjewe çenli ýoldaş bolup, ýolda-yzda kömek etmek üçin bellenendigini bilen sözüniñ

üstüni ýetirdi. Men dogrusy Çärjewuñ adyny eşitýärdim-de onuñ nirde ýerleşýändigini doly bilmeýärdim. Aljyraññy: ”Arazmuhammet, Çärjew nirede?” diýp sorapdyryn. ”Ýola düşeýli, belli bolar” diýp, gytaklaýyn jogap berdi.

İlkinji gezek Türkmen topragyna gadam basanyma begenip, iki bolup bilmeýärdim. Majaristanly alym Wamberiniñ baryp 1760-nji ýyllarynda geçen ýolundan barýardym. Boýdan başyna göge bürelen Türkmensährasyndan bu ýerde nyşan ýokdy, hemme ýer tozap ýatan gumdy. Hatta darajyk asfalt ýoluñ üştüne-de gum topbagy üýşip, mahal-mahal, şafýorymyzyñ elinden ruluñ çykmagyna sebäp bolýardy, ýöne ol çakganlyk bilen öz işini oñarýardy.

İYki sagat ýörenimizden soñra bir oba baryp ýetdik. Maşyny bir dukanyñ öñünde saklap: ”Bu oba *Çaloýuk* diýýärler, suw dagy aljak bolsañyz, şu ýerden alyp bileris” diýp, Arazmuhammet bize ýüzlendi. Bizem düşüp, dukana girdik. Bu dukan biziñ obamyzdaky dukanlar ýaly däldi. Diýseñ geñ, içinde kitap we gazýetde satylýardy. Zat alara pulumyz ýok diýsem, Arazmuhammet: ”sizi eltip tabşyrýançam, ýörite ýol harjyñyzy berdiler, alyberiñ” diýdi. Şonda men ”Türkmenistanyñ tebigay” diýen kitaby bilen bir gazet aldym, Ejegül bolsa süýji köke aldy.

Ýene ýola düşdük. Obamyzdaky Annameret çarwa ýadyma düşdi, ol özüniñ Çaloýuk obadandygyny aýdypdy. Obanyñ durky Türkmensähradaky obalardan tapawuty ýokdy, ýöne iki parh bardy, birisi obanyñ içinde we töwereginde düýäniñ köpdügi, ikinjisi bolsa gögerip oturan bag-bagçanyñ ýoklygydy. Biraz ýöränimizde bu gezek ulurajyk oba, has dogrusy kiçiräjik şäherçä baryp ýetdik. Arazmuhammet onuñ *Gumdag* şäherçedigini aýtdy. Gumdag, diýseñ gumlykdy. Entejik ýel ösende, şäher tutuşlygyna guma basyrylýardy. Gumdagdan çykyp, ugrumyza gidiberdik. Nebidi gazyp alýan nasuslardan (pomp) ýüzleçesi, irmän-arman diýen ýaly, ýeriñ teýinden nebidi soryardy. Men bu baýlygymyzyñ Moskwa tarapyndan talaýandygyny, SSSR diýen äpet kolonistiñ,

sözüñ doly manysynda orta Aziýa jemhuriýetleriniñ çig mallaryny talaýaşyna soñra göz ýetirdim. Mundan ozal dostluk syýasaty esasynda şeýle bolmaly diýp, bizi ynandyrypdylar.

Agşamara *Nebitdaga* baryp ýetdik. Arazmuhammet baryp demirýol stansiýasyndan biletlerimizi aldy. Soñra ”ugramaga bir sagat bar, garymyzy doýuraýly” diýp, şol golaýda ýerleşen resturana bardyk. Onda işleýän çişik bir rus aýaly: ”nahar gutardy, ýöne ojuk-bujuk galan zatlary getirip bereýin” diýdi. Arazmuhammet çäresiz muña razy boldy. Birzatlar iýişdirdik. Dogrusy begenjimden açlygymyny onçakly duýmaýardym. Biz şafýor bilen hoşlaşyp, otlynyñ duralgasyna tarap ugradyk. Köp adam otlynyñ gelerine garaşýardy. Otly, Şagadamdan gelemelidi. Uzakdan otlynyñ çyralary görnüdi. Haçanda gelip, duralgada duranda adamlar hümmerlenşip, otla münmek üçin ylgaşdylar. Bizem münip, kupemizde ýerleşdik. Üç bolup bir kupede ýerleşdik. Arazmuhammet ýadaman bize hyzmat edýärdi; çaý disek, çaý, suw disek suw getirip bererdi. Goñsy kupelede türkmenler degişip, gülüşýärdiler, arak içip, keýpi hoşluk edýärdiler. Men, bu ýerden türkmen dilinde gürlenýänligine, ýolagçylaryñ hemmesiniñ diýen ýaly türkmenlerdiginiden buýsanmak buýsanýardym. Edil arzuw edişim ýaly, öz ilime gelipdirin diýp, çeken horluklary unutýardym. Otlynyñ içinde käbir adamlar bilen salamlaşyp, özümiñ Türkmensährадan gelenimi aýdýardym. Birisi: ”hä- ýagşy, hoş gelipsiñ” diýýärdi, ýene birisi geñirgäp: ”Etregiñ ilersindäki türkmenleriñ ýagdaýy barasynda aýdyp bersene” diýýärdi, başga birisi: ”mundan birnäçe ýyl öñ, dört-bäş maşgala bolup, Türkmenistana sygnyp gelenleri eşdipdik” diýp, menden ozal bärik geçenler hakynda aýdyp berýärdi. Soñra ýerime geçip ýatdym.

Ala dañdan Arazmuhammet bizi turuzyp: ”Aşgabada geldik, bu ýerde düşüp, indik otla garaşmaly, olam 2 sagatdan geler” diýdi. Aşgabadyñ adyny eşiden badyma ýerimden zoññkga galdym, soñra goşlarymyzy alyp otludan indik.

Aşgabadyñ otly duralgasy diýseñ owadandy. Salonyñ içinde ýolagçylar, otlularynyñ gelerine garaşyp, irkilşip oturdylar. Kä bir aýallaryñ eşikleri meni geñ galdyrýardy, soñra görüp otursam, Çärjewliler şeýleräk geýýänmişler. Garaz, meniñ üçin her zat täzelikdi, üýtgeşikdi. Binanyñ şähere tarap açylýan gapysyndan Aşgabada bakdym: ”Düýşümdemi, huwşymdamy” diýp, gözlerimi owkalaýardym. Howa diýseñ tämizdi, oktýabryñ dañynyñ sergin şemaly, janyña jan goşýardy. Ýanymda özüm ýaly birisi çilim çekýärdi. Menem çilim otlap, onuñ bilen salamlaşyp, hownyñ oñatlygy barasynda söhbet açyp, soñra özüminiñ uzak ýerden arzulap, iklinji gezek Aşgabada gelendigimi gürrüñ berdim. Ol özüniñ Gyzylarbatlydygyny işiniñ bolsa mugallymçylykdygyny aýdyp berdi.

Aşgabat-Çärjew otlusyna münip gündogara tarap ýola düşdik. ”Ol obanyñ ady näme, bu şäheriñ ady näme” diýp, Arazmuhammet pahyry bizar-peteñ edýärdim. Hernä ol ýadaman jogap berýärdi. Uzakdan *Änew* obasyny gördüm, soñra Tejen, sagat iki töwereklerinde bolsa Mara baryp ýetdik. Bu ýerde otlynyñ ýarym sagat eglenjekdigi aýdyldy. Ýere düşüp, bir hili süýji suwy satyn aldyk, onuñ adynyñ ”sok” ýa-da ”kwas”dygyny soñra bilip galdym. Bu ýerde *pepsi* ýa-da şoña meñzeş içgilerden nyşan ýokdy. Bizde adat bolşy ýaly buwzly suwda ýokdy, içgileri gyzgynrak içýärdiler.

Otly ýadaman ýol aşýardy. Duraba gumlyk çöli görnüp başlandy. Demirýoluñ kenaryna gum üýşmez ýaly ýylgyna meñzeş bir hil ösümlik ekipdirler. Howa garaldy, otly-da dinman bir syhylly barýardy. Dura-bara ýüregime howsala düşüp başlady: ”How, Arazmuhammet, biz ýeriñ ol uwjuna barýarsmy, bu ne bitmez, tükenmez ýol” diýp soraýardym. Olam: ”Howlugma, ynha birazdan bararys” diýp, göwünlik berýärdi. Asmanyñ ortarasyndaky tes-tegelek aý giýjäni ýagtylatýardy. Kalindara sertsem bu gün dört tirkeşik aýyñ başkysyñy 12-sidi. Aý diýseñ ýakynlaşan ýalydy, olary elim bilen tutaýjak ýalydym. Gije sagat 8-lerde Çärjewe baryp ýetdik. Arazmuhammediñ yzyna düşüp,

stansiýanyñ uly salonyna girdik, ýetimçelerdik müzzerşip duwrys, Arazmuhammet neresse-de bir zadyñ yzynda eýläk-beýläk çyrpynýardy, arasynda biziñ ýanymyza gelip: ”Wä, bularyñ habarlary ýokmuka, näme diýp gijä galdylar” diýp, birlerine zeýrenýärdi. Sagat dokuz boldy. Bizi garşy alýan bolmady. ”Aý onda men KGB telefon edeýin” diýdi. KGB-niñ adyny eşiden badyma: ”Arazmuhammetjan, nirä jañ etseñ, et, şol edara jañ etme” diýp ýalbarmaga başladym. Biz Eýranda syýasy bendileri gynap, horlaýan SAVAK bilen KGB-niñ bir edaradygyny düşünýärdik. Arazmuhammet hem: ”Ýok, agam, olaryñ gelip, sizi garşy almaklary wezipeleri ahyryn” diýip, bir zady maña düşündirmäge synanşýardy. Ahyry baryp bir ýere telefon etdi. Aradan bäş, on minut geçip, geçmänkä 2 adam gelip, bizi ýerden tapan ýaly, gujaklap: ”Ýoldaşlar, Sowetler ýurduna hoş geldiñiz” diýip, ýüklerimiz alyp, gapyda duran ýeñil maşyna tarap alyp gitdiler. Biz Arazmuhammet bilen hoşlaşyp, gijäniñ içinde belli bolmaýan ykbalymyza tarap ýola düşdük.

## Seýdiniñ mekany Çärjewde

*”Watan üçin çykdym gyr at üstüne,*
*Tä janym çykynça dönmenem, begler!*
*Dikdir serim, düşmen duşman astyna,*
*Sil deý aksa, gandan doýmanam, begler!”*
*Seýdi*

Çärjewiñ demirýol stansiýasyndan *Ergiş* diýen birisi hem şafýorumyz *Jumabaý* bilen ýola düşdük. Birden ýañky Ergiş ”Gürgen radiosyny” açyp: ”ynha siziñ ýurduñyzyñ sesi, muny diñläsiñiz-ä gelendir” diýp, maşynyñ yzynda oturan bize gañyrlyp seretdi. Men: ”Ýok, onda halkyñ sesi däl-de režimiñ propagandasy edilýäni üçini az diñlenýär” diýp jogap berdik. Soñra maşyny, hatar-hatar duran 4-5 gatly jaýlaryñ ýanynda sakladylar: ”Bu raýona, ”Uçpunkt diýärler” diýýärler. Ergiş, şafýora ýüzlenip: ”Juma, myhmanlar bu agşam sizde galsyn, ertir komnalika aşyrarys” diýdi. Men şondan soñra Ergişi görmedim.

Jumabaý diýseñ ýagşy ýigitdi. Bizi güler ýüz bilen kabul etdi. Aýaly bilen iki sany balasy bardy. Biz ýuwnup-ardynyp, naharlandyk. Ýadaw bolanymyz üçin irräk ýatjakdygymyzy aýdanymyzda, olar öz ýatýan krawatyny bize berdiler. On, onbir günden soñra ilkinji gezek arkaýyn uwklapdyrys.

Biz turmazdan ozal, Jumabaý bazara gidip, ertirlik üçin ýagşy taýýarlyk görüpdir. Çaýyñ başynda, *Gafur. S* diýen ýigidiñ bizi görmäge geljegini aýtdy. Ejegül gyrmyzy ketenisi bilen lowurdap otyrdy. Ýañky Gafur diýen oglan gapydan girip, biz bilen salamlaşdy: ”Hoş geldyñ ýoldaş, men bu ýerde dört ýyldan bäri ýaşaýaryn, aslym Kümmetgowuzly” diýdi. Menen özümi tanytdym, soñra: ”Bu-da aýalym Ejegül” diýemde, ol: ”wi, bagyşlañ, men sizi Aşgabatdan gelen myhmandyr diýp oýetdim” diýdi-de Ejegül bilenem tanyşdy.

Çaýdan soňra çilim çekmek üçin, ýere düşdük. Şonda Gafur birsiniň ýanyna baryp, meni görkezip bir zatlary aýtdy. Soňra ýanyma gelip: ”Men *krasni krestiň/ gyzyl haçyň* bu ýerdäki müdüri *Baýram Baltaýew* bilen gepleşdim, bu ýerde boş kwartira/öý bar diýdim, sizi komnalika ibermezligi teklip etdim” diýdi. Men: ”komnalik näme ol nirde” diýdim. ”şäherden 30-40 km-liginde ýerleşen bir ýer, ol ozal, kommunitlaryň dynç alýan ýeridi, häzir bolsa bosgunlary ýerleşdirilen kampa öwrüldi. Biziň hemmämizi ilki gelenimizde şol ýerde ýerleşdirdiler. Ýaňy geçen birki ýyldan bäri, şähere getirip, şu mähellede ýerleşdirdiler. Komnalikda oglanlar berk kontrol astynda saklanýardy” diýp, Gafur gürrüň berdi.

Bagtymyza Gafur diýseň ýagşy ýigit bolup çykdy, ol bizi komnalika ibertmän bir hepdeden gowrak öz öýünde saklady. Ol Çärjewli *Dürzadeh* diýen geline öýlenip ondan *Änin* diýen ogly bolupdyr. İkisem biri-birinden oňat adamlardy. ”Bärde boş jaý bar, oglanlaryň köpüsi Aşgabada, Mara, Daşhouza göçüp gitdiler. Baýram Baltaýewden bir jaý diläp alýançam, sen bizde galyber” diýp, Gafur bize arkaýynlyk berdi. Onuň ýaşaýan jaýynda bir otagy özlerinden artykmaçdy. Biz şonda ýerleşdik.

Öýleden soňra bu ýerde ýaşaýan Türkmensähraly türkmenler bilen tanyşdyrmak üçin Gafur käbir jaýlaryň gapysyny kakdy. Oglanlar işe gidenmiş, köpüsi öýde ýokdy. Bir gapyny kakanda, ýaş gelin gapyny açdy: ”Mawşa, seni iki sany myhman bilen tanyşdyraýyn” diýende, gelin: ”giriň” diýp, bizi içerik aldy. Bir görsem, bu gelin Bendertürkmende görenim Hangeldiniň gelini Mawşa. Salmalaşyp, hal-ahwal soraşdyk. Öýde ýene bir gelin bilen iki sany garry mama bardy. Bu geliniň hem Bendertürkmenlidigini bildik. Ol bäş aý mundan ozal ýoldaşy bilen geçip gelipdirler. Mawşa bolsa bizden iki aý öň gelipdir. İkisem biziň geçen ýolumyzdan geçipdirler. Garry mamalar bolsa Çelekenden, garyndaşlary bolan Hangeldilere gelipdirler. Şonda bu iki gelin tukat bolup oturandyklaryny, yzlaryny göresleriniň gelýändiklerini aýtdylar.

Men kämahal olaryň gözlerinde ýaşyň tegelenýändigini gördüm. ”Nesip bolsa azat erkin bolan topragymyza dolanyp bararys” diýp, olara göwünlik berdim. Ýöne Ejegül diýseň mertlerçe häzirki ýagdaýy ýüregine siňdirip, yzyny küýsäp, küýsemeýändigini dile getirmedi.

Ýaşuly daýzalaryň birisi gazet okaýardy. Ejegül, ”şeýle ýaşuly adamlaram hatly-sowatly” diýip, olara geň galyp bakýardy. Men olara ýüzlenip: ”Biziň Çelekende *Paşmyradow Hally* diýen agalarymyz bolmaly, olara biziň gelenimizi aýtsaňyz” diýip haýyş edemde, birisi okap oturan gazýetini bir ýana goýdy-da olaryň adresini göçrüp aldy. Olaryň hatlý-sowatlydygy we biziň Sähramyzda aýallaryň köpüsiniň sowatsyzlygy bilen deňeşdiremde, bu ýerde ösüşiň bardygyna göz ýetirip galdyk.

Çärjewde on onbir Türkmensähraly türkmen imigranty/bosguny ýaşaýardy. Komnalikda olary bölüp, *Fedaýilary* Daşhouza, *Tuda-lary* Mara, beýlesini-de şu ýerde ýerleşdiripdirler. Onlarçasy bolsa Aşgabatda ýokary okuw jaýlaryna kabul edilipdir.

Gafur oglanlaryň başdan geçiren ýagdaýlary hakynda köp gürrüň berdi. Bir gün Gyzyl haçyň ýerli başlygy Baýram Baltaýew bizi şol ýerdäki edarasyna çagyryp, özbaşymyza bir jaý berilendigini aýdyp, ertir Jumabaý bilen komnalika gidip, oý goşlaryny almalydygymy habar berdi, soňra Ejegül bilen maňa kömek hökmünde 100 manaty uzatdy. Men: ”Ýok, taňyr ýalkasyn” diýemde, ol gülümsiräp: ”al, bu siziň hakyňyz, muny men däl-de döwlet berýär” diýdi. Dogrusy pulsuzlykdan gaty kösenipdim. Sag bolsun oglanlar, çilim pul berýärdiler. Aşyr diýen Bendertürkmenli bir ýigit, kömek diýp, 25 manat beripdi, Gafur-yň-a gürrüni ýokdy, tapany ortady. Biz Baltaýewe sag bolsun aýdyp, edarasyndan çykdyk. Çykyp gelşimize *Hajykerim.B* diýen başga bir Bendertürkmenlini gördüm. Ol meniň bilen salamlaşyp, salamlaşmanka: ”Nury däde, seniň kitabyňy tankyt edýän syny ýazdy, ýöne seniň bärik geleniň

eşdilenden soñra ony ”Türkmenistan-e İran” gazetinde çap etmekden saklanan ýaly boldy” diýdi. Menem: ”Ýazyp, çykaran bolsa gowy bolardy” diýdim.

Bu ýerde ýaşaýan oglanlaryñ köpüsi diýen ýaly ýerli gyzlara öýlenipdirler. İki sanysy bolsa rus gyzlar bilen durmuşlaryny paýlaşypdyrlar. Syýasy taýdan bolsa üç topara bölünýärdiler: bir topar Halkyñ fedaýilarynyñ yzlaryna düşüp, olaryñ guwruklaryndan berk ýapyşýardylar, ikinji topar bolsa ozalky *”Kanuny”* gaýtadan diketmeli diýip, Fedaýilardan ýarym-ýamalak aýrylankişiler bolup, hereket edýärdiler, üçünji topara ”Türkmenistan-e İran” gazeti çykarýandyklary üçin, ”Türkmenistany” diýlýärdi. Bularyñ üçüsi-de biri-birlerine ýagy ýalydy. Gafur: ”İndi syýasatyñ döwrany ötdi, ideoložy, wideoloži, Marks bolsa Marka/Alman puly/ öwrüldi” diýip, kinaýaly gürrüñ berýärdi. ”walla, Gafur, men-a bu gepleriñden dadman galandyryn, ümrüñ içinde ýörän ýaly, gaýrat ediñ-de, gönüsinden gelsene” diýdim. ”birnäçe gün geçsin, özüñ hemme zady bilersiñ” diýip, ertir komunalika gitmelidigimizi ýatladyp, uwkusynyñ gelendigini aýdyp, jaýdan çykyp gitdi.

## Kommunalik diýen zyndan

Çärjewyñ *Buhra* diýen ýol bilen 20-30 km-liginde gideñde, ”*Komsomol*” raýonynda, ”*Partizan*” kolhozynyñ ýanynda, Amyderýadan aýyrylan kanalyñ golaýynda, 3 hektar meýdany tutýan ýerde kommunist partiýanyñ ýolbaşçylary üçin niýetlenip, üç gatdan ybarat gurlan dynç alyş ýere ”kommunalik” diýýärler. Kommunalikiñ müdüri özbeklerden *”Hatyja”* diýen aýaldy. Bosgunlaryñ ilkinji toparyny şol ýerede ýerleşdiripdirler. Bosgunlar umuman iki topardan ýagny ”Tudeh partiýasy” bilen ”Fedaýi”lardan ybarat bolupdyr, bulardan başga beýleki syýasy toparlardandanam birnäçesiniñ bardygyny aýtdylar.

24-nji oktiýaber güni Jumabaý meni kommunalige alyp gitdi. Gafur-da maña ýoldaş bolup geldi. Şäherden ýarym sagat töweregi uzaklykda ýerleşen kommunalige gelip ýetdik. Bu ýerde ol eşdilen goh-galmagallardan, bosgunlaryñ eýläk-beýläk ylgaşlaryndan habar hatyr ýokdy, üm-sümlik höküm sürýärdi. Türkmenleriñ hemmesi ýa Çärjewde ýerleşdirlipdir, ýa-da Günbatar döwletlerine aşypdyrlar, diñe Yrakdan gelen birnäçe kürt bosguny bardy. Howlynyñ içinde ýerleşen iki gatlý binanyñ öñünde ulyrajyk suw howuzuny gurupdyrlar, garşysynda bolsa aşhana diýlen uzynrak ammar bar. Binanyñ daş-töweregi bolsa pagta meýdany. Jumabaý bilen Gafur binanyñ ýerzemine girip gidiberdiler, maña-da gel diýdiler. Bu ýerde uly bilýard salonyny gördüm. Gapdalyndaky otaga girdik, ol ýer skald/ammar eken, baryp gapyný kakdyk, jogap bolmady, daşarý çykdyk, bir ýerden bir ýaşuly gelip biz bilen salamlaşdy, oña *Rejep aga* diýip ýüzlendiler. Ol binanyñ garawuly ekeni. Gafur oña: ”Rejep aga, öý-içerler nähili, gyzlary ýerleşdirdiñmi” diýip soranda, ”ýok, siziñkilerdenem derek bolmady, hiç biziriñiz gyzlara göwün bermediñiz” diýip, degişme äheñinde jogap berdi. Soñra: *”Nina”* ýaňy çykyp gitdi, ynha öwrülerin” diýip, birisi hakynda gürrüñ berdi. Gafur: ”Çäre ýok, garaşarys” diýidi. Rus

aýaly Nina kommunaligiñ hasapçy-bugaltiri ekeni. Jumabaý, Rejep aga bilen bir tarapa, Gafur bilen men bolsa howzuñ başyna baryp çilim otladyk. Gafur howzuñ tolkun atyp duran suwuna bakyp, çuñ oýa batdy. Bir salym dymdy, soñra: ”haýp, bu ýerde geçen günler” diýip, başyny ýaýkady. Men oña: ”Näme boldy” diýip ýüzlenemde, ”Bu ýerde gören görgülerimizi it görse gözi agrardy” diýip, howzuyñ töwereginde gezmeläp başlady. ”Şu görän ýerleriñ, gadam basýan her bir jaýyñ maña başdan geçiren ajy günlerimi ýatladýar” diýip, Gafur, uludan demini alyp oglanlaryñ başdan geçiren günleri hakynda gürrüñ berip başlady.

1982-nji ýyldan başlap, bosgunlaryñ ilkinji topary Türkmenistana gelip başlady. Fedaýilaryñ ýolbaşçylaryny Özbegistanyñ paýtagty Daşkentde ýerleşdiler. Bizi-de ol ýere ýakyn bolsun diýip, Çärjewe getirdiler. 100-den gowrak bosgun geldi, olaryñ ýarysy diýen ýaly parsdy. Her bir täze gelen bosgun, serhetden ne gün bilen geçendigi, 6-7 günläp serhetçiler tarapyndan sorag-jogap edilendigi, soldatlara berilýän gara çorba bilen gara çörekden başga zat berilmändigi hakda gözlerine ýaş tegeläp gürrüñ berýärdi. Bu ýerde KGB-niñ ofisseri, ärsarylardan *Ergiş* bilen kömekçisi, gelip-çykyşy täjiklerden *Öwezew* diýen iki kişi bosgunlardan jogapkär edilip bellenipdir. Bulardan başga *”Çary aga”, ”Durdy”, ”Joraýew”, ”Gara Gurban”, ”Juma”* her hepde gezek gezegine gelip, oglanlardan sorag edýärdiler. Olaryñ başlygyna *Makarow* diýerdiler. Köplenç Eýrandaky ýagdaý, syýasy gatnaşykar barasynda soraýardylar.

Şol görýän ambar aşhanamyzdy. Oña *Rahym aga* diýen birsi ýolbaşçylyk edýärdi. *Gülnara, Jümägül, Zamfyra*, *Ogulnar* diýen gyzlar aşpez bolup işleýärdi-diýp, Gafur sözüni dowam etdirdi.

”Gelen bosgunlaryñ ýaşy 18 bilen 40 aralygyndady. Sallah oglanlary(18 töweregi) şol gören ýerziminde, maşgalaly bolanlary depeki gatlarda ýerleşdirdiler. *Anna.Z* diýen Türkmeni ”Fedaýylar-äkseriýet” topary adyna we

*Feriborz* diýen birsini ”Tudah partiýasý” tarapyndan bosgunlara siýasy ýolbaşçy edip, *Hajy.T*-i bolsa, sosýal meselellerinden jogapkär edip bellediler. Koridorda ýekeje köneräk telewizer bardy. Gijelerine onuñ daşyna ýygnanşyp tomaşa edilýärdi. Haýsy tele kanaly seretmegiñ üstünde mahal-mahal goh-galmagal bolardy. Türkmenler Aşgabadyñ gepleşiklerini, Türkmen aýdym-saz diñläsleri gelýärdi, parslar bolsa Moskwanyñ gepleşiklerini tomaşa etmek isleýärdiler. Bir görseñ yzrakdan aýllar eşitmez ýaly edip: ” bu nämesini näme etdigim parsa bak, Eýranda agalyk edenleri az ýaly, indi bu ýerde-de öz hökümlerini ýöretjek bolar” diýp seslenerdi. Daşkentden Fedaýylaryñ ýolbaşylaryndan *”Ahmatjyk”* lakamly *Dr.Reza Jowşeni* bilen *Ferýdun* dagy gelip, bosgunlar bilen siýasy meseleler hakynda otuşyk maslahatyny! geçirýärdiler. Ýene bir geñ zady aýdaýym. Tomusyñ yssy günlerinde golaýymyzdaky kanala suwa düşmäge giderdik. Mazenderanly *Huseýin* diýen birsi suwa düşüp ýörkä gark bolup öldi. Onuñ aýal dogany bilen giýewsi-de bosgun bolup gelipdi. Giýewiñ ady *Abbas Selimi*,di. Soñra ony bosgunlara baş edip, Daşkentden belledir. Ol öz buýruklarynyñ berk ýerine ýetirilmegini talap edensoñ, Türkmenler oña *”şah abbas”* diýärdiler.

Başda berilýän mümkinçilikler we hyzmatlar diýseñ ýetersizdi. Şol uly märeke üçin diñe iki sany hajathana bardy, olam diñe ady hajathana, ne suw bardy ne-de kagyz, oglanlar gijelerine meýdan gidip täret ederdiler bu bolsa hapalygyñ artmagyna sebäp bolardy. Her iki hepdeden bir gezek şähere hamamma alyp gitýärdiler. Herkim öz nobatyndan artykmaçrak, ýa-da nobaty gelmänkä, hamamma gitjek bolýardy, bu bolsa oglanlaryñ arasynda dawa-jenjele sebäp bolardy, ýa-da kä mahal süýt getirlende: ”çagam kesel” diýp köpräjik aljak bolýan haýs, garaz şular ýlay ownuk-uşak zatlar, göreşjeñ-rewlosiýoner ýigitleriñ bir-biri bilen ýakalaşmagyna sebäp bolýardy. Kä birleri: ” muny KGB ýörite gunaýar” diýýärdi.

Günler, aýlarý, aýlar ýyllary yzarlaýardy. Günümiz şeýdip geçip barýardy. Yki siýasy topar bolup, garşy-garşy wollibal, ýörtme, bökme we pink-ponk ýaly oýunlar oýnaýardyk, küşütdepdi ýaly oýunlarydyr dürli temalardan teatrlary ýola goýardyk.

Gyş aýlary gaty sowuk bolardy, jaýlary ýylatmak üçin köne motor bardy, onda *Halym.N* mekanik bolup aýyna 60 manada işleýärdi, iñ baýymyz-da Halymdy. Pul bermezdiler, manadyñ reñkini görmek bize arzuw boldy. Halym kämahal bize arak alyp bererdi, arak içmegi bize gadagan edenleri üçin ogrynça içerdik. Tomus aýynda uzyn paltony geýip, oglanlar goñşy kolhozdaky toýa gidip, hödür edilen aragy, jüblerine salyp getirerdiler. Bilse, şah Abbas derrew Daşkente merkezi komitete habar bererdi. Soñra puly ýetmeýän oglanlara karz pul berip bilmek üçin ýörite sandyk döretdik, oña-da Halymy ýolbaşçy edip belledik.

Güýz aýynda pagta ýygmaga alyp giderdiler. Her kim işçi-daýhan partiýasyna wepaly boljak bolup, agyr işlerde işlemegi özüne borç saýýardy. Galyñ eşik diýp paýlap beren paltodyr jalbarlary beren günlerinde meýdanda oglanlar bir-biriniñ eşigine seredip, gülmekden ters ýykylýardylar, birsiniñki uzyn, başgasynyñky gysgady. Pomaza köýnek, gara palto bilen bätinke diýlen köwiş berdiler. Türkmen aýallaryñ balaklarynyñ uçgury erezindi, bu bolsa Türkmenistanda ýokdy, ol-da problemalaryñ birsine aýlanypdy. Sport köwşüñ arzuwy bolsa hasyl bolman gitdi. Ýöne özümizi sagdyn saklmak üçin sport ederdik. Eýranda bolup geçýän ýagdaýy diñläýli diýsek, gysga tolkunly radio-da bermediler, diñe Aşgabat radiosyny diñlärdik. Rus dil kursuny açdylar, *Ýolbars* aga diýen oñat mugallymyz bardy.

Bişirilýän naharlaryñ hili-de onçakly öwerlik däldi. Oglanlar balyk tutup duzlardylar. Parslar özlerine mahsus naharlaryñ bişirilmegini isleýärdiler, bu-da bolmazdy, ahyry -hany onda özüñiz bişiriñ- diýdiler. Parslar gidip düzden

selme hem şoña meñzeş otlary getirip, ”gorma sebzi” bişirdiler, ony iýenler ödle bolup ýykyldylar.

Günlerimiz şeýle geçýärdi diýp Gafur sözüni dowam etdirdi.

“Bir gün iş ýerlerinden gelen başlyklar, gelende bize hatara duruzdylar. Olar edil gul bazarlarynda gul satyn alýan ýaly biziñ endam-janymyza seredişip, güýçlerägimizi saýlap bir kenera çykardylar. Soñra kommunalygyñ başlygy bilen bir zatlar gepleşik, kagyzlara bellik edip gitdiler. Şonda biziñ nirde işlemelidigimiz bellenen eken. Soñra bizi üç topara böldüler. Fedaýylary “Daşhouza” Tudalary “Mara” galanlaryny bolsa Çärjewuñ “uç-punkt” diýen mähellesyndäki öýlerde ýerleşdirdiler. Şeýdip bosgunlyk döwrümiziñ başga bir tapgyry başlandy. Günde irden turup işe giderdik, kim tekstil kärhanasynda, kim metal/demir zawodynda, kim ustahanada, aýallar bolsa ýeñilräk işlerde işleýärdi” diýp Gafur gürrüñini dowam etdirdi. “Çärjewuñ awtobuslarynyñ içi hym-dykyzdy, hatta dik durmaga ýer bolmazdy, garaz her kim işine aşjak bolup, tutda-basdy. Bir gün biziñ oglanlarymyzdan biri bu ýagdaýa çydaman, awtobusyñ içinde batly ses bilen: “başlyklarda şeýle ýagdaýda işe gidýärlermi, hany sosýalyzym, hany deñlik “ diýp gygyrmazmy, ýöne onuñ sözüne gulak beren bolman, gaýtam “däliräpdir” diýen äheñde oña bakypdyrlar.

Şu taýda Gafur uludan demini aldy, men näme erbet zat ýadyña düşdümi? Diýp soramda ol: howa, *Jelil* neresse ýadyma düşdi” diýp sözüni dowam etdirdi.

“Durmuş dowam etýärdi. Şäherde resturanlar, diskotekler köpdi. Dynç günleri olara gidip, oglanlar dura-bara özlerine gyz dost tapýardylar, kimler bolsa iş ýerlerindäki gyzlar bilen tanyş bolýardy. Şeýdip 4-5 oglan ýerli gyzlar bilen öýlendiler. Olaryñ arasynda iki sany rus milletine öýlelen-de boldy. Birnäçämiz bolsa Türkmenler bilen öýlendik. Şeýdip meniñ kysmatyma “Dürzadah” diýen gyz düşdi, ondanam *“Änin”* pahyryñ *(Annageldi Goklany)* adyny göterýän

oglumyz boldy. Galan zatlary-da öz gözüñ bilen görersiñ” diýp Gafur sözüni tamamlady. Soñra almaly zatlarymyzy alyp, şähere dolanyp gaýtdyk.

19-njy oktýabrda Aşgabatdan gaýbana tanyş dostum *Ýüsüp.K* geldi. Ol maña bosgunlyga gelen oglanlaryñ durmuşy hem-de siýasy hereketleri hakynda köp gürrüñ berdi. “Fedaýilardan” peýdanyñ ýokdugyny, özleriniñ “Kanuny gaýtadan dikeldiş toparyny” döredendiklerini, “Kanuna” ynanýanlaryñ bir böleginiñ Almanda “Türkmenistan” diýen neşriýe çykaryp, özbaşlaryna hereket edýändigini aýtdy. Ertesi Aşgabada ugramazdan ozal men oña: “men bu ýerde galasym gelenok, Aşgabada gidesim gelýär” diýdim. Ol bu babatda maña kömek etjegine söz berdi.

Sowiet soýuzynda bosgunlaryñ işi bilen “gyzyl haç” guramasy meşgullanýardy. Bir gün *Guramanyñ* Çärjew bölüminiñ başlygy Baýram Baltaýewe: “Baýram aga! Maşhet şäherinde tanyş bolanym Türkmenistanly Ata Berdiýew bilen Gurban Aganyazowy görmek isleýärin, olar barada bilýän zadyñ bolsa maña bildir diýdim.” Birnäçe günden soñra ol: “A. Berdiýew Täjigistanda işleýär, ýakyn wagtda G.Aganýazow Çärjewe geljek şonda nesip bolsa onuñ bilen duşuşdyrarys” diýdi.

24-nji oktýabr güni Baýram Baltaýew maña: “aýalyñ bilen hol köçäñ başynda maña garaş, men sizi Gurban Aganýazowyñ ýanyna alyp gideýin” diýdi. Ol bizi Çärjewiñ demirýol stansiýasynyñ garşysyndaky *“Jeýhun”* oteline alyp bardy. Şol ýerde 6-7 ýyldan soñra Gurban agany gördüm. Ýanynda başy küläli daýaw aýal bardy. Ol bizi gören badyna parsça hoş geldiñ diýp, hal-ahwal soraşdy. Baýram aga onuñ öz aýalydygyny we birnäçe waglap Maşhetde bolandygyny aýtdy. Soñra bolýan otagyna alyp gitdi. Çaýlaşamyzdan soñ birsine telefon edip, rusça bir zat diýdi. Agşam düşüberende bizi bir dostunyñ öýne alyp gitdi we hezzet baryny etdi. Men Baýram aga Aşgabada gidip ýaşasym gelýär diýemde ol: “häzir boş jaý ýok, öý tapylsa gidersiñ” diýdi. Soñra bizi ýaşaýan ýerimize ugratdy. Ony şol görenim boldy, ondan soñra görebilmedim.

## Watandaşsyz watandaşlar!

Çärejewe gelenemizden birnäçe gün geçdi. Gafurlaryñ bir otagynda ýaşaýarys. 27-nji oktýabr güni Gafur bizi “owir/owir” diýen edara alyp gitdi. Ol Yranda “شهربانی”niñ bir bölümi bolup wiza we pasport işleri bilen meşgullan edara. Bir jaýa girdik. Harby eşikli, bütin dişleri kümüşden goýlan semiz bir aýaly gördük. Ady rus dilinde kümüş manysynda bolan *Serebrikowa*-dy. Ol ýüzümize-de seredmän Gafur bilen bir-iki agyz gepleşip, sejillerimizide ýazylan bellikleri Gafurdan sorap, iki sany ýaşyl pasporty çekerinden çykaryp oña ýazyp başlady. Gafur, “bez grajdanstwa, polit emigrant” diýp bir zatlary orsçalap oña aýtdy, ol gulagam gabartman, başyny aşak salyp ýazmak bilendi. Soñra bilelikde jaýdan çykyp, biziñ koridorda gaşmagymyzy isläp, özi başga bir jaýa girip gitdi. Bir bada şol ýerde Bendertürkmende bile okan dostum *Nurjan.M*-ni gördüm. Hal-awal soraşdyk. Gafur oña näme iş bilen geldiñ diýp soranda, ”Almana wiza aljak bolýan, bermän kösäp ýörler” diýdi. Şol wagt ýañky aýal gelip, elimize pasportlarymyzy gowşurdy, Nurjana bakyp, *”net, net” (ýok, ýok)* diýp jogap berdi. ”Näme üçin berenoklar?” diýemde, “olar maña, sen dälräpsiñ, gidip, oalrý öldürip, ogluñy alyp gaçjak bolýarsyñ” diýýärler- diýdi. Men olar diýýäniñ kim, näme üçin öz ogluñy alyp gaçmalysyñ” diýemde, “bu uzak gürrüñ, soñra aýdyp bererin” diýdi. Pasportlarymyzy alyp öýe tarap gelşimize, meniñ pasportymy gören Gafur gülmäge başlady, näme boldy- diýemde, seniñ kimlik diýen ýerinde erkek ýerine “aýal” diýp ýazypdyr- diýdi. “aý, bu ýerde kim-kime, baş-başdaklyk, diñe menden barýançadyr” diýdi.

Bir gün Bendertürkmende mugallym bolup işleýän wagty tanyşanym 1987-de işini taşlap Türkmenistana sygnan Hangeldi bilen Çärjewuñ *“Lenin ýoly”* gazetiñ edarasyna bardym. Ol ýerde *Abdyreşit Taşow* diýen ýazyjy-şahyr bilen tanyşdym. Ol bizi garşy aldy. Haçanda meniñ taryh ugrundan ylmy işimiñ bardygyny eşidende, “Pedagoki inistitutiñ” (تربيت معلم) studentlerine leksiýa

berip bilermisiñ diýdi? Men “bolar” diýdim. Soñra Taşow Çärjewuñ mugallymçylyk terbiýe berýän “Ped inistitutuñ” müdürine telefon edip, bu hakda onuñ bilen gürleşdi. Soñ maña 2-nji Noýabrda çykyş etmäge gün bellenendigini aýtdy.

Bellenen güni instituta bardym. Eýrandaky ýokary okuw jaýlara garañda studentleriñ sany azdy. Soñra olaryñ köpüsiniñ pagta ýygdyrmaga alnyp gidilendigini bilip galdym. Studentleriñ hemmsini diýen ýaly uly zala ýygnadylar. Ylkinji gezek Türkmenistanly studentleriñ öñünde çykyş etjegim üçinmi nämmi, tolgunyp başladym. Söhbeti Eýran Türkmenleriñ soñky 100 ýylyñ dowamyndaky göreşlerinden başladym, soñra 1924-nji ýyllardaky jemhuriýet gurmak we ondan soñky wakalar barasynda durup geçip, çykyşy Türkmenleriñ Yslam rejimine garşy awtonom hukuguny gazanmakdaky göreşleri bilen jemledim. Gezek sorag-jogaba ýetdi. Bir student özüniñ Esengulydandygyny we Türkmensähranyñ taryhy bilen gyzyklanýandygyny aýdyp, *Annageldi (Aç-Kelte)* serdaryñ Reza şahyñ goşunyna garşy baş göteren göreşleri barasynda sorady. Men bilýän zatlarymy aýdyp berdim, hem-de Türkmenistanly studentleriñ Eýranly Türkmenleriñ taryhy bilen gyzyklanýandyklaryna begendim. Soñra inistitutiñ direktory meni resturana alyp gidip oñat naharlady hem-de harçlyk diýp, çykyşym üçin 50-60 manat pul berdi. Ol döwürde ol köp puldy.

Şeýdip Çärjewde ýaşaberdik. Boş bikär, näme etjegimi bilmäni kän kösendin. Şo günler häzirki ýazyp oturan ýatlamalar kitabymy ýazaýyn diýp oýlandym. Ýöne siýasy oturşyklar, dürli jedeller oña pursat döretmedi.

Dura-bara oglanlaryñ köpüsi bilen tanşyp ugradym. Bir gün Gafur bizi “*Dänew*” diýen oba alyp gitdi. Ol ýerde onuñ gaýyn topary ýaşaýardy. Onuñ aýaly “Dürzade” diýseñ dür ýaly gelindi gaşyny çytman bize hyzmat ederdi.

Gafurlarda takmyn bir aý çemesi galdyk. Soñra emigrantlaryñ kitaphana diýp ulanýan kwartirasynyñ (apartamentiniñ) ýanynda bir jaý boşady, biz Gafurdan rugsat alyp, ol ýere göçüp bardyk.

Ýaşaýan jaýymyz iki otagdan ybaratdy. Birsinde kiçiräjik ýatak/krawat bardy, gapdalyndaky jaýda kitapdyr, gazet-jurnallar bardy. Oglanlaryñ aýtmaklaryna görä olara başda gysga tolkunly radioda bermändirler, ýöne soñra daşary ýurtlary tutup bilýän radio edinip bilipdirler. Oglanlardan birkisi "Gürgen" radiosini diñläp, Türkmensähra degişli habarlary ýazgy edip, soñra kagyza geçiripdir. Ýazgylaryñ birsinde meniñ Gürgen radiosyndan Türkmen taryhyna degişli gürrüñler hakynda-da bellik edilip, meniñ kimligimi bilmäge synanşylypdyr.

## Täze durmuşa ugurdaş

Bosgunlar dura-bara täze durmuş bilen uýgunlaşyp başlaýarlar. Kimse işe, kimi okuwa ýerleşdirilýär. Sekizsi Özbegistanyň paýtagty Daşkentdäki *“Part şkol*,a مدرسه حزبی” ýollanýar. Kurslar 9 hem-de 3 ýyllyk bolupdyr. Ýöne ony-da doly tamamlap bylmedikler bolupdyr. Beýle siýasy mekdebiň Türkmenistanda ýola goýulmanlygynyň özi-de bir sorag.

Şol döwürde Owganystadaky Nejibollanyň rejimini goldamak kommunistlaryň esasy aladasy bolupdyr. Bu alada biziň bosgunlarymyzyň arasynda-da ýaýrapdyr. Şol esasda 4-5 sany Eýranly Türkmen bosguny meýletin Owganystana gidýärler. Şu ýerde bir zady ýatlamagy-da zerur gördük. Owganystanyň üsti bilen Eýrana gidip, ol ýerden bagly bolan siýasy partiýaňa habar getirmek-de aladalaryň birsine öwürlipdir. Şol esasda *K.M* bilen *H.G* Eýrana gidýärler. K.M tanalyp ele salynýar we ençeme ýyllap azatlykdan mahrum edilýär, ýöne H.G öz hem-de dostunyň maşgalasyny alyp gaýta Türkmenistana öwrülmegi başarýar. 1985-nji ýyllarda Türkmensährada polisi rejim höküm sürýärdi. Kümmetgowuzda *Hajy Eziz* diýen birsi entek şek ýetirilen türkmeni tussag edip gynag astyna alýardy, eneçeme türkmen ýigidi zyndanlarda horlandy.

Owganystana giden bir türkmeniň aýaly fedaýylaryň pars dilinde gepleşik berýän radiosynda “رادیو زحمتکشان” speaker bolýar. H.N bir täjik gyzyna öýlenýär, N.Ý bolsa şol wagtlar Eýrandan Owganystana baran äzeri gyzy P. Bilen durmuş guryar. Şeýdip olar 3-4 ýyllap howply ýagdaýda ýaşaýarlar.

### *Fewral aýynyň aýylganç jenaýaty*

Heniz ýigrimi ýaşyny-da doldurmadyk, müňlerçe arzuwlar bilen siýasy hereketlere goşulan *Jelil Salak*-da yzarlanmdan howtyr edip 1983-nji ýylda ilkinjiler bolup Kümmetden Türkmenistana gaçyp atýar we Çärjewde

ýerleşdirilýär. Olaryň arasynda *Gurbandurdy Turany* diýen birsi-de bolupdyr. Ynçejik, hor ýagyz Jelil, siýasy gaçybatalga almaga Gurbandurdynyň laýyk däldigini, onuň siýasy işlerden beter, içgi we şoňa meňzeş işler bilen meşgullanýandygyny aýdyp, ony tankyt edýänmiş, Gurbandurdy-da gazaplanyp, “seni ahyry bir gün öldürerin” diýýänmiş. Onuň bu sözi 1985-nji ýylyň Fewralynda hakykat bolup çykýar. Aýdyşlaryna görä içgi içip gelen Gurbandurdy, süýji uwkuda ýatan Jelili pyçaklap öldürýär. Sud ony 15 ýyl azatlykdan mahrum edip, Sibr zyndanyna ýollaýar.

### *Ideoloži, wideoložiýa,*
### *Marks Marka öwrülýär!*

Çärjewde galan oglanlar mahal-mahal Alman gidip, özleri bilen wideo, radio-zebt/magnitafon we saz gurallarý ýaly aparatlary getirip, ýerli halka satýardylar. Birnäçe oglan bolsa dollar alyp-satýardylar, garaz her kim güzeranyny oňatlaşdyrmanyň aladasynda bolup, siýasy meseleler ikinji, hatta üçünji planda galýar. Degişme bilen indi ideoloji, wideolojye, Marks,de Marka(alman puluna) öwrüldi diýýärdiler. Oglanlar, Gündogar Berline wiza alyp, rugsat berilen bir ötükden Günbatar Berline geçip, söwda satyk edip, yzyna gelýänmişler. Bu ýoly soňra menem geçdim, ýeri gelende gürrüň bererin. Ýöne häzir maňa Aşgaba barmak uly hyal bolup durýardy.

### *Aşgabada ýolagçylyk*

Mundan artyk Çärjewde galyp biljek däldim, işsizlik, dürli garaýyşlar, näme etjegiňi bilmän ýörmek, ömrüňi ýele sowurmakdan başga zat däldi. Şoňa görä Aşgabada gaýtmagy ýüregime düwüp, 10-njy Noýabrda Anna güni odly bilen Türkmenistanyň baş şäherine gelip düşdük. Dostum Ýusup bizi garşy aldy. Onuň aýaly golaýda Berline gidip ol ýerde galmak üçin bosunlyk edarasyna

arzasyny berip garaşyp oturan. Soñra görüp otursam oglanlaryñ köpüsi maşgalalary ýa-da ýeke başlaryna şeýle maksat bilen Günbatar döwletlerine giden ekenler.

Duşenbe güni aýyñ 13-ine Ýusup meni işleýän ýeri bolan “Ylymlar Akademiýasyna” alyp gitdi. Ol etnografiýa bölüminde prof. Ata Jykyewyñ ýolbaşçylygynda işleýärdi. Şol ýerde Sapar Ensarynyñ gyzy Maýa bilen tanyş boldum. Haçanda Ýusup oña: “bu Eýrandan golaýda geldi” diýnde, ol orsçalap, zarynlap bir zatlary sorap başlady. Ýusup onuñ türkmençe gepläp bilmeýändigini aýdyp, Atasynyñ zyndanda öldürlip, öldürilmänliginiñ habaryny soraýar diýdi. Men oña: “ýok, Sapar aga ýaşaýar, gaýtmakam duşuşdym” diýp, Maýany köşeşdirdim- Sapar aga şondan 1-2 ýyl soñra aradan çykypdyr. Akedemiýanyñ 2-nji gatyndan aşak düşüp gelýärkäk türkmen köýnekli bir gelin Ýusup bilen orsça gep urdy. Men bulara geñ galdym. Geñ galanymy gören Ýusup, geñ galma, bu ýerde ene dilini bilmeýän müñlerçesine gabat gelersiñ diýdi. Soñra gapdaldaky uly bina tarap ugradyk. Ol ýer Akedemiýanyñ prezidumy ýagny edary bölümidi. 2-nji gatda Akedemiýanyñ şol wagtky başlygy, dünýä belli çölşynas akademik *Agajan Babaýew* we orunbasary taryh ylymlaryñ doktory akademyk *Myrat Annanepesow*,yñ kabinetlerine gözüm düşdi. Ýusup meni Myrat aganyñ ýanyna alyp bardy. Tanyşlykdan soñra ýanym bilen alyp baran kitabymy-Tehranda pars dilinde 1987/1366 ýylynda çap etdiren سیری در تاریخ سیاسی و اجتماعی ترکمنها diýen kitabymy sowgat berdim. Myrat aga meni Akademiýanyñ *Şaja Batyrow* adyndaky Taryh bölüminiñ Gündogaryşynas bölüminde işe ýerleşdirdi. Sag bolsun. Bu bölüme “Eýran Türkmenleriñ gozgalañy 1916-1924” diýen kitabyñ awtory *Hummat Ataýew* ýolbaşçylyk edýärdi. Şeýle-de ol ýerde Myrat aganyñ ogly *Ahmad*, Daşkentden ýaña okuwny tamamlap gelen *Şeşat* diýen gyz, *Serdar Ataýew*, *Muhammetaman Saparow*, *Aýna Babaýewa* we *Maral* dagy işleýärdi. Mundan ozal Eýranly türkmenlerden *Anna*-da bu bölümde işlänmiş- ol soñra Günbatara

göçüp gaýdýar. Akademiýanyñ golýazmalar fondunda-da 2-3 sany Eýranly Türkmen işlýärdi. Olardan *Aman B*, *Abdyrahman.G*- soñra *Nurjan.M*- dagy ýadymda. Kitaphanada *Almaz Ýazberdiniñ* ýolbaşçylygynda *Hamyt.T* işleýärdi.

Ol wagtlar iş tapañdan soñra şäherde ýerleşip bilýärdiñ. Sowiet kanuny boýunça *propiska* diýen bela bardy, esasan-da Türkmenleriñ şäherlerden göçüp gelmegine böwet döretmek üçin şeýle kanunlar ýöredilipdir. Aşgabatda ýaşamaga öý tapsañ hany işiñ, iş tapsañ hany ýaşaýyş jaý rugsatyñ diýp, bir-birine düwülen bu alasarmykdan çykmak mümkin däldi. Ýöne ýüzläp-ýüzläp Ermenistandan ýa-da Azerbegjandan göçüp gelenler añsatlyk bilen Aşgabatda ýerleşipdirler. Myrat aganyñ ýene bir kömegi-de meniñ Akademiýanyñ umumy ýaşaýyş jaýynda hasaba alynmagym boldy. Şeýdip men işli hem-de ýaşaýyş jaýa rugsatly adam boldum.

Aşgabadyñ ileri ýüzünde *Berzeñi* diýen mähelläniñ golaýynda täze gurlan *Mir* diýen raýon bardy. *Mir* (rusça parahatçylyk/dünýä). Biziñ oglanlarymyzyñ köpüsi Mir 1-de ýerleşipdirler. Olaryñ aglabasy medisin, dil-edebiýat, taryh we...ugurlarynda okaýardylar. Türkmen döwleti olara aýratyn hukuk berip, uniwersitetdir fakoltetlerde ýerleşdiripdir.

### *Aşgabatda yzarlanyp başlanşym*

17-nji noýabr güni *“Dostlyk jemgiýeti”* diýen edara baryp, ol ýerde işleýänler bilen tanyş boldum. Dostlyk jemgiýeti şol wagtky Lenin/häzirki Türkmenbaşy şaýoly bilen Magtymguly köçesiniñ çatrygyndaky Türkmenistanyñ daşary işler ministerliginiñ birinji gatynda ýerleşýärdi. Ol ýerde işleýän *Baýram aga* (familýasyny unudypdyryn) özüniñ Etrek derýasynda bent gurmak proýekti bilen Maşat şäherinde bolandygyny gürrüñ berdi. Beýleki işgärleriñ ady ýadymda däl. Olar meniñ jemgiýete ýazyp, Türkmensährадan ýollan hatlarymy görkezdiler. Gaýbana tanyşdygymyzy ýatlatdylar. Bir salymdan soñra uzyn

boýly orta ýaşly bir adam geldi. “Muhammet aga hoş geldiñiz” diýp ony garşy aldylar. Meni tanyşdyrdylar. Onuñ *Muhammet Myratly*dygyny we Aşgabat radiosynda daşary ýurt Türkmenler üçin *“Meniñ Watanym”* diýen gepleşik taýýarlaýandygyny aýtdylar. Ýanynda gök gözli, pars dilini Owgan urşuna gatnaşanda öwrenendigini aýdan *Dörtguly Baýsähetow* diýen ýigit-de bardy. Bularyñ ikisi-de Türkmensährадan rus hatynda ýazylyp ýollanan hatlaryñ köp ýalñyşlyklarynyñ bardygyny aýdyp, ony göwün ýetmezçilik äheñinde ýañsytdylar. Men olara Türkmensähranyñ ýagdaýy, Yslam döwletiniñ alyp barýan zalym siýasatlary hakynda gürrüñ berdim. Sözümiñ bir ýerinde henizem Türkmenistany diñlemek üçin Amerikanlaryñ guran Radarynyñ işläp durandygyny aýtdym. Soñra hoşlaşyp gaýtdym. Şondan iki gün soñra Akademiýa işleýän ýerime telefon edip, *Aman*! diýen birsiniñ meniñ bilen edil sagat 12-de Magtymgulynyñ heýkeliniñ ýanynda duşuşjakdygyny aýdyp, hökman gelmelidigimi nygtady.

Hiç zatdan habarsyz duşuşmaly ýere bardym. Uzyn boýly bir ýigit maña garaşyp duran eken. Ol meni çölarak ýere alyp gidip, Eýran hakynda köpräk gürrüñ bermegimi isledi. Men onuñ ýörite gullukdandygyny-*KGB*-dendigini bildim. Ol gepiniñ bir ýerinde Radar hakynda köpräk gürrüñ bermegimi isledi. Men, Dostlyk jemgiýetde aýdan zatlarymyñ muña ýetirlendigini bilip galdym hem-de ol ýeriñ “Dostlyk” däl-de KGB-niñ öýjügidigini añdym. Bu agent her birnäçe günden öñünden bellenen ýere çagyryp, bir gezek Aşgabatda ýaşaýan bir gezek Ýewropda ýaşaýan Türkmenleriñ siýasy hereketleri hakynda soraýardy, şeýle-de ikä bölnen “Kanun ferhengi کانون فرهنگی و سیاسی” hakynda maglumat berip, olardan “gaýtadan dikeldiş هئیت بازسازی کانون” toparyna goşulmagymy maslahat berdi. Garaz bu adam menden elini çekmän geldi, menem oña diñe oglanlaryñ arasynda ýaýran hemmelere belli bolan zatlary aýdip, başymy gutarardym, soñabaka menden täze bir gürrüñ eşdip bilmejegine göz ýetiren Aman! menden elini çekdi.

***Ýapyk Zona Çelekene sapar***

Bir gün iş ýerime telefon edip birsi meni sorady, Ahmat telefony maňa uzatdy. Aňyrdan birsi rusça meniň adymy tutup birzatlar aýtýar. Ol wagt rusça bilmeýärdim, Ahmatdan düşündigip bermegi haýyş etdim. Ahmat: kimdir birsiniň Çelekenden telefon edip seniň garyndaşlaryňdygyny aýtýar diýdi. Ahmadyň kömegi bilen düşünşip olary Aşgabada çagyrdym. Şondan birnäçe gün soňra Aşgabadyň uçarlar meýdanynda garyndaşlarymy garşy aldym. Gelenler ýaşuly bir aýal *Solobike*, ogly-takmyn meň ýaşdaş- *Saparmyrat* we ondan birki ýaş kiçi, gyzy *Arazgül*. Olar özlerini *Hally* dädemiň aýaly hem ogul-gyzlarydygyny aýtdylar. Öýe geldik, gözüň ýaman görmesiň Solobike gelnejemizden başga, bu ikisi-de Türkmençeden şermende- ata dillerinde kelam agyz sözläp bilmeýär. Solobike gelenejemizem Tatar milletindeigini aýtdy. Ol maňa bir suraty görkezip bu kim diýp sorady. Meniň özleri bilen hakyky garyndaşdygymy ýa-da däldigini synajak bolýan ýalydy. Men suratdaky adamy tanadym. Ol, Garagaşly obasyndan Hally dädemiziň dogany *Gökje* dädemiziň oglý *Paşmyratdy*. Myhmanlaryň göwni jaýlaşdy. Olar 1-2 gün bizde galyp, Çelekene gaýdyp gitdiler hem-de bizi myhmançylyga çagyrdylar.

Çelekene gitmek üçin uçar biledini almaga baramda rugsat hatyň barmy diýp soradylar. Men “nämäniň rugsaty” diýdim. Olar gülüp, “bu pahyryň hiç zatdan habary ýok-ow” diýdiler, soňra “Çeleken serhet ýaka- ýapyk zona, ol ýere gitmek üçin polisden ýörite hatyň bolmaly” diýdiler. Ol haty ne gün bilen aldym, şonda maňa “Çelekene baryp düşen badyňa ýerli polise möher basdyrmalysyň” diýdiler.

Täze ýylyň öň ýany, howa diýseň sowukdy. Kiçiräk AN kysymly uçar bilen Aşgabatdan howalandyk. Nebitdagda gondy we biz Bakua barýan başaga bir uçar bilen Çelekene ugradyk. Şol döwür uçaryň biledi autobusdanam arzandy. Sagat iki töwereklerinde Çelekeniň airoportyndan taxi bilen şähere ýola

düşdük. Ejegül ikimiziñ ilkinji işi şäher polisine baryp, kagaza möhür basdyrmak, kimlerde we näçe wagt galjagymyz hakyndaky soraga jogap bermek boldy.

Aýlanyp-dolanyp, Hally dädemiñ öýüni tapdyk. Olar şäheriñ 25-nji kwartalynyñ 28-nji öýüniñ 1-nji jaýynda, deñziñ gyrasynda bir gatly tagta jaýda ýaşaýardy. Gapyñ agzynda Paşmuradow Hally diýen ýazylgy bardy. Solobike gelnejemiz bizi mäherli garşy aldy, bir az salymdan Saparmyrat Arazgül ýene-de 3 sany nätanyş adam geldi. Olary tanatdylar: "ynha bu uly gyzym *Täşjan*-postda işleýär, bu oglum *Ygor* öñki adamymdan, bu-da gudamyz- adyny unudupdyryn- Arazgülüñ gaýyn atasy- oglý balykçy, Taşjan ärinden aýryşdy, ol köp arak içerdi. Täşjan arassa türkmençe gepleýärdi. Arazgülüñ 10-12 ýaşlarynda uzyn saçlyja owadanja gyzy bardy.

Biziñ hormatymyza agşam ähli garyndaşlary ýygnap, Solobike gelnejemiz ýörite nahar taýýarlady. Soñra ol Hally dädemiñ ykbaly hakynda giýje ýaryna çenli gürrüñ berdi. Onuñ serhetden geçende tussag edilip 10 ýyllap Sibre sürgün edilşi, agyr şertlerde işledilip, sowuk jaýda ýatyp, ýürek romatizmine duçar bolup keselläp Nebitdaga öwürlip gelendigini soñra bir türkmen aýala öýlenendigini ondan bir oglunyñ bolandygyny ondan aýrylşandan soñra oglunyñ Orsýete göçüp gidendigini, ondan harbarlarynyñ ýokdygyny aýdyp berdi. Men: "howa soñra näm boldy" diýp, dynman ýaşuly zenana sorag baryny ýagdyrýardym.

Soñra Hally dädeñ iş gözläp Çelekene geldi we balykçylyk edarasynda ýerleşdi. Men şol wagt çörekhanada işleýärdim. Hally her gün işden soñra gelip çörek alardy, şonda onuñ bilen tanyş boldum soñam durmuş gurduk, iki gyzymyz bilen bir oglumuz boldy. Hally "Ak aş" toýuny berdi- howa ol bu barada Gökje dädelere hat ýazypdy" diýp men onuñ sözüni böldüm. Şondan 1-2 ýyl soñra Hally aradan çykdy, onuñ ýüregi Sibrde ýolugan romatizme çydamady. Ony Çelekenden biraz uzagrakdäki gonamçylykda jaýladyk- diýp

Solobike gelnejem az salym dymdy-da, “bolýa-da, giýç wagt boldy, ýataýly” diýp, ýerinden turdy.

Ertesi gün dogan oglanym Saparmyrat bir dostunyñ maşyny alyp, gonamçylyga ýola düşdük. Gonamçylyk takmyn 20 minut Çelekenden uzakda ýerleşýärdi. Hally dädemiziñ mazarynyñ başynda onuñ ruhuna doga okap, dolanyp gaýtdyk.

Çelekene ýakyn obada, Hally dädemiziñ gudasy ýaşaýardy. Ol bizi myhmançylyga çagyrdy. Doganymyz Arazgül bu öýüñ gelnidi, olar diýseñ bize hyzmat etdiler, ellerinden gelen sylag-hezzeti etdiler. Bir giýje alyp galdylar, oba adamlardan birnäçesi gelip, çaý başynda Türkmensähradaky garyndaşlaryny, ol ýerdäki hal-ýagdaýdan soraýardylar. Menem bildigimden aýdyp bererdim. Ertesi gün bir merhumuñ ýyl dönümine sadaka berdiler. Edil Türkmensähra ýaly, adamlar üýşüp doga-towfir etdiler.

Agşam nahary Arazgülleriñ Çelekendäki öýlerinde iýenimizden soñra Solobikeler öwürlip geldik. Howa sowuk hem ýeleñlidi, Ejegülüñ bokurdagyndaky agyrsy artdy, “löwze لوزه ”leri çiýşdi.

Çelekende üç galyp, Aşgabada dolanyp geldik.

Ozalam aýdyp geçişim ýaly oglanlaryñ aglabasy Günbatara-Almana we Swedene göçüp gaýdypdyrlar ýa-da gaýtmaga taýýarlyk görýärdiler. Şolardan birsi-de *Gafur T.*di. Gafur *Mir 2*-de üç otagly jaýda ýaşaýardy. Ol öýüni bize tabşyryp, goşlaryny düwüp nirdesiñ Berlin diýp ýola düşdi. Sowiet Soýuzynyñ soñky lideri M.Garbaçowdan ozal bosgunlaryñ daşary ýurtlara göçüp gaýtmaklaryna rugsat berilmändir. Ýöne 1988-nji ýyllarda bosgunlaryñ birnäçesi Moskwada Gyzyl meýdanda protest hereketini geçirip, daşary ýurtlara göçüp gaýtmak hukugyny gazanypdyrlar. Şondan soñ göçhä-göçüñ 2-nji tapgyry başlanypdyr.

Ylymlar Akedemiýanyñ Taryh inistitutynyñ Gündogary öwreniş bölüminde işläp ýörün. Ylymlaryñ kandidaty bolmak üçin bir temanyñ üstünde işlemelidi.

Hummat Ataýew: “sen Eýranda ruhanylaryñ roly hakynda işleseñ Türkmen halkyna peýdaly bolar, biz bu hakda az bilýäris” diýdi. Men kabul etdim. Kärdeşim Muhammetaman degişip: “habardar bol, Selman Roşdynyñ ýagdaýyna düşäýme” diýp, söz kakdyrdy.

İlkinji gezek täze ýyly Aşgabatda garşy alyp, 1990-nji ýyla gadam basdyk. Uniwersitde okaýan gyzlar hem oglanlardan birnäçesi bilen tanyşypdym, olar mümkin bolsa täze ýyly sizde garşy alsak diýdiler. Menem: “ bolar, geliñ” diýdim.

Şowhunly agşam boldy. Ylkinji gezek Türkmen ýaşlarynyñ bir ýere üýşüp, gyz, erkek diýmeden arkaýyn gatnaşýandyklaryny görüp begendim. Gyzlardan birisi Nebitdagly ýene birsi bolsa-Häjigül- biziñ serhetden aşyp gelen ilkinji obamyz-Ajyapdandy. Ol meniñ asla ýadymdan çykmajak öz başyna gelen bir ýagdaýy gürrüñ berdi:

“Gyş ýa-da tomus dynçalyş başlananda obamyza giderdim. Ajy ýap, ýapyk zona hasap edilýärdi. Ol ýerde ýaşaýanlara eýläk-beýläk gatnamak üçin ýörite rugsat hat berilýärdi. Ol mende-de bardy. Bir gezek onuñ möhletine seretmezden Aşgabatdan obamyza ýola düşdüm. Obañ golaýynda rus garawullary meni saklap, seniñ bu hatyñ rugsaty tamam bolupdyr, seni oba goýberip biljek däl diýdiler. Howa garañkyrap barýardy, özem gyş günidi. Hernäçe ýalbarsamam peýdasy bolmady, gyz oglan halyma nätjegimi bilmän durkam, oba barýan birsi geldi, ondan öýmüze ýagdaýymy aýtmagyny haýyş etdim. Haýal edmän dädem geldi we meni öýe alyp gitdi” diýp gürrüñ berdi. Men: “Adamlaryñ öz ýurdunyñ içinde arkaýyn eýläk-beýläk gidip bilmeýänligine diýseñ geñ galdym. Nebitdagly gyz bolsa bizi öýlerine çagyrdy. “howa biraz gowlaşanda, nesip bolsa Nebitdaga bararys” diýdik.

Mart aýynda Gafur, Berlinde bosgunlar lagerindäki ýagdaýa çydap bilmän Aşgabada dolanyp geldi. Şol binanyñ 4-nji gatynda T.S ýaşaýardy, ol uniwersitetde okaýardy, ýöne aýaly we ogly Berline gidip, ol ýerde galmak

üçin “haýym”da- bosgunlaryñ galýan ýerinde garaşýardylar. Täze ýylyñ öñ ýanynda dogan oglanym Halymyñ-da aýaly bilen Owganystandan Daşkende gelip, ol ýerden bolsa Berline geçendigini eşitdipdim. Türkmenleriñ köpüsi Berilnde ýaşaýardy. Birnäçesi otrum alypdylar, bir topary bolsa garaşýardylar.

T.S. ýeke başyna üç otagly jaýda ýaşaýardy. Gafur dolanyp gelenden soñra, bizi öz ýanyna alyp, bile ýaşap biljegimizi aýtdy. Bizem kabul etdik. Bir gün T. maña: “ertir Gorkut Ata hakynda sapagymyz bar, eger isleseñ senem goşul, bilýän zatlaryñdan gürrüñ ber” diýdi. Ol wagtky Maksim Gorki, häzirki Magtymguly adyndaky döwlet uniwersitetiniñ dil-edebiýat fakoltetiniñ ikinji gatyndaky klasa baryp, mugallyma garaşdyk. Ol gün ilkinji gezek hormatly mugallym *Haýdar Muhyewy* gördüm. Soñra Gorkut Ata hakynda Eýranda öwrenen zatlarymy aýdyp berdim.

## Ilkinji gezek Türkmensährale bilen duşuşyk

Mart aýy bolsa gerek, anyk ýadymda däl. Eýran-Şurewi arasynda serhetler biraz ýumşaşyp başlan wagtynda Türkmensähranyñ Ak gala şäherinde doktor bolup işleýän tanşym Nejmetdin Gany Çowgan دکتر نجم الدین غنی چوگان Aşgabada geldi. Ol *Ahmad. T*-niñ myhmany bolup gelipdir. Ahmad bolsa daşarý ýurt diller inistituti-Aprialda okaýardy, ol kursdaşy, Daşoguzly *Aýna* diýen gyz bilen täze durmuş gurupdy. Nejemtdin, Ahmada: “ejeñ wiza işi dogrulandy, basym geler” diýdi.

Şondan ýakyn wagt soñra Ahmadyñ ejesi-*Gurbantäç*, Türkiýe-Gürjüstan üsti bilen Nebit daga geldi. Men, T. we Ýüsüp üç bolup onuñ bilen görüşmek üçin Aşgabatdan Nebitdaga gitdik. Oñat duwşuşyk boldy. Türkmensährany gören ýaly bolduk, üstesine Gürbantäç daýzany we olaryñ maşgalasyny tanamaýan ýokdy, olar Türkmensährada meşhur adamlardy. Şol saparymda belli satirik

ýazyjy *Pyhy Tagan* bilen tanyşdym. Ol nahardan soñra towfiri türkmençe aýdyp, hezil berdi.

***Serbrikowa bilen 2-nji duşuşyk***

Çelekenden Aşgabada öwürlip gelenimizden soñra käbir dostlaryñ maslahaty bilen Berline gidip gelmegi, hem ziýarat hem tejarat diýlşi ýaly- taýýarlyk işine girişdim. Başda Gündogar germanýa-Berline wiza almalydy. Ony almak üçin OWYR,e- شهربانی bardym. Görsem ol ýerde Çärjew,de bizi hasaba alan rus aýaly Serbrikowa harby eşiginde bir jaýda otyr, meni görer, görmez galmagal edip başlady, ýanymdaky Abdyrahman,a bu näme diýýär disem: “siz Çärjewde hasaba alyndyñyz, rugsatsyz Aşgabada geldiñiz, derhal yzyñyza öwrüliñ” diýýär-diýdi. Men: “nätseñizem Çärjewe gitjek däl” diýdim. Soñra meni başga bir- garaýagyz türkmen milisýesi-ploisi başga jaýa alyp gidip, nirden gelenmizi, näme iş edýänligimi sorap kagaza ýazyp alyp, etir gelmegimi isledi.

Ertesi baramda şol milisýa özüniñ Nebitdagdandygyny aýdyp, Aşgabatda galmak üçin maña kömek etjekdigini bildirdi. Sag bolsun. “Sen 20 manat jerime tölemeli bolduñ, ýöne bosgun bolanyñ üçin şony-da bagyşlaýarys” diýp, bu problemamyzy çözdi. Soñra meñ bilen Ejegüle Gündogar Berline iki kişilik wizany berdi. Ol döwürde Sowiet Saýuzundan daşary ýurta gidilende, pasportlar alnyp galynýardy, ýerine 3 sahypadan ybarat, surat ýelmenen kagyz berilýärdi. Biz şol kagyz bilen Aşgabadyñ merkezi bankyndan 300 manat pul alyp bilýärdik. Şeýdip Berline sapara taýýarlandyk.

Çärjewden Aşgabada gelemden soñra, Ý.K-iñ ýolbaşçylyk edýän “Kanuny gaýtadan dikeldiş topary” bilen hyzmatdaşlyk edip başladym we “Ylgüýji-Aşgabat bölümini” neşir edip başladyk- ondan jemi 3 sany neşir edildi. Şol wagtlar Swed we Almanda-da Kanunyñ adyna siýasy hereketler göze görünýärdi. “ترکمنستان ایران” neşriýesi-de yzygiderli çap bolýardy. Bu topar

ýagny “kanuny gaýtadan dikeldiş” bilen “Türkmenistanliler” bir-birine ýagydylar. Kanunçylar, namartçylyk edenlikde ýagny Türkmenistanda kabul edilen beýan-namany, ýaýratmak üçin *H*-den Almana iberlende, onuñ başgalary bilen birleşip, Kanunyñ adyna däl-de “Türkmenistan-e Yran” edip çykaranlykda aýplasalar, “Türkmenistanlylar” Kanunçylary henizem Fedaýylaryñ guýrugy bolup ýörendiklerini öñe sürýärdi. Bir gezek 25-nji Martda “Knunçylaryñ” Aşgabatdaky mitingine beýleki topar hüjüm dagy edipdir.

Berline ýola düşmezden birki gün öñ apandisim azar berip başlady, bakdyraýyn diýp hospitala baramda, meseläniñ örän çynlakaýdygyny, haýal edmän operatsiýa etmelidigini aýtdylar. Göz açyp ýumunçam operatsiýa edip, kesel-hanada ýatyrdylar. Özüme gelemde başujumda Nur däde-Nurmuhammet Aşyrpur- oña Türkmenistanda *Aşyrpur Meredow* diýýär. Hospitalda bir hepde galdym, Nur dädäniñ aýaly *Tamara* daýza her gün çorba bişirip getirýärdi- sag bolsunlar. Bizi öz oglanlary ýaly söýýärdiler. Bir gün ýatan krawatymyñ düşeklerine seredemde onuñ hapalygyny görüp, üýtgedilmegini isledim, gulak asan bolmady, gygyryp-bagyryp başladym, hospitalyñ müdüriniñ gelmegini isledim, müdür gelip, ýagdaýy görüp, derhal meni bir adamlyk jaýa geçirip, ýagdaýdan ötünç sorady.

Bir gün hospitalyñ koridorynde gezmeläp ýörşime görsem aýllar bölüminden Ejegülde hastahana eşigi bilen maña tarap gelýär. Görüp galsam olam bokurdagyndan rahatsyz bolup keselhana düşüp, anginasyny operatsiýa etdiripdir.

Bir hepdeden soñra keselhanadan çykyp öýe geldik. Ýene birnäçe gün dynç alyp, Gafur bilen bilelikde Berline gitmek üçin Aşgabatdan Moskwa uçduk.

Moskawanyñ *Domedowa* airoportyndan merkezi wokzala(demir ýol stansiýa) baryp, *Minsk*iñ üstünden Berline gidýäñ odla bilet aldyk. Odly öýleden soñra ýola düşdi. Bize her bir görýän zadymyz täzelikdi. Ýol diýseñ

uzakdy. Ertesi gün *Belarusuñ* paýtagty Minske baryp ýetdik. Bir bada gümrükçiler gelip goşlarymyzy barlady, azar bermezden çykyp gitdiler. Birazdan soñra wagonlaryñ tigirlerini çalyşdylar- sebäbi 2-nji jahan urşunda Almanlar Şurewiniñ demir ýollaryndan peýdalanmaz ýaly demir ýollaryñ arasyny giýñeldipdiler. Şeýdip, serhet ýaka şäheri *Brest*den Polşanyñ topraklaryna girdik. Ýene bir gün ýol ýöräp, Gündogar Almanyñ Frankfort şäherine ýetdik. Agşamara bolsa Berline bardyk. Gündogar berlinden Günbataryna geçmek üçin bir metro stansiýada ötelge bardy, ondan geçip, azat dünýä diýlýän Berline bardyk. Zatlarymyzyñ bir bölegini metronyñ amanat zatlar goýulýan sandygyna tabşyryp, *Begmirat G*.lere tarap ýola düşdük. Türkmensähraly Begmyrat biriki ýyl öñ Daşoguzdan, Berline gelip, otrum alyp bu şäherde ýaşaýardy. Onuñ bilen gaýbana tanyşdym. Ol bizi gyzgyn garşy aldy. Onuñ iki ogly bilen bir gyzy bardy. Şol günler Aşgabatdan *T*, *Muhammed.D*, Ýüsüp şeýle-de Swedenden *Dr.M* we *Jepbar*-da Berlindedi. Olar öñden yglan edilen bir siýasy maslahat gatnaşmak üçin gelenmyşler.

## Berlin maslahaty

“Kanuny gaýtadan dikeltmek” topary öz tarapdalaryny Maslahata çagyrdy. Edil şol bir wagtda, “Türkmenistan-e Yran” toparyndan başga “Fedaylara” ynanýan “*YL GÜÝJY*”-de öz topary bilen Berlinde maslahat geçirjekdigini yglan etdi. Men “Kanuny...” toparynyñ maslahatyna gatnaşdym. 3 günläp dowam eden maslahatda umuman Türkmensähraly Türkmenleriñ siýasy ýagdaýy we biziñ daşary ýurtlarda edip biljek işlerimiz hakynda maslahat edildi. Soñunda komitetiñ agzalary saýlandy, şonda men-de Kanunuñ ýolbaşçylar toparynyñ bir bolup seçildim. 2 hepde Berlinde galyp, Aşgabada dolanyp geldik.

*Magtymguly günleri*

Maýýñ 19-yna milli şahyrymyz Magtymgulynyñ şygryet günleri bütin Türkmenistanda şowhunly dabara bilen bellenýärdi. Aşgabadyñ köçlerinde ak öýler gurlupdy. Telewidniýadan şahyrymyz hakynda dürli reportajlar berýärdi. Onda golaýda prezident *Saparmyrat Nyazow* we 30 adamdan ybarat ýokary derejeli Türkmenistanly resmileriñ şahyryñ mazary ýerleşen *Ak-dokaýa* zyaraty hakynda maglumat berilýärdi. Şonda men bir zat meniñ gaharymy getirdi, telewidniýede ikide bir “ýat ýerde ýatan Magtymguly” diýp, göýä Ak-dokaý Türkmen topragy däl ýaly edip görkezilýärdi. Men TW habarçysyna: “beýle diýmeseñiz-de, Ak-dokaýda Türkmen topragy ahyryn” diýemde, ol: “eger bu hakda aýtjak zadyñ bolsa plan güni taýýarlanjak gepleşige çagyrýarys, studio gel” diýdi. Bellenen güni bardym we ilkinji gezek Türkmen TW-sinde çykyş edip Magtymguly hakynda bilýän zatlarymy aýdyp berdim. Şol wagtlar Türkmensährada Aşgabat
Telewizýon gepleşiklerini görüp bolýardy.
Magtymgulynyñ günleri üçin geçirilýän dabarnyñ ýany bilen “*Dünýä Türkmenleriniñ Gumanitar /ynsanperwer Bileleşiginiñ*” maslahaty-da geçirilýärdi. Oña Türkmensähradan *Anna Garrawy*, Britanýada ýaşaýan *Dr. Ýusef Azmun*, Owgan Türkmenleriniñ adyndan *Akmurat Nurek/baý* bilen *Abdulkerim Magsum* we dünýäniñ beýleki döwletlerinde ýaşaýan Türkmenlerden wekil bolup gatnaşdy. D.T.G.B şol ilkinji maslahatynda Nyazow başlyk, akademik Agajan Babaýew, Ý.Azmun dagy orunbasary edilip bellendi.

Şonda ilkinji gezek dilçi alym Dr. Azmun bilen tanyş boldum. Onuñ bilen bir saçagyñ başynda naharlaşmak miýesser etdi.

*Aşgabatdaký ýaşuly bosgunlar bilen tanyşlyk*

Ylymlar Akedemiýasynda işläp ýören wagtymda *Safar Hatyby* bilen tanyş boldum. Bir gün Ýüsüp.K: “ýör, seni ajaýyp bir adam bilen tanyşdyraýyn” diýdi.

Aşgabadyñ merkezine ýakyn bir mähellede iki gatly jaýyñ gapysyny kakdyk, jaýyñ içinden ýetmiş ýaş töwereginde, gözi gara äýnekli birsi çykdy. Ýüsüp: “salawmaleýkim Safar däde” diýdi. Salam-äleýkden soñ öýe girdik. Ondan başdan geçiren wakalaryny gürrüñ bermegi haýyş etdik. Yş ýerimden ses ýazýan-magnitafon getiripdim. Ol özüniñ *Omçaly* obasyndandygyny we çaga wagtynda Osman ahun we beýleki aksakgallaryñ maslahaty geçen gurultaýy görendigini ýatlaýandygyny aýtdy. Harby fakulteti tamamlap polkownik/serheng bolan bu ajaýyp adamyñ ýatlamalarýný kitabyñ goşmaça bölüminde getirdik.

S.Hatyby we Nury Aşyrpurdan başga Aşgabatda 1947-njy ýyllarda Türkmensährадan sygnan *Rejep Rahmany*, *Sary Göklany*-da ýaşaýar diýp eşitdim, ýöne olar bilen duşuşmak meýesser etmedi. Olaryñ ikisi-de edebiýatçy bolup, hyzmat edipdirler. Rahmanow Rejep ady bilen tanalan Rahmany ençeme pars eserini şol sandan Sagdynyñ we Hafeziñ goşgularyny türkmençä terjyme edipdir. Sary däde bolsa Ylymlar Akedemiýada işläpdir.

***Käbir oñaýsyz pursatlar***

Türkmenistana sygnanlaryñ arasynda parslaryñ bardygyny-da aýdyp geçipdik. Käbir ganý gyzgyn türkmen bosgunlar olara: “siziñ, Eýranda bize agalyk edeniñiz besdir, bu ýerde size beýle etmäge rugsat bermeris” diýp, parslar bilen süsüşýärdi. Parslaram Partiýalarynyñ Merkezi Komitetlerindäki başlyklara arka diýräp, öz geplerini gögertmäge synanşýardylar. Hatta türkmenleriñ arasynda-da: “sen ol topardan, men bu siýasy herekete ynanýaryn” diýp, jedeller höküm sürýärdi.

1990-njy ýylyñ baharynda düze-piknike- سیزده بدر çykylan mahaly türkmenler bilen parslaryñ arasynda ýakalaşyp, urşulandygyny eşidip galdym.

1989-nji ýylyň 11-nji fewralynda Kanun Ferheny we Siýasy guramanyň we Şehitler güni mynasybetli Aşgabadyň Gyzyl Haç guramanyň edarasynyň zalynda geçirilen dabara iki dürli siýasy topra ynanlaryň arasynda dawa-jenjel turup, geçip duran ýygnagyň bulaşdyrlandygyny-da aýdyp geçeýin.

## Türkmenistandan depertatsiýa/çykarylşym

1990-njy ýylyň maý aýynda milli şahyrymyz Magtymgulynyň günleri mynasybetli Türkmenistan TW-siniň *"Ýedigen"* diýen edebi-medeni gepleşigine myhman hökmünde çagyrlyp, Şahyryň Türkmensährada öwrenilşi hakynda gürrüň berilmegi islendi. Gepleşik oňat geçdi, ony dogan-garyndaşlarym-da görüpdirler. Soňra aýallar programmasynda çagyryldym, onda Türkmensähraly gelin-gyzlaryň dakynýan şaý-sepleri barasynda-düşüren suratlarymy görkezmek bilen oňatja gürrüň berdim. Şol gepleşikleriň ýaýylmagyndan 1-2 hepde geçip, geçmänkä bir gün birsi iş ýerime-Akademiýa telefon edip, aýalym bilen daşary işler ministerlige gelmegimi isledi. Men: "aýalym Gyzyl-arbada gitdi" diýdim. Onda: "aýalyň öwürlende hökman bile gel" diýp buýurdy.
Unutmadyk bolsam awgust aýydy. Hepdäniň 1-nji güni Ejegül bilen 1-nji parkyň garşysyndaky Türkmenistanyň Daşary Yşler Ministerligine (DYM) bardyk. Şonda Eýranyň daşary işler ministerliginiň SSSR-iň DYM-rligine ýazylan haty görkezip: "seniň dädeň seniň yza berilmegi isläp, Eýran hökümetine ýüz tutandygyny" aýtdylar. Men: "bu mümkin däl, öwrülip barsan dädem başyma nämeleriň geljegini ýagşy bilýär, ýa bu isleg düýbünden ýalan, ýa-da dädemi beýle hat ýazmaga mejbur edilen bolmagynyň ahmaldygyny" aýtdym.

Bu gepleşiklerden soñra *Aman Berdinyazow* diýen türkmen bizi başga bir jaýa alyp gitdi. Ol ýerde bir rus öz dilinde bir zatlar aýdyp, sesine bolsa barha bat berýärdi. Biz onuñ bir zada gaharlanyp bize ýüzlenýändigini añýardyk. Soñra *Aman* türkmençeläp, onuñ sözüni terjime edip: “näme üçin TW-de çykyş etdiñ, sen bu ýere bosgun bolup geldiñmi, ýogsa propaganda etmäge geldiñmi, näme üçin dostumyz Eýran bilen SSSR-iñ arasynda çöp atjak bolýarsyñ” diýdi. Men: “ 1-njiden-ä men diñe türkmen medeniýeti hakynda çykyş etdim, 2-njiden Türkmensährada dilimi kesdiler, galamymy döwdüler, indi öz watanymda gepläp, ýazyp bilmesem, onda nirä gideýin” diýdim.

Men sözümiñ terjimesini eşiden ýañky KGB-çi rus: “ men bilemok, seniñ üç ýoluñ bar, ýa bu ýerde ýok ýaly bolup ýaşa, ýa daşary ýurda çykyp git, ýa-da seni yzyña-Eýrana bereris” diýdi. Bulary eşiden Ejegül ýerinden ör turup: “ biz bu ýere watanymyz diýp sygyndyk, siz iki adamy-da saklap bileñizokmy?” diýende, Aman, orsden beter: “näme diýp äriñ telewizorda çykyş edýär” diýp gyzmaşlady.

Bu duşuşykdan soñra biz DYM-ligiñ binasyndan çykyp gaýtdyk. Edil şol wagtlar Almanda otrum işi uzaga çeken *Rogiýa* Aşgabada dolanyp geldi. Men-de Almana gitmäge wiza alypdym. Rogiýa: “Swed-de añsatlyk bilen otrum berýärler diýp eşitdim, geliñ Swede gideýliñ” diýdi. Biz makul görüp, Alman wizasyny Swed wizasyna öwrüp, nirdedirsiñ Swed diýp iki maşgala bolup, ýola düşdük.

## Swede gidişimiz we ýolumyzdaky kynçylyklar

1990-njy ýylyñ 19-njy Sentýabry ertir sagat 9-larda Aşgabatdyñ uçarlar meýdanyndan howalandyk, 2.5 sagat uçup Moskwanyñ Domedowa airoportynda gonanmyzda howa ýagyşly hem birazrak sowukdy. Awgustyñ ahyrky hepdesi bolsun gerek. Gyzyl haç edarasyna baryp, ýerleşjek otelimizi kesgitledik. Ol WEDENHA diýen golaýynda "Zarýa" diýen oteldi. Ertesi gün Dubai-dan gelýän we Stokholma gidýän rus uçaryndan bilet aldyk. Swetdäki tanyşymyz H.M-de telefon edip ondan: "Swede wizañyz taýyn, Stokholm airoportynda durýar" diýen mazmunynda bir haty ýaşaýan otelimize fax etmegini haýyş etdik, Tañyr ýalkasyn, ol derhal hatý ýollady. 3-4 gün soñra uçmalydyk. 25-nji sentýabrda Moskwanyñ halkara airoporty Şeremedowa bardyk. Ylki ýüklerimiz geçdi, özümize gezek galanda kes kellämi "sizi geçirip biljek däl, wizañyz ýok" diýp pasport kontrolundaky polis azar baryny berdi. Biz: "ynha wizamyz taýyn" diýsegem gulak gabartmaýardy. Uçaryñ uçmagyna az wagt galanda bize rugsat berdi. Çakym çak bolsa ol bizden puljagaz tama eden bolmaly, bizem rusçany oñat bilmänsoñ onun gytak dilinden añlamandyrys. Gepiñ gysgasy Swede ýola düşdük. Çeken bar kynçylyklary ýazsam belki-de okujynyñ başy agyrar. Garaz sagat 16-larda Stokholmyñ Arlanda howa meýdanyna baryp ýetdik. Pasportlylar, wizalylar arkaýyn geçip gitdiler biz bolsa ýetimler ýaly müzzerip polisiñ gelmegine garaşdyk. Ahyry bir polis geldi. Biz diñe: "No wiza, we are asýl- wizamyz ýok, biz bosgun" diýdik. Ol bizi başga bir koridora alyp gitdi. Ol ýerde 1-2 sagat oturdyk. "Bize türkmençe terjimeçi gerek" diýdik. "häzir türkmen ýok, pars bolmaz" diýdiler. Biz çäresiz razylaşdyk. Deslapky sorag-jogapdan soñra bizi bir minibusa mündirip, airoportyñ golaýyndaky *Karslund* bosgunlar kampina alyp gitdiler.

***Uzak garaşyk***

Karslunda-da dürli milletden bosgunlar otrum almaga garşýardy. Bizi ilki ýagşy medisin barlagyndan geçirdiler. Resturandan naharlandyrdylar, her hepdäniñ ahyrynda harçlyk pul-da berýärdiler. Biziñ esasy polis interwiewmyz 16-njy oktobrda boldy. Şondan soñra ýadymdan çykmadyk bolsa dekaberyñ ortalarynda biz 3 türkmen maşgalany Stokholmyñ *Alfa* diýen ýerleşdiler we Swediñ demirgazygyndaky Sundswal regionyñ kiçijik obasyna gitmeli etdiler. Ahmad Stokholmada galjagyny aýdyp, ýola düşmeli gün otele gelmedi. Biz 2 maşgala bolup agşamky otly bilen *Sundswal*a tarap ýola düşdük. Dañ atanda tabşyrlan stansiýada otludan indik. Görsek bir minibus bize garaşyp duran eken. Ýola düşdük. Sagat 10 töwereklerinde *Solberg* diýen oba baryp ýetdik. Hasaba alynma işlerimiz tamam bolandan soñra iki gatly köneräk bir jaýda ýerleşdirdiler. Üstündäki gatda biz, aşakdaky gatda bolsa Rogiýalar ýerleşdiler. Birnäçe gün sora mekdebe-swed dilini öwredýän kursa başladyk. Her aýyñ soñunda imek-içmek üçin pul berýärdiler, her hepde soñunda bolsa awtobus bilen golaýdaky şähere gidip alyş-beriş ederdik. Awtobus mugtuna alyp giderdi. Şeýle bir gar ýagardy welin kä günler öýden çykyp bolmazdy, daşky gapyny açyp bolamzdy, howa sowuk bolsa-da jaýymyz ýylydy. Garaz 90-njy ýylyñ soñuna çenli şol obada galdyk.

1991-nji ýylyñ fewralynda bolsa gerek ýurduñ ortaragynda bizi bu uzak ýerden paýtagta golaýrak ýere ýerleşdirmeklerini haýyş edenimizde, *Falun* diýen şäheriñ golaýyndaky bosgunlar lagerinde ýerleşdirdiler.

Her gün Falun komunyñ kitaphanasyna giderdim. Bir gezek Türkmensähranyñ siýasy durmuşyna degişli sergini ýola goýdum we ýagdaý barasynda çykyş etdim. Oña şäheriñ siýasy partiýasyndan ylym adamlaryndan gatnaşdylar. *Azatlyk radiosynyñ* we Eýrandyr daşary ýurtlarda neşir bolýan gazet-jurnallaryñ habarlaryndan peýdalanyp, el ýazgy bilen *“Türkmenistan-habarlar*

*buletini"* brüşüri neşir etdim. Soñra taýpe maşyn satyn aldym. Habarlar buleteni bir ýyl dowam etdi. Soñra "Türkmen ilim" žurnalyny çap edip başladym. Bir darajyk otagyñ içinde, bir ýatagymyz bir-de oturgyç bilen stol bardy. Ýeri gelende ýatlap geçeýiñ Swede ilkinji bolup gelen türkmenlerden *Atageldi Garrawynya* we *Şahrokh Kamýaby* agzap geçemegi zerur gördüm. Ata soñra biziñ terjimeçimiz-de boldy.

Umuman 1987-nji ýyldan soñra Swede köp sanly Türkmen gelýär. Olar 89-njy, 90-njy ýyllarda *"Türkmenleriñ Medeni Jemgiýeti"* diýen toparlary döredip, medeni ugurlarda alada edip başlaýarlar, baýramçylyklary ýola goýýarlar.

Howa, şeýdip günler, aýlar geçdi. 1992-nji ýylyñ 10-nynjy oktýabrynda Swediñ Falun şäheriniñ "Sätter" diýen şäherçesinde bize oturum berdiler we 1996-njy ýylda bolsa bu döwletiñ watadandaşlygyna kabul edildik.

Men durmuşymyñ başdan geçiren her bir pursatyny bu işde getirmegi makul görmedim. 1990-1996-njy ýyllar arasynda Türkmen bosgunlaryñ arasynda her ýylda diýen ýaly täze-täze toparlanşyk, bozlup aýrylyşmalar emele gelip, täze žurnallar neşir bolup, beýlekisi ýapylýardy. Bular baradaky maglumat ýeterlik derejede neşir edildi, isländer daşary ýurtlarda türkmenler tarapyndan çap bolan neşirlere bakyp bilerler.